# BANK IŞI BOÝUNÇA MESELELERIŇ ÝYGYNDYSY

**G. Babaýew, A.Möwlamowa, Ş.Bäşimow**

# BANK IŞI BOÝUNÇA MESELELERIŇ ÝYGYNDYSY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2017

**UOK ___**

**Babaýew G. we başg.**
**Bank işi boýunça meseleleriň ýygyndysy.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

“Bank işi boýunça meseleleriň ýygyndysy” atly okuw gollanmasy bilim taýýarlygynyň ykdysady ugruna degişli bolup, ol 26 temadan ybarat. Bu okuw gollanmasynda “Bank işi” dersiniň esasy temalary boýunça dürli meseleler getirilýär. Olaryň çözülmegi Türkmenistanda bank işiniň guralyşynyň nazary we amaly esaslaryny has çuňňur özleşdirmäge, täjirçilik banklarynyň aktiw we passiw amallary, şeýle hem girdejileri, çykdajylary we peýdasy, balansynyň likwidliligi, karz töwekgelçiligi bilen baglanyşykly zerur bilimleri almaga ýardam eder.

Şu okuw gollanmasy ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň ykdysady hünärlerinde okaýan talyplary, şeýle hem mugallymlary, bank işi bilen gyzyklanýan giň okyjylar köpçüligi üçin niýetlenilýär.

Gollanmanyň girişi, 1–6-njy, 14-22-nji, 26-njy temalary y.y.k. G.Babaýew; 7–13-nji temalary A.Möwlamowa, 23-25-nji temalary Ş.Bäşimow tarapyndan ýazyldy.

TDK ... 2017 KBK

© Babaýew G. we başg., 2017



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

**Janym gurban saňa, erkana ýurdum,**
**Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.**
**Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,**
**Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.**

**Gaýtalama:**
**Halkyň guran Baky beýik binasy,**
**Berkarar döwletim, jigerim – janym.**
**Başlaryň täji sen, diller senasy,**
**Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!**

**Gardaşdyr tireler, amandyr iller,**
**Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.**
**Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,**
**Nesiller döş gerip gorar şanymyz.**

**Gaýtalama:**
**Halkyň guran Baky beýik binasy,**
**Berkarar döwletim, jigerim – janym.**
**Başlaryň täji sen, diller senasy,**
**Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!**

# GIRIŞ

Ýurdumyzyň bank ulgamyny ösdürmek we döwrebaplaşdyrmak hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjülikli we oýlanyşykly amala aşyrýan ykdysady syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir.

“Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda”, “Karz edaralary we bank işi hakynda”, “Mikromaliýe guramalary we mikromaliýeleşdirmek hakynda”, “Karz birleşmeleri hakynda”, “Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanunlarynyň kabul edilmegi, şeýle hem “Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011 – 2030-njy ýyllyr üçin Döwlet maksatnamasynyň” tassyklanylyp, herekete girizilmegi ýurdumyzyň bank ulgamynyň strategik ösüşini üpjün etmekde möhüm başlangyçlar bolup hyzmat edýär.

*Häzirki zaman bank ulgamy* – bu milli ykdysadyýetiň wajyp pudaklarynyň bolup durýar. Bäsleşige esaslanýan bazar ykdysadyýetiniň kemala gelmegini hojalyk subýektlerine dürli we ýokary hilli bank hyzmatlaryny hödürlemezden göz öňünde getirmek mümkin däl. Ýurduň ykdysadyýetiniň uzak möhletli durnukly ösüşi, onuň halkara giňişliginde eýeleýän orny, raýatlaryň durmuş üpjünçiligi belli bir derejede bank ulgamynyň ýagdaýyna baglydyr. Bank edaralarynyň ygtybarlylygy döwletiň ykdysady howpsuzlygynyň we garaşsyzlygynyň esaslarynyň biri hökmünde çykyş edýär.

Ykdysadyýetde bank edaralary pul dolanyşygy kadalaşdyrmak, karzlaşdyrma, depozit, walýuta, gymmatly kagyzlary satmak-satyn almak, hasaplaşyk, faktoring, lizing, forfeýting, trast ýaly dürli amallary we hyzmatlary ýerine ýetirýärler. Şeýle hem banklar döwlet maksatnamalarynda göz öňünde tutulan durmuş-ykdysady ähmiýetli işleri maliýeleşdirmeklige işjeň gatnaşýarlar.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň bank ulgamynda dolandyryş we gözegçilik ulgamyny kämilleşdirmek, bank edaralarynyň gerimini giňeltmek, banklaryň serişdeler binýadyny berkitmek, hasaplaşyklar we töleg ulgamyny ösdürmek, bank işine innowasion maglumat tehnologiýalaryny ornaşdyrmak, bank hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak boýunça düýpli işler alnyp barylýar.

Bank işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak öz gezeginde ylymly-bilimli hünärmenleri taýýarlamak meselesine aýratyn ähmiýetiň berilmegini talap edýär. Netijeli çözgütleri kabul etmeklige ukyply, ökde, ussat hünärmenleri ýetişdirmekligiň ilkinji şertleriniň biri hem zerur bolan okuw kitaplaryny we okuw gollanmalaryny taýýarlamakdan ybaratdyr.

“Bank işi boýunça meseleleriň ýygyndysy” atly okuw gollanmasynda getirilýän amaly ähmiýetli meseleler talyplaryň “Bank işi” dersinden alan nazary bilimlerini berkitmeklige ýakyndan ýardam eder.

# 1-NJI TEMA. TÄJIRÇILIK BANKYNYŇ SERIŞDELERINIŇ DÜZÜMI

Täjirçilik bankynyň serişdeleriniň düzümini üç topara bölmek bolar: hususy maýa (serişdeler), çekilen serişdeler we gaýry borçlar. Täjirçilik bankynyň hususy maýasy (serişdeleri) gönüden göni bankyň özüne degişlidir we olar onuň durnuklylygyny we likwidliligini üpjün etmek üçin zerurdyr. Çekilen serişdeler bankyň özüne degişli däldir we olar eýeleriniň (ýuridik we fiziki şahslaryň) talaplary boýunça gaýtarylmaga degişlidir. Çekilen serişdeleriň düzümi talap edilýänçä serişdelerden (müşderileriň hasaplaşyk we gündelik hasaplaryndaky serişdeler, beýleki banklaryň aragatnaşyk hasaplaryndaky serişdelerden, müşderileriň talap edilýänçä depozit hasaplaryndaky serişdelerden), möhletli serişdelerden we alnan karzlardan ybaratdyr. Täjirçilik bankynyň gaýry borçlaryna kreditor bergiler degişlidir.

Bu tema boýunça getirilen meseleler täjirçilik bankynyň serişdeleriniň düzümini öwrenmek bilen baglanyşyklydyr.

## 1.1-nji mesele

Täjirçilik bankynyň serişdeleriniň düzümi we bir ýylyň dowamyndaky ösüşi (dinamikasy) onuň aýlyk balansyndan alnan maglumatlar arkaly häsiýetlendirilýär (*1.1-nji tablisa*).

***1.1-nji tablisa***

**Täjirçilik bankynyň serişdeleriniň düzümi**

*(müň manat)*

| Sene | Talap edilýänçä serişdeler | Möhletli serişdeler | Alnan karzlar | Gaýry borçlar | Hususy maýa (serişdeler) |
|---|---|---|---|---|---|
| 01.01. | 57322,0 | 124151,6 | 33855,0 | 1359,3 | 38589,4 |
| 01.02. | 58386,7 | 131529,9 | 27880,6 | 145,6 | 39680,3 |
| 01.03. | 58321,1 | 134466,2 | 28378,5 | 378,7 | 40771,3 |
| 01.04. | 59765,9 | 135670,8 | 26884,9 | 708,8 | 39929,7 |
| 01.05. | 59962,0 | 138305,9 | 21906,2 | 233,0 | 41332,4 |
| 01.06. | 62984,1 | 136348,4 | 16429,7 | 155,3 | 43452,0 |
| 01.07. | 68303,9 | 136875,4 | 21408,3 | 485,5 | 43701,4 |
| 01.08. | 70668,3 | 135821,3 | 18421,1 | 77,7 | 44511,8 |
| 01.09. | 70799,7 | 136499,0 | 11451,0 | 48,5 | 44792,3 |
| 01.10. | 76316,5 | 136950,7 | 11948,8 | 310,7 | 44948,2 |
| 01.11. | 80782,6 | 139134,1 | 23897,7 | 466,0 | 45696,3 |
| 01.12. | 79534,7 | 138230,6 | 52276,2 | 1135,9 | 45104,1 |
| 01.01. | 88598,1 | 144554,9 | 43812,4 | 1776,8 | 46974,3 |

**Talaplar:**
1. Täjirçilik bankynyň serişdeleriniň düzümini häsiýetlendirmeli.
2. Täjirçilik bankynyň serişdeleriniň ösüşini (dinamikasyny) seljermeli.
3. Täjirçilik bankynyň serişdeler binýadyna umumy baha bermeli.

## 1.2-nji mesele

Täjirçilik bankynyň buhgalterçilik hasaba alnyşynyň balans hasaplarynyň galyndylary degişli hasabat seneleri boýunça berlen (*1.2-nji tablisa*).

***1.2-nji tablisa***

### Balans hasaplaryndaky galyndylar

*müň manat*

| Hasap-laryň belgisi | Hasaplaryň ady | 01.04. | | 01.07. | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | Debet | Kredit | Debet | Kredit |
| 10102 | Bankyň amallar kassasyndaky nagt pul serişdeleri | 18 | | 20 | |
| 10103 | Bankyň beýleki kassalaryndaky nagt pul serişdeleri (agşamky kassa, göçme kassa) | 15 | | 10 | |
| 10104 | Başga bankda saklanylýan pul serişdeleri | 30 | | 35 | |
| 10105 | Bankomatlardaky nagt pul serişdeleri | 97 | | 100 | |
| 10106 | Alyş-çalyş nokatlaryndaky nagt pul serişdeleri | 15 | | 17 | |
| 10108 | Ýoldaky nagt pul serişdeleri | 14 | | 9 | |
| | **Jemi** | **189** | | **191** | |
| 11101 | Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky "Nostro" hasaplar | 806531 | | 983428 | |
| 11102 | Beýleki bank edaralaryndaky "Nostro" hasaplar | 363154 | | 384703 | |
| | **Jemi** | **1169685** | | **1368131** | |
| 12101 | Döwletiň gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen) | 1447 | | 281203 | |
| 12102 | Beýleki borçnamalaýyn we paýly gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen) | 161 | | 31245 | |
| | **Jemi** | **1608** | | **312448** | |
| 14201 | Döwlet kärhanalaryna we guramalaryna karzlar | 615828 | | 829447 | |
| 14202 | Döwlete dahylsyz pudagyň kärhanalaryna we guramalaryna karzlar | 1231656 | | 1658894 | |
| 14203 | Daşary ýurt kompaniýalaryna karzlar | 123166 | | 165889 | |
| 14204 | Bilelikdäki kärhanalara karzlar | 246331 | | 331779 | |
| 14206 | Ýekebara telekeçilere karzlar | 554245 | | 746502 | |
| 14208 | Şahsy adamlara karzlar | 307914 | | 414723 | |
| | **Jemi** | **3079140** | | **4147234** | |
| 15101 | Döwletiň gymmatly kagyzlary (satmak | 1753 | | 0 | |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | üçin bar bolan) | | | | |
| 15102 | Gaýry emitentleriň borçnamalaýyn gymmatly kagyzlary (satmak üçin bar bolan) | 701 | | 0 | |
| 15103 | Paýly gymmatly kagyzlar (satmak üçin bar bolan) | 1052 | | 0 | |
| | **Jemi** | **3506** | | **0** | |
| 15301 | Döwletiň gymmatly kagyzlary (üzlüşilýänçä saklanylýan) | 215345 | | 0 | |
| 15302 | Gaýry emitentleriň borçnamalaýyn gymmatly kagyzlary (üzlüşilýänçä saklanylýan) | 68004 | | 0 | |
| | **Jemi** | **283349** | | **0** | |
| 17102 | Jaýlar we binalar | 110740 | | 163235 | |
| 17103 | Maşynlar we enjamlar | 124582 | | 183640 | |
| 17104 | Ulag serişdeleri | 5537 | | 8162 | |
| 17105 | Gaýry esasy serişdeler | 27685 | | 40808 | |
| 17106 | Maddy däl aktiwler | 8306 | | 12243 | |
| | **Jemi** | **276850** | | **408088** | |
| 18105 | Döwlet kärhanalaryna we guramalaryna bolan talaplar boýunça alynmaga degişli hasaplanan göterimler | 1019 | | 7032 | |
| 18106 | Döwlete dahylsyz pudagyň kärhanalaryna we guramalaryna bolan talaplar boýunça alynmaga degişli hasaplanan göterimler | 2038 | | 14063 | |
| 18107 | Daşary ýurt kompaniýalaryna bolan talaplar boýunça alynmaga degişli hasaplanan göterimler | 204 | | 1406 | |
| 18108 | Bilelikdäki kärhanalara bolan talaplar boýunça alynmaga degişli hasaplanan göterimler | 408 | | 2813 | |
| 18110 | Ýekebara telekeçilere bolan talaplar boýunça alynmaga degişli hasaplanan göterimler | 917 | | 6328 | |
| 18112 | Şahsy adamlara bolan talaplar boýunça alynmaga degişli hasaplanan göterimler | 509 | | 3516 | |
| | **Jemi** | **5095** | | **35158** | |
| 19201 | Maksady aýdyňlaşdyrylmadyk serişdeleri hasaba almak boýunça hasap | 45 | | 81 | |
| 19202 | Bankyň hojalyk işi boýunça debitorlar | 20375 | | 36378 | |
| 19204 | Gaýra goýlan salgyt talaplar | 68 | | 121 | |
| 19205 | Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar | 113 | | 202 | |
| 19210 | Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar | 1358 | | 2425 | |
| | **Jemi** | **21959** | | **39207** | |
| 19603 | Gaýry haryt maddy ätiýaçlyklar | 680 | | 1213 | |
| | **Jemi** | **680** | | **1213** | |
| | **AKTIWLERIŇ HEMMESI** | **4842061** | | **6311670** | |
| 21102 | Beýleki bank edaralarynyň "Loro" aragatnaşyk hasaplary | | 461804 | | 38240 |
| | **Jemi** | | **461804** | | **38240** |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 23201 | Döwlet kärhanalarynyň we guramalarynyň hasaplary | | 298391 | | 432946 |
| 23202 | Döwlete dahylsyz pudagyň kärhanalarynyň we guramalarynyň hasaplary | | 596782 | | 865891 |
| 23203 | Daşary ýurt kompaniýalaryň hasaplary | | 59678 | | 86589 |
| 23204 | Bilelikdäki kärhanalaryň hasaplary | | 119356 | | 173178 |
| 23206 | Ýekebara telekeçileriň hasaplary | | 268552 | | 389651 |
| 23208 | Şahsy adamlaryň hasaplary | | 149196 | | 216473 |
| | **Jemi** | | **1491955** | | **2164728** |
| 23301 | Döwlet kärhanalarynyň we guramalarynyň möhletli hasaplary | | 447587 | | 649418 |
| 23302 | Döwlete dahylsyz pudagyň kärhanalarynyň we guramalarynyň möhletli hasaplary | | 895173 | | 1298836 |
| 23303 | Daşary ýurt kompaniýalaryň möhletli hasaplary | | 89517 | | 129884 |
| 23304 | Bilelikdäki kärhanalaryň möhletli hasaplary | | 179035 | | 259767 |
| 23306 | Ýekebara telekeçileriň möhletli hasaplary | | 402828 | | 584476 |
| 23308 | Şahsy adamlaryň möhletli hasaplary | | 223793 | | 324710 |
| | **Jemi** | | **2237933** | | **3247091** |
| 24201 | Dolanyşykdaky borçnamalaýyn gymmatly kagyzlar | | 101090 | | 92924 |
| 24203 | Çykarlan gaýry gymmatly kagyzlar | | 17839 | | 16398 |
| | **Jemi** | | **118929** | | **109322** |
| 25105 | Döwlet kärhanalarynyň we guramalarynyň öňündäki borçlar boýunça tölege degişli hasaplanan göterimler | | 4441 | | 4318 |
| 25106 | Döwlete dahylsyz pudagyň kärhanalarynyň we guramalarynyň öňündäki borçlar boýunça tölege degişli hasaplanan göterimler | | 8883 | | 8636 |
| 25107 | Daşary ýurt kompaniýalarynyň öňündäki borçlar boýunça tölege degişli hasaplanan göterimler | | 888 | | 864 |
| 25108 | Bilelikdäki kärhanalaryň öňündäki borçlar boýunça tölege degişli hasaplanan göterimler | | 1776 | | 1727 |
| 25110 | Ýekebara telekeçileriň öňündäki borçlar boýunça tölege degişli hasaplanan göterimler | | 3997 | | 3886 |
| 25112 | Şahsy adamlaryň öňündäki borçlar boýunça tölege degişli hasaplanan göterimler | | 2221 | | 2159 |
| | **Jemi** | | **22206** | | **21590** |
| 28202 | Bankyň hojalyk işi boýunça kreditorlar | | 14962 | | 29675 |
| 28210 | Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar | | 2436 | | 7419 |
| | **Jemi** | | **17398** | | **37094** |
| 14999 | Bolup biljek ýitgiler üçin ätiýaçlyk gory - Maliýe däl gurluşlara bolan talaplar | | 11054 | | 22043 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | boýunça (kontraktiw / aktiwe garşylyklaýyn) | | | | |
| | **Jemi** | | **11054** | | **22043** |
| | **BORÇLARYŇ JEMI** | | **4361279** | | **5640108** |
| 30101 | Esaslyk maýa - goýumlar (paýlar) | | 34991 | | 34991 |
| | **Jemi** | | **34991** | | **34991** |
| 32101 | Esasy ätiýaçlyk gazna | | 147092 | | 211079 |
| 32102 | Gaýry gaznalar | | 50435 | | 73544 |
| | **Jemi** | | **197527** | | **284623** |
| 32201 | Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory | | 176036 | | 176036 |
| | **Jemi** | | **176036** | | **176036** |
| 32301 | Geçen ýyllaryň paýlanmadyk peýdasy (toplanan ýetmezçiligi) | | 27325 | | 24777 |
| 32303 | Hasabat ýylynyň paýlanmadyk peýdasy (toplanan ýetmezçiligi) | | 44903 | | 151135 |
| | **Jemi** | | **72228** | | **175912** |
| | **BANKYŇ MAÝASYNYŇ JEMI** | | **480782** | | **671562** |
| | **BORÇLARYŇ WE BANKYŇ MAÝASYNYŇ HEMMESI** | | **4842061** | | **6311670** |

**Talaplar:**

1. Täjirçilik bankynyň serişdelerini toparlara bölmeli we olaryň möçberlerini hasaplamaly.

2. Çekilen serişdeleriň ösüşini (dinamikasyny) seljermeli we bar bolan üýtgemelere baha bermeli.

3. Täjirçilik bankynda müşderileri karzlaşdyrmak üçin çekilen serişdeleriň haýsy böleginiň ulanylandygyny kesgitlemeli.

## 1.3-nji mesele

Hasabat ýylynyň 1-nji iýuly ýagdaýyna täjirçilik bankynyň balansy şu maglumatlar bilen häsiýetlendirilýär (*1.3-nji tablisa*).

*1.3-nji tablisa*

**Täjirçilik bankynyň balansy**
**(hasabat ýylynyň 1-nji iýuly ýagdaýyna)**

| AKTIWLER | | müň manat | BORÇNAMALAR WE HUSUSY MAÝA | | müň manat |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Pul serişdeler | 1368322 | 1 | "Loro" aragatnaşyk hasaplaryndaky serişdeler | 38240 |
| 2 | Gymmatly kagyzlara goýumlar | 312448 | 2 | Müşderileriň hasaplaşyk we gündelik hasaplaryndaky serişdeler | 2164728 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | gysga möhletli | 299950 | 3 | Depozitler | 3247091 |
| | uzak möhletli | 12498 | | möhleti 1 aýa çenli | 681889 |
| 3 | Müşderilere berlen karzlar | 4147234 | | möhleti 1 aýdan 1 ýyla çenli | 2565202 |
| | möhleti 1 aýa çenli | 1368587 | 4 | Dolanyşyga goýberilen gymmatly kagyzlar | 109322 |
| | möhleti 1 aýdan 1 ýyla çenli | 2446868 | | 1 ýyla ýenli | 19680 |
| | möhleti 1 ýyldan ýokary | 331779 | | 1 ýyldan ýokary | 89652 |
| 4 | Esasy serişdeler we maddy däl aktiwler | 408088 | 5 | Tölenmäge degişli göterimler | 21590 |
| 5 | Alynmaga degişli göterimler | 35158 | 6 | Bolup biljek ýitgiler üçin ätiýaçlyk gory | 22043 |
| 6 | Gaýry aktiwler | 40420 | 7 | Gaýry borçlar | 37094 |
| | gysga möhletli | 33953 | | gysga möhletli | 17063 |
| | uzak möhletli | 6467 | | uzak möhletli | 20031 |
| | | | 8 | Hususy maýa | 671562 |
| | **BALANS** | **6311670** | | **BALANS** | **6311670** |

**Talap.** Aktiwleriň we passiwleriň möhletleri hem-de möçberleri boýunça biri-birine laýyklygyny kesgitlemeli.

# 2-NJI TEMA. TÄJIRÇILIK BANKYNYŇ HUSUSY MAÝASY

Täjirçilik bankynyň hususy maýasyna esaslyk maýa, emissiýa girdejisi, esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory, peýdanyň hasabyna döredilen gaznalar, paýlanylmadyk peýda degişlidir.

Esaslyk maýa bankyň borçnamalarynyň esasy üpjünçiligi bolup hyzmat edýär. Paýdarlar täjirçilik bankynyň esaslyk maýasy ýönekeý (ses hukukly) we ýeňillikli (artykmaçlykly, ses hukuksyz) paýnamalaryň hasabyna emele getirilýär. Bu maýa paýnamalaryň nominal gymmatynyň artdyrylmagynyň ýa-da olary goşmaça dolanyşyga goýberilmegiň netijesinde köpeldilip bilner. Paýdarlar täjirçilik bankynyň Tertipnamasynda dolanyşyga goýberilmeli paýnamalaryň görnüşleri, sany, nominal gymmaty we beýleki maglumatlar görkezilýär. Täjirçilik bankynyň esaslyk maýasy ony esaslandyryjylaryň serişdeleriniň (paýlarynyň) hasabyna döredilýär.

Emissiýa girdejisi paýnamalaryň nominal we satuw bahalarynyň aratapawudyndan emele gelýär. Türkmenistanda paýnamalaryň olaryň goýberilen mahalyndaky nominal bahasyndan pes bahadan satylmagyna ýol berilmeýär.

Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň täzeden bahalandyrylmagynyň möçberleri täjirçilik bankynyň işine gönüden-göni baglanyşykly däldir. Ol esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň adalatly gymmatynyň üýtgemeginiň netijesinde döreýär.

Täjirçilik bankynda peýdanyň hasabyna esasy ätiýaçlyk gazna we gaýry gaznalar döredilýär. Esasy ätiýaçlyk gazna bankyň esasy işi bilen baglanyşykly ýitgileriň üstüni ýapmak üçin niýetlenendir. Gaýry gaznalaryň serişdeleri banky ösdürmek we işgärleri höweslendirmek üçin peýdalanylýar.

Täjirçilik bankynyň paýlanylmadyk peýdasy iki bölege bölünýär: geçen ýyllaryň paýlanylmadyk peýdasy we hasabat ýylynyň paýlanylmadyk peýdasy. Täjirçilik bankynyň işi degişli amallary we hyzmatlary ýerine ýetirmegiň esasynda peýda almaklyga gönükdirilýär. Bank amallaryny we hyzmatlaryny ýerine ýetirmekden alnan girdejilerden ýüze çykan çykdajylar aýrylyp, salgyt salynmazdan öňki peýda kesgitlenilýär. Soňra şol peýdadan salgytlar we hökmany tölegler tölenýär, bankyň gaznalary döredilýär. Salgyt salynmazdan öňki peýdadan ulanylan peýdanyň möçberleri aýrylyp, paýlanylmadyk peýdanyň möçberi tapylýar.

Bu temada täjirçilik bankynyň hususy maýasynyň mazmunyny açyp görkezmekligi üpjün edýän meseleler berildi.

## 2.1-nji mesele

Täze döredilýän döwlet täjirçilik bankynyň Tertipnamasynda esaslyk maýany 95000,0 müň manat möçberde emele getirmeklik bellenen. Esaslandyryjylar tarapyndan esaslyk maýa goýulmaly goýumlar (paýlar) şu görnüşlerde kesgitlenen:

a) pul serişdeler: 87400,0 müň manat;
b) maddy gymmatlyklar: 7600,0 müň manat.

**Talaplar:**

1. Täze döredilýän döwlet täjirçilik bankynyň esaslyk maýasynyň möçberiniň Türkmenistanda bellenen esaslyk maýanyň iň az möçberine bildirilýän talaplara laýyk gelýändigini kesgitlemeli.

2. Täze döredilýän döwlet täjirçilik bankynyň esaslyk maýasyna goýulýan goýumlaryň (paýlaryň) gatnaşygyna baha bermeli.

## 2.2-nji mesele

Täze döredilýän paýdarlar täjirçilik bankynyň Tertipnamasynda esaslyk maýasyny emele getirmeklik 30000,0 müň manat möçberden ybarat göz öňünde tutulypdyr. Esaslyk maýany döretmeklik 25000,0 müň manat möçberde ýönekeý paýnamalary we 5000,0 müň manat möçberde ýeňillikli paýnamalary dolanyşyga goýbermekligiň hasabyna kesgitlenipdir.

**Talap.** Täze döredilýän paýdarlar täjirçilik bankynyň esaslyk maýasyndaky ýönekeý we ýeňillikli paýnamalaryň möçberleriniň bildirilýän talaplara laýyklygyny barlamaly.

## 2.3-nji mesele

Paýdarlar täjirçilik bankynyň hususy maýasynyň möçberleri barada şu maglumatlar berilýär (*2.3-nji tablisa*).

***2.3-nji tablisa***

**Paýdarlar täjirçilik bankynyň hususy maýasy**
**(hasabat ýylynyň 1-nji oktýabry ýagdaýyna)**

| t/b | Bankyň hususy maýasynyň düzümi | müň manat |
|---|---|---|
| 1 | Paýdarlaryň serişdeleri (1.1 + 1.2 setirler) | 42200 |
| 1.1 | Bellige alnan ýönekeý paýnamalar | 38824 |
| 1.2 | Bellige alnan ýeňillikli (artykmaçlykly) paýnamalar | 3376 |
| 2 | Paýdarlardan yzyna satyn alnan hususy paýnamalar (2.1 + 2.2 setirler) | 1 |
| 2.1 | Yzyna satyn alnan ýönekeý paýnamalar | 0,8 |
| 2.2 | Yzyna satyn alnan ýeňillikli (artykmaçlykly) paýnamalar | 0,2 |
| 3 | Emissiýa girdeji (goşmaça tölenen maýa) | 4 |
| 4 | Esasy serişdeleriň täzeden bahalandyrylmasy | 206 |
| 5 | Hususy maýa täsir edýän çykdajylar | 460 |
| 6 | Bankyň gaznalary | 23110 |
| 7 | Hasabat ýylynyň paýlanylmadyk peýdasy | 104 |
| | Hususy maýanyň jemi (1+2+3+4-5+6+7 setirler) | 65165 |

**Talaplar:**

1. Hususy maýanyň umumy düzümindäki hususy serişdeleriň aýratyn maddalarynyň udel agramyny hasaplamaly.

2. Hususy maýanyň düzümini seljermeli.

## 2.4-nji mesele

Täjirçilik bankynyň hususy maýasynyň ösüşi (dinamikasy) barasynda maglumatlar berlipdir (*2.4-nji tablisa*).

***2.4-nji tablisa***

**Täjirçilik bankynyň hususy maýasynyň düzümi we ösüşi (dinamikasy)**

| **Passiw maddalar** | **Möçberi, müň manat** | | **Udel agramy, %** | | **Aratapawut, geçen ýyla görä hasabat ýyly ýagdaýyna** | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | Geçen ýylyň 1-nji ýanwary | Hasabat ýylynyň 1-nji ýanwary | Geçen ýylyň 1-nji ýanwary | Hasabat ýylynyň 1-nji ýanwary | müň manat | % |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| Hususy maýa: | 38583 | 39844 | | | | |
| 1) esaslyk maýa | 32000 | 33000 | | | | |
| 2) gaznalar | 1838 | 1906 | | | | |
| 3) ätiýaçlyklar | 2552 | 2541 | | | | |
| 4) peýda | 2193 | 2397 | | | | |
| **Jemi passiwler** | **285463** | **341119** | | | | |

Talaplar:

1. Täjirçilik bankynyň hususy maýasynyň düzümini we ösüşini (dinamikasyny) häsiýetlendirmeli.

2. Täjirçilik bankynyň passiwlerinde hususy maýanyň udel agramyny kesgitlemeli (2.4-nji tablisanyň 4-nji we 5-nji sütünlerini doldurmaly).

3. Geçen ýyla görä hususy maýanyň aratapawudyny seljermeli (*2.4-nji tablisanyň 6-njy we 7-nji sütünlerini doldurmaly*).

4. Netije çykarmaly.

## 2.5-nji mesele

Hasabat seneleri boýunça täjirçilik bankynyň balansy berilýär (*2.5-nji tablisa*).

*2.5-nji tablisa*

## Täjirçilik bankynyň balansy

*müň manat*

| Hasaplaryň belgisi | Balans hasaplarynyň ady | Hasabat ýylynyň 1-nji sentýabry | | Hasabat ýylynyň 1-nji oktýabry | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | Debet | Kredit | Debet | Kredit |
| 10102 | Bankyň amallar kassasyndaky nagt pul serişdeleri | 71048 | | 6560 | |
| 10104 | Başga bankda saklanylýan pul serişdeleri | 169 | | 635 | |
| 10106 | Alyş-çalyş nokatlaryndaky nagt pul serişdeleri | 1154 | | 135 | |
| 10108 | Ýoldaky nagt pul serişdeleri | 397 | | 413 | |
| 11101 | Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky "Nostro" hasaplar | 22933 | | 20011 | |
| 11102 | Beýleki bank edaralaryndaky "Nostro" hasaplar | 11927 | | 13315 | |
| 12101 | Döwletiň gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen) | 48841 | | 53989 | |
| 13109 | Hökmany ätiýaçlyklaryň hasaplary | 4792 | | 5351 | |
| 13301 | Bank edaralaryna bolan talaplar - Karzlar | 82 | | 1038 | |
| 13302 | Bank edaralaryna bolan talaplar – Depozitler (talap edilýänçä) | 448 | | 368 | |
| 13999 | Bolup biljek ýitgiler üçin ätiýaçlyk gory - Maliýe gurluşlara bolan talaplar boýunça (kontraktiw / aktiwe garşylyklaýyn) | | 0 | 10 | |
| 14202 | Döwlete dahylsyz pudagyň kärhanalaryna we guramalaryna karzlar | 80631 | | 93488 | |
| 14203 | Daşary ýurt kompaniýalaryna karzlar | 14361 | | 21756 | |
| 14206 | Ýekebara telekeçilere karzlar | 61 | | 6504 | |
| 14208 | Şahsy adamlara karzlar | 8084 | | 28191 | |
| 14999 | Bolup biljek ýitgiler üçin ätiýaçlyk gory - Maliýe däl gurluşlara bolan talaplar boýunça (kontraktiw / aktiwe garşylyklaýyn) | | 1976 | | 2420 |
| 15301 | Döwletiň gymmatly kagyzlary (üzlüşilýänçä saklanylýan) | 43885 | | 36060 | |
| 16101 | Golçur kärhanalara maýa goýumlar | 2450 | | 2450 | |
| 17102 | Jaýlar we binalar | 4008 | | 4008 | |
| 17103 | Maşynlar we enjamlar | 6756 | | 7538 | |
| 17104 | Ulag serişdeleri | 0 | | 303 | |
| 17106 | Maddy däl aktiwler | 380 | | 380 | |
| 17602 | Toplanan dikeldiş geçirmeleri - Jaýlar we binalar | | 26 | | 34 |
| 17603 | Toplanan dikeldiş geçirmeleri - Maşynlar we enjamlar | | 1518 | | 1857 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 17604 | Toplanan dikeldiş geçirmeleri - Ulag serişdeleri | | 0 | | 5 |
| 17606 | Toplanan dikeldiş geçirmeleri - Maddy däl aktiwler | | 42 | | 70 |
| 19104 | Bir banka tabyn bolan edaralaryň arasyndaky hasaplaşyklar | 20 | | 3377 | |
| 19202 | Bankyň hojalyk işi boýunça debitorlar | 10252 | | 10365 | |
| 19210 | Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar | 317 | | 0 | |
| 19301 | Geljekki döwrüň çykdajylary | 5 | | 259 | |
| 19603 | Gaýry haryt maddy ätiýaçlyklar | 84 | | 117 | |
| 21102 | Beýleki bank edaralarynyň "Loro" aragatnaşyk hasaplary | | 47 | | 36 |
| 22301 | Bank edaralarynyň öňündäki borçlar - Karzlar | | 3590 | | 5577 |
| 23201 | Döwlet kärhanalarynyň we guramalarynyň hasaplary | | 18403 | | 16207 |
| 23202 | Döwlete dahylsyz pudagyň kärhanalarynyň we guramalarynyň hasaplary | | 103092 | | 76405 |
| 23203 | Daşary ýurt kompaniýalaryň hasaplary | | 10136 | | 10034 |
| 23205 | Täjirçilik däl kärhanalaryň we guramalaryň hasaplary | | 8368 | | 4493 |
| 23206 | Ýekebara telekeçileriň hasaplary | | 13073 | | 13003 |
| 23301 | Döwlet kärhanalarynyň we guramalarynyň möhletli hasaplary | | 3848 | | 4244 |
| 23302 | Döwlete dahylsyz pudagyň kärhanalarynyň we guramalarynyň möhletli hasaplary | | 19134 | | 22100 |
| 23303 | Daşary ýurt kompaniýalaryň möhletli hasaplary | | 4954 | | 4158 |
| 23306 | Ýekebara telekeçileriň möhletli hasaplary | | 9440 | | 11600 |
| 23308 | Şahsy adamlaryň möhletli hasaplary | | 9522 | | 7003 |
| 24201 | Dolanyşykdaky borçnamalaýyn gymmatly kagyzlar | | 25577 | | 19715 |
| 25112 | Şahsy adamlaryň öňündäki borçlar boýunça tölege degişli hasaplanan göterimler | | 0 | | 140 |
| 28104 | Bir banka tabyn bolan edaralaryň arasyndaky hasaplaşyklar | | 20 | | 3377 |
| 28201 | Maksady aýdyňlaşdyrylmadyk serişdeleri hasaba almak boýunça hasap | | 4299 | | 4114 |
| 28202 | Bankyň hojalyk işi boýunça kreditorlar | | 5491 | | 16289 |
| 28210 | Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar | | 0 | | 259 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 28301 | Geljekki döwrüň girdejileri | | 2910 | | 0 |
| 28906 | Gaýry üstaşyr hasaplar | | 21811 | | 27142 |
| 30101 | Esaslyk maýa - goýumlar (paýlar) | | 27720 | | 27720 |
| 32101 | Esasy ätiýaçlyk gazna | | 12545 | | 12545 |
| 32102 | Gaýry gaznalar | | 2346 | | 2346 |
| 32201 | Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory | | 161 | | 490 |
| 32301 | Geçen ýyllaryň paýlanmadyk peýdasy | | 14722 | | 14722 |
| 32303 | Hasabat ýylynyň paýlanmadyk peýdasy | | 8314 | | 8516 |
| | **Jemi** | **333085** | **333085** | **316621** | **316621** |

## Goşmaça maglumat

*müň manat*

| Hasabaýň belgisi | Hasabyň ady | Hasabat ýylynyň 1-nji sentýabry | Hasabat ýylynyň 1-nji oktýabry |
|---|---|---|---|
| 71105 | Bank tarapyndan alnan kepillikler, zamunlyklar | 654 | 39768 |
| | **Jemi** | **654** | **39768** |

**Talaplar:**

1. Degişli hasabat döwürleri boýunça töwekgelçiligi hasaba almak bilen ölçenen bankyň aktiwleriniň möçberini hasaplamaly/
2. Birinji derejeli maýanyň ýeterlikliliginiň kadasyny kesgitlemeli we onuň bellenen talaplara laýyk gelýändigine baha bermeli.
3. Ikinji derejeli maýanyň ýeterlikliliginiň kadasyny kesgitlemeli we onuň bellenen talaplara laýyk gelýändigine baha bermeli.
4. Bazel III boýunça maýanyň ýeterlikliligine bildirilýän talaplary häsiýetlendirmeli.

# 3-NJI TEMA. BANKARA KARZLARY

*Bankara karzlaşdyrmasy* – bu şertnamalaýyn başlangyçlarda banklaryň öz aralarynda wagtlaýyn ulanylmaýan pul serişdelerini depozitler (goýumlar) we karzlar görnüşinde çekmekligi we ýerleşdirmekligi aňladýar. Bankara karzlary, *bir tarapdan*, aktiw amallary, *beýleki tarapdan*, passiw amallary hökmünde çykyş edýär. Karz beriji bankda berlen bankara karzlar aktiw amallaryna we karz alyjy bankda alnan bankara karzlar passiw amallaryna degişli edilýär. Täjirçilik banky tarapyndan alnan bankara karzlar şol bankyň çekilen serişdeleriniň bir bölegi bolup durýar.

Bankara karzlaryny çekmeklik we ýerleşdirmeklik täjirçilik banklarynyň öz aralarynda göni gepleşikleri geçirmek ýa-da karz auksiony arkaly amala aşyrylýar. Eger bankara karzy barasynda banklar öz aralarynda ylalaşýan bolsalar, onda olaryň arasyndaky gatnaşyklar karz şertnamasyny baglaşmak esasynda resmileşdirilýär.

Möhleti boýunça bankara karzlary talap edilýänçä we möhletli görnüşlere bölünýär. Belli bir möhletli ýerleşdirilýän we çekilýän bankara karzlary gysga, orta we uzak möhletli bolup bilýär. Puluň görnüşine baglylykda manatda we daşary ýurt pulunda berilýän we çekilýän bankara karzlary tapawutlandyrylýar. Bankara karzlary tölegli esasda berilýär we çekilýär.

Bu temada getirilen meseleler çekilýän bankara karzlarynyň aýratynlygyny açyp görmezmekligi üpjün etmeklige gönükdirilendir.

## 3.1-nji mesele

Täjirçilik banky tarapyndan serişdeleri kadalaşdyrmak üçin gündelik düzülýän hasaplaşyk töleg balansy hasabat ýylynyň awgust aýynyň birinji ongünlügi ýagdaýyna berilýär (*3.1.1-nji we 3.1.2-nji tablisalar*).

***3.1.1-nji tablisa***

**Serişdeleriň gelip gowuşmagy**

*müň manat*

| **Serişdeleriň gelip gowuşýan çeşmeleri** | **01.08** | **02.08** | **03.08** | **04.08** | **05.08** | **08.08** | **09.08** | **10.08** |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Bankdaky hasaplara | 31 | 36 | 40 | 40 | 47 | 81 | 66 | 53 |
| Karzlaryň gaýtarylmagy | 102 | - | - | 209 | 260 | 305 | 77 | 42 |
| Döwletiň gymmatly kagyzlarynyň üzülmegi | 329 | 108 | - | - | - | 408 | - | 210 |
| Wekselleriň üzülmegi | 21 | - | 46 | 104 | - | - | - | - |
| Şahamçalardan gelip gowuşmagy | 41 | 22 | 34 | - | 52 | - | 22 | - |
| Nagt pul serişdeleriniň aragatnaşyk hasabyna tabşyrylmagy | 26 | 22 | - | - | 41 | 11 | - | 5 |

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Garaşylmaýan gelip gowuşmalar | 10 | 5 | - | 2 | 10 | 7 | 3 | - |
| **Jemi** | **560** | **193** | **120** | **355** | **410** | **812** | **168** | **310** |

*3.1.2-nji tablisa*

**Bankyň borçnamalary boýunça tölegler**

*müň manat*

| Tölegleriň ady | 01.08 | 02.08 | 03.08 | 04.08 | 05.08 | 08.08 | 09.08 | 10.08 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Depozit hasaplary boýunça borçnamalaryň ýerine ýetirilmegi | 102 | 102 | 35 | 6 | 39 | 11 | 12 | 10 |
| Bankara karzlaryň gaýtarylmagy | 92 | - | - | - | - | 41 | - | 61 |
| Wekseller, sertifikatlar we obligasiýalar boýunça borçnamalaryň üzülmegi | 408 | 108 | - | - | 62 | 812 | 515 | 714 |
| Şahamçalaryň haýryna serişdeleriň gaýtadan paýlanylmagy | 102 | - | - | 83 | 311 | 71 | - | - |
| Gaýry tölegler | 51 | 2 | - | 4 | 11 | 20 | 4 | 10 |
| **Jemi** | **755** | **212** | **35** | **93** | **423** | **955** | **531** | **795** |

**Talaplar:**

1. Bankara karzynyň mazmunyny we resmileşdirilişiniň tertibini düşündirmeli.
2. Her bir sene ýagdaýyna bankara karzyna bolan zerurlygy kesgitlemeli.

## 3.2-nji mesele

Täjirçilik banky tarapyndan çekilen serişdeleriň galyndylary barasynda maglumatlar berilýär (*3.2-nji tablisa*).

*3.2-nji tablisa*

**Täjirçilik bankynyň borçnamalary**

| Çekilen serişdeler | Hasabat ýyly | | Geçen ýyl | |
|---|---|---|---|---|
| | Ortaça çärýek galyndylar, müň manat | Çekilen serişdeleriň bahasy, % | Ortaça çärýek galyndylar, müň manat | Çekilen serişdeleriň bahasy, % |
| Talap edilýänçä depozitler | 2400 | 1,0 | 3504 | 1,2 |
| Möhletli depozitler | 672 | 3,0 | 858 | 4,0 |
| Ilatyň goýumlary | 444 | 6,0 | 276 | 8,0 |
| “Loro” aragatnaşyk hasabyndaky serişdeler | 120 | - | 240 | - |
| Bankara karzlar | 2520 | 5,0 | 1920 | 6,0 |

**Talaplar:**

1. Haýsy görkezijiler boýunça bankara karzlaryny çekmekligiň maksada laýykdygyny anyklamaly.
2. Şu täjirçilik banky üçin bankara karzlaryny çekmekligiň netijeliligini kesgitlemeli.

### 3.3-nji mesele

“A” Täjirçilik banky hasabat ýylynyň 19-njy awgustynda (iş güni) 30 gün möhlet bilen 40000,0 müň manat möçberde “B” täjirçilik bankyndan bankara karzyny aldy. Alnan bankara karzy boýunça kesgitlenen göterim derejesi ýyllyk 5%. Göterim bankara karzy boýunça esasy bergi gaýtarylan pursatynda hasaplanylýar we tölenilýär.

**Talaplar:**

1. Alnan bankara karzy üçin göterimiň möçberini hasaplamaly.
2. Täjirçilik banky tarapyndan tölenmeli ösdürilen berginiň möçberini kesgitlemeli.

### 3.4-nji mesele

“Ç” täjirçilik banky hasabat ýylynyň 1-nji dekabrynda (iş güni) “D” täjirçilik bankyna 35500,0 müň manat möçberde 6 aý möhletli göterim derejesi ýyllyk 5% bilen bankara karzyny berdi. Bankara karzy boýunça esasy bergi we hasaplanan göterimler aýma-aý alynýar. Göterimleri hasaplamak üçin üýtgedilmeýän göterim derejeleri bilen göterimleri hasaplamagyň ýönekeý usuly ulanylýar.

**Talap.** Her aý üçin alynmaga degişli esasy berginiň we göterimleriň möçberlerini kesgitlemeli.

### 3.5-nji mesele

Täjirçilik banky auksion esasynda karzlary ýerleşdirýär. Karz auksionyna hödürlenen serişdeleriň möçberi 1300,0 müň manat. Karz auksionyna täjirçilik banklarynyň kabul edilen sargytlar 3.5-nji tablisada berilýär.

***3.5-nji tablisa***

**Täjirçilik banklarynyň sargytlary**

| Täjirçilik banklary | Sargytlaryň möçberi, müň manat | Hödürlenen göterimler, % |
|---|---|---|
| A | 200 | 8 |

| | | |
|---|---|---|
| B | 800 | 6 |
| Ç | 300 | 7 |
| D | 100 | 7 |
| E | 400 | 5 |

**Talaplar:**

1. Karz auksionyň geçirilişini gysgaça hasiýetlendirmeli.
2. Haýsy sargytlaryň kanagatlandyryljakdygyny kesgitlemeli.
3. Auksion esasynda berilýän karzlaryň resmileşdirilişini düşündirmeli.

# 4-NJI TEMA. TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BANKYNYŇ KARZLARY

*Türkmenistanyň Merkezi bankynyň karzlary* – täjirçilik banklarynyň balansynyň likwidliligini goldamak we maliýe ýagdaýyny durnuklaşdyrmak maksady bilen olary gaýtadan maliýeleşdirmegiň bir görnüşidir. Türkmenistanyň Merkezi banky täjirçilik banklaryna ýeňillikli we merkezleşdirilen karzlary berýär. Şeýle hem Türkmenistanyň Merkezi banky bankara karzlaşdyrmasynyň giňden ýaýran görnüşi bolan täjirçilik banklarynyň aragatnaşyk hasaplary boýunça owerdrafty amala aşyrýar. Türkmenistanyň Merkezi banky bilen täjirçilik banklarynyň arasynda aragatnaşyk hasaplaryny açmak barasynda baglaşylýan şertnamada (ylalaşykda) owertdraft tertibinde aragatnaşyk hasaplary boýunça amallary geçirmegiň mümkinçilikleri göz öňünde tutulýar. Owedraftyň (täjirçilik banklarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky pul serişdeleriň ýeterlik bolmadyk ýagdaýynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň serişdeleriniň hasabyna tölegleriň geçirilmeli) möçberi aragatnaşyk hasaplaryndaky serişdeleriň gündelik galyndylaryna, resminamalaryň dolanyşygynyň möhletine, aragatnaşyk hasaplary boýunça aýlanyşygyň göwrümine baglydyr.

Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan täjirçilik banklaryna berilýän ýeňillikli, merkezleşdirilen, owerdraft karzlary tölegli esasda amala aşyrylýar.

Bu temada berlen meseleler Türkmenistanyň Merkezi bankynyň karz serişdeleriniň mazmunyny açyp görkezmek bilen baglanyşyklydyr.

## 4.1-nji mesele

Türkmenistanyň Merkezi banky hasabat ýylynyň 12-nji sentýabrynda (iş güni) täjirçilik bankyna 10 gün möhlete göterim derejesi 5% bilen 8000,0 müň manat möçberde karz berdi.

**Talap.** Karz boýunça alynmaga degişli göterimiň we ösdürilen berginiň möçberlerini kesgitlemeli.

## 4.2-nji mesele

Türkmenistanyň Merkezi banky täjirçilik bankyna onuň balansynyň tölege ukyplylygyny üpjün etmek üçin 20000,0 müň manat möçberde 20 gün möhletli göterim derejesi ýyllyk 5% bilen karz serişdelerini berdi. Karzyň berlen senesi hasabat ýylynyň 6-njy ýanwary (iş güni). Karzyň gaýtarylmaly senesi hasabat ýylynyň 25-nji ýanwary (iş güni). Täjirçilik banky hasabat ýylynyň 29-njy ýanwarynda karzlary Türkmenistanyň Merkezi bankyna gaýtardy. Karzyň gaýtarylmaly möhleti gijikdirilen ýagdaýynda her gijikdirilen gün üçin möhleti geçen karzyň möçberinden 0,01% puşmana tölegi bellenen.

**Talaplar:**

1. Berlen karz üçin alynmaga degişli göterimleriň möçberini hasaplamaly.
2. Karz boýunça puşmana töleginiň möçberini hasaplamaly.

3. Karz boýunça ösdürilen berginiň möçberini kesgitlemeli.

### 4.3-nji mesele

Karz ýüz tutmasy esasynda Türkmenistanyň Merkezi banky täjirçilik bankyna ýaş çatynjylary karzlaşdyrmak üçin ýeňillikli karzlary berdi. Berlen karzyň möçberi 600,0 müň manat, möhleti 3 ýyl, göterim derejesi ýyllyk 0,5%. Berlen ýeňillikli karzlary we hasaplanan göterimleri her aýda almak bellenen.

**Talap.** Ýeňillikli karzlary gaýtarmagyň tertibini düzmeli.

### 4.4-nji mesele

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2012-nji ýylyň 20-nji iýulyndaky 12446 belgili "Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda" kararyna laýyklykda Türkmenistanyň Merkezi banky merkezleşdirilen karzlary täjirçilik bankyna berdi. Berlen karzlaryň möçberi 15000,0 müň manat, möhleti 5 ýyl, göterim derejesi ýyllyk 3%. Merkezleşdirilen karzlar boýunça esasy bergini gaýtaryp almak we göterimleri hasaplamak her çärýegiň ahyrynda göz öňünde tutulan.

**Talaplar:**

1. Haýsy maksat bilen Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan täjirçilik banklaryna karzlaryň berilýändigini düşündirmeli.
2. Merkezleşdirilen karzlary gaýtarmagyň tertibini düzmeli

### 4.5-nji mesele

Türkmenistanyň Merkezi banky hasabat ýylynyň mart aýynda 1 iş gün möhlet bilen owerdraft tertibinde "A" täjirçilik bankynyň aragatnaşyk hasaby boýunça 14800,0 müň manat möçberde tölegleri amala aşyrdy. Owerdraft boýunça bellenen göterimiň derejesi ýyllyk 5%.

**Talap.** Owerdraft boýunça alynmaga degişli göterimiň möçberini hasaplamaly.

# 5-NJI TEMA. TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BANKYNDA DEPONIRLENILÝÄN KARZ EDARALARYNYŇ HÖKMANY ÄTIÝAÇLYKLARYNY DÖRETMEK BOÝUNÇA AMALLAR

Bank ulgamynyň likwidliligini üpjün etmek üçin pul-karz kadalaşdyrmasynyň guraly hökmünde täjirçilik banklary Türkmenistanyň Merkezi bankynda hökmany ätiýaçlyklary döredýärler. Şeýle kadalaşdyrmanyň wezipelerine baglylykda ätiýaçlyklaryň kadalary üýtgedilýär. Serişdeler binýady üýtgän halatynda täjirçilik banklary hökmany ätiýaçlyklaryň möçberini kadalaşdyrmaga borçludyrlar.

Ätiýaçlyk talaplaryna geçirilmeli serişdeleriň möçberleri hasaplanylanda Türkmenistanyň Merkezi Bankynyň Müdiriýetiniň Başlygynyň 2012-nji yylyň 13-nji awgustynda çykaran 219-ö belgili buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2012-nji ýylyň 23-nji awgustynda 662 san bilen bellige alnan Ätiýaçlyk talaplarynyň kadalaşdyryjysyny hasaplamagyň we Türkmenistanyň Merkezi bankynda olary deponirlemegiň tertibi hakynda Gollanma (soňky üýtgetmeleri we goşmaçalary hasaba almak bilen) esaslanylýar.

## 5.1-nji mesele

Täjirçilik bankynda milli pulunda açylan hasaplaşyk, gündelik, depozit we beýleki hasaplardaky çekilen serişdeleriň möçberleri 5.1-nji tablisada getirilýär.

***5.1-nji tablisa***

**Hasaplardaky galyndylar**

*(müň manat)*

| Mlli pulunda serişdeleriň galyndylary | 01.06. | 08.06. | 15.06. | 22.06. |
|---|---|---|---|---|
| Döwlet býujetiniň serişdeleri | 110 | 115 | 120 | 154 |
| Talap edilýänçä serişdeler | 600 | 580 | 460 | 520 |
| Kreditorlar bilen gündelik amallar boýunça hasaplaşyklar | 45 | 29 | 40 | 56 |
| Möhletli hasaplar | 349 | 212 | 380 | 310 |
| **Jemi** | **1104** | **936** | **1000** | **1040** |

**Talaplar:**

1. Hasabat ýylynyň iýul aýynyň başyna Türkmenistanyň Merkezi bankynda deponirlenmäge degişli hökmany ätiýaçlyklaryň möçberini, şeýle hem iýun aýynyň başyna hökmany ätiýaçlyklaryň hasabyndaky serişdeleriň galyndylarynyň 85 müň manat möçberini göz öňünde tutmak bilen, hökmany ätiýaçlyklara goşmaça geçirilmeli ýa-da yzyna gaýtarylmaly serişdeleriň möçberlerini kesgitlemeli.

2. Haýsy senede goşmaça serişdeleriň geçirilmelidigini ýa-da yzyna gaýtarylmalydygyny anyklamaly.

## 5.2-nji mesele

Täjirçilik bankynda daşary ýurt pulunda açylan hasaplaşyk, gündelik, depozit we beýleki hasaplardaky çekilen serişdeleriň möçberleri 5.2-nji tablisada getirilýär.

***5.2-nji tablisa***

**Hasaplardaky galyndylar**

*(müň manat)*

| **Daşary ýurt pulundaky serişdeleriň galyndylary** | **01.07.** | **08.07.** | **15.07.** | **22.07.** |
|---|---|---|---|---|
| Talap edilýänçä serişdeler | 396 | 343 | 371 | 210 |
| Akkreditiwler we beýleki borçlar | 120 | 248 | 196 | 170 |
| Kreditorlar bilen gündelik amallar boýunça hasaplaşyklar | 20 | 13 | 7 | 24 |
| Möhletli hasaplar | 54 | 68 | 32 | 47 |
| **Jemi** | **590** | **672** | **606** | **451** |

**Talaplar:**

1. Hasabat ýylynyň awgust aýynyň başyna Türkmenistanyň Merkezi bankynda deponirlenmäge degişli hökmany ätiýaçlyklaryň möçberini hasaplamaly.
2. Hasabat ýylynyň iýul aýynyň başyna hökmany ätiýaçlyklaryň hasabyndaky serişdeleriň galyndylarynyň 40 müň manat möçberini göz öňünde tutmak bilen, hökmany ätiýaçlyklara goşmaça geçirilmeli ýa-da yzyna gaýtarylmaly serişdeleriň möçberlerini kesgitlemeli.

## 5.3-nji mesele

Hasabat ýylynyň sentýabr aýynyň başyna täjirçilik bankynda milli pulunda açylan käbir balans hasaplardaky serişdeleriň orta arifmetiki usuly boýunça kesgitlenilen möçberleri 5.3-nji tablisada görkezilýär.

***5.3-nji tablisa***

**Başlangyç maglumatlar**

*(müň manat)*

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Maýa goýum maksatnamalary maliýeleşdirmek, şeýle hem kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerini maliýe taýdan goldamak üçin Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan bölünip berlen döwlet býujetiniň serişdelerini hasaba almak üçin niýetlenen şahsy hasaplardaky passiw galyndylar | 40,0 |

| | | |
|---|---|---|
| 2 | Dahylsyz banklaryň “Loro” aragatnaşyk hasaplaryndaky serişdeleri hasaba almak üçin niýetlenen şahsy hasaplardaky passiw galyndylar | 190,8 |
| 3 | Emitent-banky tarapyndan ýerine ýetiriji bank edarasynyň ygtyýaryna geçirilen örtükli akkreditiwi hasaba almak boýunça 23501-nji belgili hasabyň şahsy hasaplaryndaky passiw galyndylar | 87,5 |
| 4 | Bank tarapyndan dolanyşyga çykarylan obligasiýalary hasaba alýan 24201-nji belgili hasabyň aýratyn şahsy hasaplaryndaky passiw galyndylar | 23,0 |
| 5 | Nag pul serişdeleriniň galyndylary: | |
| | bankyň kassasyndaky | 1,5 |
| | alyş-çalyş nokatlardaky | 0,2 |
| | başga bankda saklanylýan | 0,1 |
| | bankomatlardaky | 0,6 |
| 6 | Ýuridik şahslaryň hasaplaşyk hasaplaryndaky serişdeleriň galyndylary | 1126,0 |
| 7 | Ýuridik şahslaryň depozit hasaplaryndaky serişdeleriň galyndylary | 365,0 |

**Talap.** Ätiýaçlyk talaplarynyň tassyklanan kadalaşdyryjylaryna laýyklykda Türkmenistanyň Merkezi bankynda deponirlenilmäge degişli serişdeleriň möçberini kesgitlemeli.

## 5.4-nji mesele

Hasabat ýylynyň sentýabr aýynyň başyna täjirçilik bankynda daşary ýurt pulunda açylan käbir balans hasaplardaky serişdeleriň orta arifmetiki usuly boýunça kesgitlenilen möçberleri 5.4-nji tablisada görkezilýär.

***5.4-nji tablisa***

**Başlangyç maglumatlar**

*(müň manat)*

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Ýuridik şahslaryň gündelik hasaplaryndaky serişdeleriň passiw galyndylary | 879,0 |
| 2 | Dahylsyz banklaryň “Loro” aragatnaşyk hasaplaryndaky serişdeleri hasaba almak üçin niýetlenen şahsy hasaplardaky passiw galyndylar | 540,2 |
| 3 | Akkreditiw hasaplaryndaky serişdeleriň passiw galyndylary | 87,5 |
| 4 | Ýuridik şahslara berlen karzlary hasaba almak üçin niýetlenen hasaplaryň şahsy hasaplaryndaky aktiw galyndylar | 216,0 |
| 5 | Fiziki şahslardan çekilen talap edilýänçä goýum hasaplaryň şahsy | 28,0 |

| | | |
|---|---|---|
| | hasaplaryndaky passiw galyndylar | |
| 7 | Ýuridik şahslaryň depozit hasaplaryndaky serişdeleriň galyndylary | 253,0 |

**Talap.** Ätiýaçlyk talaplarynyň tassyklanan kadalaşdyryjylaryna laýyklykda Türkmenistanyň Merkezi bankynda deponirlenilmäge degişli serişdeleriň möçberini kesgitlemeli.

# 6-NJY TEMA. ÇEKILEN SERIŞDELER BOÝUNÇA GÖTERIM TÖLEGLERI

Täjirçilik banklary çekilen serişdeler boýunça göterimleri hasaplamagy we tölemegi Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2014-nji ýylyň 8-nji awgustynda çykaran 327-iş belgili buýrugy bilen tassyklanan hem-de Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2014-nji ýylyň 24-nji awgustynda 793 san bilen bellige alnan "Türkmenistanda karz edaralary tarapyndan çekilen we ýerleşdirilen serişdeler boýunça göterimleri hasaplamagyň, tölemegiň we töletdirip almagyň hem-de olary buhgalterçilik hasaba alnyşynda görkezmegiň tertibi hakynda Düzgünnama" laýyklykda ýerine ýetirýärler.

Şertnamanyň şertlerine laýyklykda göterimleri hasaplamak şu usullaryň birini ulanmak bilen amala aşyrylýar: üýtgedilmeýän ýa-da üýtgedilýän göterim derejelerini ulanmak bilen:

göterimleriň ýönekeý hasaplamasy;

göterimleriň çylşyrymly hasaplamasy.

Eger sertnamada göterimleri hasaplamagyn usuly kesgitlenilmedik bolsa, göterimleri hasaplamaklyk, maliýe serisdeleri babatda islegi we teklibi göz önünde tutup, Türkmenistanyn Merkezi bankynyn gaýtadan maliýelesdiris derejesine esaslanýan, üýtgedilýän göterim derejesini ulanmak bilen ýönekeý hasaplama usuly arkaly amala asyrylýar.

Göterimleriň pul möçberi hasaplananda hasaplama göterim derejesiniň ýyllyk möçberi we çekilen pul serişdeleriniň senenama günleriniň hakyky sany kabul edilýär. Şunda binýat hökmünde ýyldaky senenama günleriniň hakyky sany (365 ýa-da 366) alynýar.

## 6.1-nji mesele

Bank hasaby hakynda şertnama laýyklykda täjirçilik banky her aýda hasapdaky serişdeleriň galyndysyna talap edilýänçä goýumlar üçin bellenen göterimleriň derejesine esaslanyp, göterim tölegleri hasaplaýar. Müşderiniň hasabyndaky serişdeleriň galyndysy hasabat ýylynyň 1-nji iýuny (iş güni) ýagdaýyna (günüň başyna) 15320 manat; 7-nji iýunda (iş güni) hasapdan 3400 manat töleg geçirildi (ýagny 8-nji iýunyň (iş güni) başyna hasabyň galyndysy 15320 – 3400 deň); 17-nji iýunda (iş güni) 2706 manat hasaba kabul edilýär; 22-nji iýunda (iş güni) hem 510 manat hasaba gelip gowuşýar; ondan soňra iýunyň ahyryna çenli hasabyň galyndysy üýtgemedi.

**Talap.** Eger täjirçilik banky tarapyndan talap edilýänçä goýumlar üçin bellenen göterimleriň derejesi ýyllyk 1% bolsa, onda üýtgedilmeýän göterim derejeleri bilen göterimleri hasaplamagyň ýönekeý usuly boýunça iýun aýy üçin müşderä tölenmeli göterimiň pul möçberini hasaplamaly.

## 6.2-nji mesele

Bank hasaby hakynda şertnama laýyklykda täjirçilik banky ýyllyk 2% derejesi boýunça hasabyň galyndysyna göterimleri hasaplaýar.

Hasabat ýylynyň 1-nji iýuly (iş güni) ýagdaýyna (günüň başyna) ýuridik şahs bolan müşderiniň hasabynda pul serişdeleriň galyndysy 275860 manat; 1-nji iýulda (iş güni) hasapdan 82430 manat aýryldy; 12-nji iýulda (iş güni) 73905 manat hasaba kabul edildi; 21-nji iýulda (iş güni) hasapdan 4400 manat aýryldy; 25-nji iýulda (iş güni) hasapdan 2050 manat aýryldy; soňra hasap boýunça amallar geçirilmedi.

**Talaplar:**

1. Ýuridik şahslaryň hasaplaryndaky serişdeleri ulanmagyň tertibini häsiýetlendirmeli.
2. Noýabr aýy üçin hasabyň hakyky galyndysyna göterim tölegini hasaplamaly.

## 6.3-nji mesele

Hasabat ýylynyň 1-nji iýulyndan (iş güni) 3 aý möhlete ýuridik şahsyň wagtlaýyn ulanmaýan 1530000 manat pul serişdeleri bar. Täjirçilik banky ýuridik şahsa şol serişdeleri 3 aý möhlete ýyllyk 4% bilen goýum görnüşinde depozite ýerleşdirmekligi teklip edýär. Depozit goýumy boýunça göterim tölegleri her aýda göterimleriň çylşyrymly hasaplamasyny ulanmak bilen hasaplanylýar.

**Talap.** Täjirçilik banky tarapyndan ýuridik şahsa 3 aýda tölenmeli göterim tölegleriniň möçberini hasaplamaly.

## 6.4-nji mesele

Hasabat ýylynyň 4-nji awgustynda (iş güni) goýumçy (fiziki şahs) 12 aý möhlet bilen täjirçilik bankynda 2000 manat möçberde goýum goýdy. Täjirçilik banky goýumyň möçberine üýtgedilmeýän göterim dereje ýyllyk 6% bilen göterimleri hasaplaýar. Goýuma goşmaça serişdeler islendik wagtda we möçberde kabul edilýär. Goýum boýunça täjirçilik banky tarapyndan her aýda göterimler hasaplanylýar we goýumçynyň islegine görä aýma-aý ýa-da goýumyň möhletiniň ahyrynda tölenýär. Hasaplanan göterimler goýumyň möhletiniň ahyrynda tölenen ýagdaýynda her aýyň 5-ine göterim tölegi goýumyň üstüne goşulýar.

**Talap.** Eger goýumçy 8-nji awgustda (iş güni) 200 manat, 24-nji awgustda (iş güni) 300 manat, 7-nji sentýabrda (iş güni) 400 manat goýuma goşmaça serişdeleri goýan ýagdaýynda goýumçynyň almaly göterimleriniň pul möçberini kesgitlemeli:

a) göterimler aýma-aý tölenende;

b) göterimler goýumyň möhletiniň ahyrynda tölenende.

### 6.5-nji mesele

Täjirçilik banklary pul serişdeleri möhletli goýumlara çekmek maksady bilen, fiziki şahslara hödürleýärler:

“A” bank şu şertlere laýyklykda pul serişdeleri çekýär – 12 aý möhletli goýum, göterim tölegleri aýma-aý hasaplanylýar, göterimiň derejesi ýyllyk 5%, her aý üçin hasaplanan göterim tölegi indiki aýyň 2-si senesinde goýumyň üstüne goşulýar;

“B” bank şu şertlere laýyklykda pul serişdeleri çekýär – 12 aý möhletli goýum, göterim tölegleri aýma-aý hasaplanylýar we tölenýär, göterimiň derejesi ýyllyk 4%.

**Talap.** Eger goýumçy (fiziki şahs) her bir täjirçilik bankyna aýratynlykda 2000 manat möçberde goýum goýsa, onda degişlilikde onuň almaly göterim girdejisini hasaplamaly.

### 6.6-njy mesele

Hasabat ýylynyň 1-nji awgustynda (iş güni) bank tarapyndan ýuridik şahsdan 3 aý möhlet bilen 820000 manat möçberde depozit hasabyna pul serişdeler çekildi. Depozit boýunça göterim tölegleri üýtgedilýän göterim derejelerini ulanmak bilen göterimleriň çylşyrymly hasaplamasyna esaslanylyp kesgitlenilýär: awgust aýy üçin – ýyllyk 5%; sentýabr aýy üçin – ýyllyk 8%; oktýabr aýy üçin – ýyllyk 6%. Depozitiň möhleti tamamlanandan soňra pul serişdeler we göterim tölegleri ýuridik şahsyň hasaplaşyk hasabyna geçirildi.

**Talaplar:**

1. Awgust, sentýabr we oktýabr aýlary üçin göterim töleglerini hasaplamaly.
2. Ýuridik şahsyň depozit hasabyndan onuň islegi boýunça harytlar, işler we hyzmatlar üçin tölegleri geçirmek mümkinçiligini häsiýetlendirmeli.

### 6.7-nji mesele

Hasabat ýylynyň 12-nji iýulynda (iş güni) täjirçilik banky goýumçy (fiziki şahs) bilen goýum şertnamasyny baglaşdy. Şertnamanyň şertlerine laýyklykda goýumyň möhleti 3 aý, goýumyň möçberi 4000 manat, göterim tölegleri aýma-aý hasaplanylýar we esasy goýumyň üstüne aýyň 2-nji senesinde goşulýar, üýtgedilýän göterim derejeleri ulanylýar, goýumyň möhleti tamamlanandan soňra goýumçy tarapyndan serişdeler alynmadyk ýagdaýynda täjirçilik banky tarapyndan talap edilýänçä goýum hökmünde saklanylmagy dowam edilýär. Göterimiň derejesi: iýul aýy üçin – ýyllyk 4%; awgust aýy üçin – ýyllyk 5%; sentýabr aýy üçin – ýyllyk 6%; oktýabr aýy üçin – ýyllyk 3%; talap edilýänçä goýum üçin – ýyllyk 1%.

**Talap.** Goýumçy goýan goýumyny hasabat ýylynyň 10-njy noýabrynda alan ýagdaýynda oňa tölenmeli göterim tölegleriniň möçberini hasaplamaly.

## 6.8-nji mesele

Hasabat ýylynyň 8-nji iýunynda (iş güni) täjirçilik banky goýumçy (ýuridik şahs) bilen 6 aý möhlete, üýtgedilmeýän göterim derejeli ýyllyk 6%, göterimler ýönekeý hasaplama usuly boýunça aýma-aý hasaplamak şertlerinde depozit şertnamasyny baglaşdy.

Täjirçilik bankynyň edara görnüşli taraplardan milli pulundaky çeken möhletli serişdeleri boýunça Türkmenistanyň Merkezi bankynda deponirlenilmeli ätiýaçlyk talaplarynyň kadalaşdyryjysynyň möçberi 3%-e deň.

**Talaplar:**

1. Depozit şertnamasy boýunça täjirçilik bankynyň her aýda tölemeli göterimleriniň pul möçberini hasaplamaly.
2. Täjirçilik bankynyň deponirlenmäge degişli ätiýaçlyk talaplaryna geçirilmeli serişdeleriniň möçberini hasaplamaly.

## 6.9-njy mesele

Täjirçilik bankynyň müşderisinde (ýuridik şahsda) 10 gün möhletli 2000000 manat möçberde wagtlaýyn boş pul serişdeleri bar. Çekilýän serişdeler boýunça ätiýaçlyk talaplarynyň kadasy – 3%. Täjirçilik banky şol möçberde we möhletde bankara karzyny ýyllyk derejesi 6% bilen çekmäge mümkinçiligi bar.

**Talap.** Bankara karzlar boýunça alynýan serişdelere Türkmenistanyň Merkezi bankynda ätiýaçlyk talaplarynyň döredilmeýändigini göz öňünde tutup, depozit şertnamasy baglaşylan ýagdaýynda bank tarapyndan müşderä teklip ediljek iň ýokary göterim derejesiniň möçberini kesgitlemeli.

## 6.10-njy mesele

Täjirçilik banky nominal gymmaty 1000 manat bolan baýrakly (diskontly) wekseli ýuridik şahsa satýar. Weksel boýunça tölegiň möhleti 60 günden soň gelip ýetýär, göterim derejesi ýyllyk 12%.

**Talap.** Weksel boýunça baýragyň ýa-da indirimiň möçberini hasaplamaly.

## 6.11-nji mesele

Ýuridik şahs öň satyn alan täjirçilik bankynyň baýrakly (diskontly) wekselini tölegi almak üçin möhletinden öň şol banka tabşyrýar. Weksel boýunça

tölegiň möhleti 20 günden soň gelip ýetýär. Wekseliň nominal gymmaty 1000 manat, ýyllyk göterim derejesi 8%.

**Talaplar:**

1. Weksel boýunça baýragyň möçberini hasaplamaly.
2. Weksel boýunça bankyň tölemeli pul serişdesiniň möçberini kesgitlemeli.

# 7-NJI TEMA. TÄJIRÇILIK BANKYNYŇ GIRDEJILERI WE ÇYKDAJYLARY

Girdejiler aşakdaky görnüşlerde toparlara jemlenýär:

* bankyň amal işinden alnan girdejiler (göterim girdejisi, hasaplaşyk-kassa hyzmatyny etmekden alynýan girdeji, gymmatly kagyzlar bilen amallardan alynýan kupon girdejisi we ş.m.);

* işiň beýleki görnüşlerinden alnan girdejiler (faktoring, lizing, trast, maslahat beriş hyzmatlary, diling we bank tarapyndan edilen beýleki hyzmatlardan gelýän girdejiler);

* bank tarapyndan “gazanylmadyk“ girdejiler (tamamlanmadyk geleşiklerden gelýän girdejiler – gymmatly kagyzlar bilen amallar boýunça peýdalanylmadyk girdeji, daşary ýurt pulundaky amallar boýunça peýdalanylmadyk girdeji we beýlekiler).

Degişlilikde, bankyň çykdajylary üç topara bölünýär:

* bankyň amal çykdajylary (göterim we esasy işe degişli beýleki çykdajylar);

* bankyň hereket etmegini üpjün edýän çykdajylar (işgärleriň zähmet haky, jaýlary, tehnikany abatlamak we saklamak, mahabat we beýlekiler);

* bankyň töwekgelçiligini ýapmak üçin çykdajylar (töwekgelçiligiň dürli görnüşlerini ýapmak üçin döredilýän ätiýaçlyk gorlary, jerimeler, puşmana pullary, tölenmedik jerimeler, tamamlanmadyk önümçilik we beýlekiler).

Birinji üç mesele bankyň girdejileriniň, çykdajylarynyň gurluş düzümine, düzümleýin seljerme geçirmegiň esasynda girdejiligiň derejesine hil taýdan baha bermäge bagyşlanandyr. Girdejileri we çykdajylary topara bölmegiň (klassifikasiýa) ölçegleri olaryň görnüşi (göterim, hyzmat haky, gaýry görnüşler), girdejileriň we çykdajylaryň häsiýeti (amal girdejileri, çykdajylary, işiň beýleki, adaty däl görnüşlerinden alynýan girdejiler, gymmatly kagyzlara we daşary ýurt pulundaky serişdelere gaýtadan baha bermek bilen bagly, bank tarapyndan “gazanylmadyk” girdejiler, bankyň hereket etmegini üpjün edýän çykdajylar, bank ulgamynda töwekgelçilik derejesini peseltmek boýunça amallar bilen bagly çykdajylar), durnuklylyk derejesi, hasaba alyş usuly, salgyt salynýan binýadyň kesgitlenmegine edýän täsiri, olaryň degişli bolan döwri, bank täjirçiliginiň görnüşi (karz telekeçiliginden, gymmatly kagyzlar bilen telekeçilikden, daşary ýurt puly bilen amallardan we ş.m. alynýan girdejiler).

7.1 we 7.2-nji meselelerde olaryň görnüşiniň (formasynyň), bank täjirçiliginiň görnüşiniň we durnuklylyk derejesiniň esasynda girdejileriň düzümleýin seljerişine seredilýär.

7.3-nji meselede girdejileri we çykdajylary toparlara bölmegiň beýleki usullary açylyp görkezilýär.

7.4-nji meselede göterim girdejisine seljerme geçirmegiň käbir usullaryny açyp görkezýär.

7.5, 7.6 we 7.7-nji meseleler maliýe koeffisientleri ulgamynyň esasynda bankyň girdejililik derejesine baha bermegiň usullary bilen tanyşdyrýar.

Şu koeffisientler hasaplananda aşakdaky formulalary peýdalanmak maslahat berilýär.

$$\text{Göterim maržasynyň koeffisienti} = \frac{\text{Göterim maržasy}}{\text{Girdeji getirýän aktiwler (ýa-da aktiwler)}}$$

Koeffisientiň dünýä standartlary - 3 - 4%.

Göterimsiz girdejiniň derejesini häsiýetlendirýän koeffisient =

$$= \frac{\text{Göterimsiz (göterim däl) girdeji}}{\text{Aktiwler}}$$

Koeffisientiň dünýä standartlary -1%.

Göterimsiz çykdajynyň derejesini häsiýetlendirýän koeffisient =

$$= \frac{\text{Göterimsiz çykdajylar}}{\text{Aktiwler}}$$

Çykdajylaryň derejesine baha berlende koeffisientiň dinamikasy (depgini) möhümdir.

Göterimli we göterimsiz arassa girdejiniň gatnaşygyny häsiýetlendirýän koeffisient =

$$= \frac{\text{Göterimsiz girdeji – Göterimsiz çykdajy}}{\text{Göterim maržasy}}$$

Koeffisientiň dünýä standartlary 48-den 67%-e çenli üýtgeýär.

7.5 – 7.7 meseleler çözülende göterim maržasynyň pese gaçmagynyň we “ýüküň” artmagynyň bankyň batmak ýoluna düşmeginiň alamatlary bolup durýandygyny hasaba almak gerek. Soňky ýagdaý (“ýüküň” artmagy) göterimsiz çykdajynyň göterimsiz girdejiden ýokary gelmegi bilen häsiýetlendirilýär.

## 7.1-nji mesele

Ýylyň dowamynda täjirçilik bankynyň girdejileriniň düzümi *7.1-nji tablisada* getirilen maglumatlar bilen häsiýetlendirilýär.

***7.1-nji tablisa***

*müň manat*

| Görkezijiler | I çärýek | I ýarym ýyl | 9 aý | Ýyl |
|---|---|---|---|---|
| Karzlar boýunça alnan göterimler | | | | |
| Şol sanda möhleti geçirilen karzlar boýunça | | | | |
| Karz hyzmatlary üçin alnan hyzmat haky (karz serişdeler üçin töleg) | | | | |
| Depozit seýfinden peýdalanylandygy üçin hyzmat haky | | | | |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Müşderiler tarapyndan telegraf çykdajylarynyň öweziniň dolunmagy<br>Gymmat bahaly metaly satmakdan alnan girdeji<br>Bazarda beýleki emitentleriň gymmatly kagyzlaryny satmakdan alnan girdeji<br>Daşary ýurt puluny satyn almakdan-satmakdan gelen girdejiler<br>Daşary ýurt puly bilen geçirilen amallardan alnan hyzmat haky<br>Plastik kartlar bilen nagt pul bermekden alnan girdejiler<br>Plastik kartlaryň ýitirilmegi bilen baglanyşykly amallar boýunça hyzmat haky<br>Kassa amallaryndan girdejiler<br>Döwletiň gazna obligasiýalary bilen fýuçers amallaryndan girdejiler<br>Kuponlar boýunça girdejiler<br>Korporatiw wekselleri ýerlemekden gelen girdejiler<br>Müşderilere nagt pullary eltip bermek boýunça hyzmatlar üçin hyzmat haky<br>Telekommunikasiýa hyzmatlary üçin hyzmat haky<br>Hümmet tapawudyndan girdejiler<br>Kärendeden girdejiler<br>Inkassasiýa boýunça hyzmatlar üçin girdejiler<br>Forward geleşiklerinden girdejiler<br>Hasaplaýyş pul tehnikasyny bermek boýunça hyzmatlardan girdejiler | | | | |

**Talaplar:**

1. Bankyň girdejileriniň toparlara bölünişiniň ölçeglerini (kriterilerini) aýdyp bermeli.
2. Girdejiniň görnüşi we onuň durnuklylyk derejesi ýaly ölçegleriň esasynda bankyň girdejileriniň gurluş düzümini kesgitlemeli.
3. Girdejileriň gurluşyna hil taýdan baha bermeli.

## 7.2-nji mesele

Peýdalar we ýitgiler baradaky hasabat *7.2-nji tablisada* getirilýär.

***7.2-nji tablisa***

*müň manat*

| Maddaryň ady | I çärýek | II çärýek |
|---|---|---|
| **I. Bankyň girdejileri**<br>Berlen karzlar (möhletli) boýunça alnan göterimler | | |

| | | |
|---|---|---|
| Möhletinde tölenmedik karzlar (möhleti geçirilen karzlar) üçin alnan göterimler<br>Möhleti geçirilen göterimlerden alnan girdejiler<br>Açylan hasaplar boýunça alnan göterimler<br>Depozitler boýunça alnan göterimler<br>Uzak möhletli borçnamalar boýunça göterim girdejisi<br>Wekseller boýunça göterim girdejiler<br>Wekseller boýunça diskont girdejiler<br>Gymmatly kagyzlary gaýtadan satmakdan alnan girdejiler<br>Gymmatly kagyzlara gaýtadan baha bermekden alnan girdejiler<br>Daşary ýurt puly bilen bagly amallardan alnan girdejiler<br>Şol sanda:<br>alyş-çalyş amallary boýunça hyzmat haky<br>hasaplara gaýtadan baha bermekden alnan girdejiler<br>konwersion amallardan hümmet tapawudy boýunça girdejiler<br>Alnan jerimeler, puşmana pullary, tölenilmedik jerimeler<br>Beýleki girdejiler<br>Şol sanda:<br>gymmat bahaly metallar bilen amallardan<br>bank hyzmatlary üçin hyzmat haky<br>forward amallaryndan<br>fýuçers amallaryndan<br>resminamalaryň taýýarlanmagy üçin<br>gaýry girdejiler | | |
| **Jemi girdejiler** | | |
| Maddaryň ady | I çärýek | II çärýek |
| **II. Bankyň çykdajylary**<br>Çekilen karzlar üçin tölenen göterimler<br>Möhleti geçen karzlar üçin tölenen göterimler<br>Karzlar üçin tölenen möhleti geçen göterimler<br>Açylan hasaplar boýunça tölenen göterimler<br>Depozitler boýunça tölenen göterimler<br>Şahsy taraplaryň depozitleri boýunça tölenen göterimler<br>Çykarylan gymmatly kagyzlar boýunça çykdajylar<br>Şol sanda:<br>süýşürintgi sertifikatlary boýunça göterim çykdajylar<br>wekseller boýunça göterim çykdajylar<br>gymmatly kagyzlary gaýtadan satmak boýunça çykdajylar<br>Daşary ýurt puly bilen bagly amallar boýunça çykdajylar<br>Şol sanda:<br>daşary ýurt puly biržalaryndaky amallar boýunça hyzmat haky<br>hasaplara gaýtadan baha bermekden emele gelen çykdajylar<br>Dolandyryş edarasyny saklamak üçin çykdajylar<br>Ýaşaýyş-durmuş çykdajylary<br>Tölenen jerimeler, puşmana pullary, tölenilmedik jerimeler<br>Beýleki çykdajylar<br>Şol sanda: | | |

| | | |
|---|---|---|
| ätiýaçlyk gorlara geçirimler<br>tölenen hyzmat haky<br>beýleki amal çykdajylary | | |
| **Jemi çykdajylar**<br>**III. Peýda**<br>**Ýitgiler** | | |

Bank forward we fýuçers amallaryny daşary ýurt pulunda amala aşyrýar.

Çärýekde aktiwleriň ortaça möçberi 135 900 müň manada, şol sanda girdeji getirýän aktiwler 119 400 müň manada deňdir; II çärýekde 140 000 müň manada, şol sanda girdeji getirýän aktiwler 125 700 müň manada deňdir.

**Talaplar:**

1. Bahanyň görnüşinden (formasyndan), bank täjirçiliginiň görnüşinden we durnuklylyk derejesinden ugur alyp, bankyň girdejileriniň we çykdajyylarynyň gurluşyny kesgitlemeli.
2. Olaryň gurluşynyň esasynda girdejilere we çykdajylara hil taýdan baha bermeli.

## 7.3-nji mesele

Hasabat çärýeginde bankyň girdejileri we çykdajylary baradaky maglumatlaryň esasynda *(7.3-nji tablisa)* seljerme geçiriň we netije çykaryň.

**Tabşyryk (ýumuş):**

1. Bankyň girdejilerini we çykdajylaryny toparlara jemlemegiň nähili ýörelgelerini bilýärsiňiz? Olara häsiýetnama beriň, şeýle hem seljermek üçin girdejileri we çykdajylary toparlara jemlemegiň dürli usullaryny berýän mümkinçilikleri aýdyp beriň.
2. Bar bolan maglumatlaryň esasynda girdejileri amal girdejilerine, girdejileriň beýleki görnüşlerine we bank tarapyndan „gazanylmadyk“ girdejilere, degişlilikde, bankyň hereket etmegini üpjün edýän çykdajylara amal çykdajylaryna we bank işindäki töwekgelçilikleri ýapmak üçin çykdajylara bölüň.
3. Girdejileriň we çykdajylaryň toparlara jemlenişine seljerme geçiriň we netije çykaryň.

***7.3-nji tablisa***

| **Maddalaryň ady** | **müň manat** |
|---|---|
| **Banklaryň girdejileri**<br>Berlen karzlar boýunça alnan göterimler:<br>döwletiňki däl täjirçilik guramalaryna berlen karzlar<br>raýatlara berlen karzlar<br>karz guramalaryna berlen karzlar<br>rezident däl (dahylsyz) banklara berlen karzlar | |
| Maddalaryň ady | müň manat |
| Möhleti geçen göterimlerden alnan:<br>Döwlete dahylsyz täjirçilik guramalaryndan<br>raýatlardan | |

| | |
|---|---|
| Açylan hasaplar boýunça alnan göterimler:<br>karz guramalarynda we olaryň edaralarynda açylan hasaplar<br>Karz guramalaryndaky depozitler boýunça alnan göterimler<br>Bergi borçnamalardan göterim girdejisi<br>Karz guramalarynyň wekselleri boýunça göterim girdejisi<br>Gymmatly kagyzlary gaýtadan satmakdan, üzmekden alnan girdejeler<br>Gymmatly kagyzlar bilen amallardan alnan beýleki girdejiler<br>Daşary ýurt puly bilen amallar boýunça alnan girdejiler<br>Daşary ýurt pulundaky hasaplara gaýtadan baha bermekden alnan girdejiler<br>Alnan jerimeler, puşmana pullary, tölenilmedik jerimeler<br>Beýleki girdejiler:<br>gaznalaryň we ätiýaçlyk goralaryň hasaplaryndan dikeldilen pul möçberleri<br>Alnan hyzmat haky<br>Alnan beýleki girdejiler | |
| Jemi girdejiler | |
| **Banklaryň çykdajylary**<br>Alnan karzlar üçin tölenen göterimler<br>Açylan hasaplar boýunça bankyň müşderisine tölenen göterimler<br>Depozitler boýunça tölenen göterimler<br>Çykarylan gymmatly kagyzlar boýunça çykdajylar<br>Gymmatly kagyzlar bilen amallar boýunça beýleki çykdajylar<br>Daşary ýurt puly bilen bagly amallar boýunça tölenen çykdajylar<br>Dolandyryş edarasyny saklamak üçin çykdajylar<br>Tölenen jerimeler, puşmana pullary, tölenilmedik jerimeler<br>Gaznalara we ätiýaçlyk gorlaryna geçirimler<br>Tölenen hyzmat haky | |
| Maddalaryň ady | müň manat |
| Beýleki amal çykdajylary – jemi<br>Şol sanda:<br>hasaplaýyş tehnikasy üçin töleg<br>poçta, telegraf we telefon çykdajylary<br>ulanyş tutumlary (amortizasiýa)<br>jaýlary saklamak<br>Beýleki geçirilen çykdajylar | |
| Çykdajylaryň hemmesi | |

## 7.4-nji mesele

*7.4-nji tablisada* getirilen maglumatlaryň esasynda ortaça ölçenen göterim möçberiniň derejesiniň we aktiwleriň möçberiniň depgininiň çärýekde bankyň göterim girdejisiniň umumy möçberine täsir ediş derejesini kesgitlemeli.

***7.4-nji tablisa***

| Görkezijiler | I çärýek | I çärýek | I çärýek | IV çärýek |
|---|---|---|---|---|
| Çärýekde göterim girdejisi, mln. manat<br>Girdeji getirýän aktiwler boýunça çärýekleýin göterim möçberiniň ortaça derejesi, %<br>Göterim girdejisini getirýän aktiwleriň | | | | |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| ortaça çärýekleýin möçberi, mln. manat | | | | |

Görkezilen faktorlaryň göterim girdejisiniň möçberine täsir ediş derejesini hasaplamak üçin çalşyrma usulyny peýdalanmak maslahat berilýär.

1. Göterim möçberiniň ortaça derejesiniň depgininiň täsiri:

$$\Delta OD = (Y - Yo)Vo,$$

bu ýerde ΔOD – seredilýän faktoryň hasabyna umumy göterim möçberiniň üýtgeýşi;

Y – şu çärýekde ortaça çärýekleýin göterim derejesi;

Yo – geçen çärýekde ortaça çärýekleýin göterim derejesi;

Vo – geçen çärýekde girdeji getirýän aktiwleriň ortaça möçberi.

2. Göterim girdejisini getirýän aktiwleriň möçberiniň depginiň täsiri:

$$\Delta OD = (V - Vo)Y,$$

bu ýerde V - göterim girdejisini getirýän aktiwleriň şu çärýekdäki ortaça möçberi.

## 7.5-nji mesele

Täjirçilik bankynyň girdejililik derejesine *7.5-nji tablisada* getirilen maglumatlardan ugur alyp, maliýe koeffisientleriniň esasynda baha berilýär.

***7.5-nji tablisa***

*müň manat*

| Maddalaryň ady | Ýyl | Şol sanda çärýekler boýunça | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | I | II | III | IV |
| Döwürde göterim maržasy<br>Döwürde aktiwleriň ortaça galyndysy<br>Şol sanda:<br>Girdeji getirýän aktiwler<br>olardan:<br>karzlar<br>beýleki kärhanalara serişdeleri goýmak<br>gymmatly kagyzlara serişdeleri goýmak<br>Döwürde göterimsiz girdeji<br>Döwürde göterimsiz çykdajy<br>Bazarda gymmatly kagyzlar bilen amallardan alnan girdeji<br>Garaşylmadyk girdejiler<br>Bankyň girdejisi<br>Döwürde tölenen diwidendler<br>Artdyrylan göterimleri hasaba almazdan, döwürde arassa peýda | | | | | |

**Talaplar:**

1. Aşakdakylary häsiýetlendirýän maliýe koeffisientlerini hasaplap çykarmaly:

göterim maržasynyň derejesini;

göterimsiz girdejiniň derejesini;

göterimsiz çykdajynyň derejesini;

peýdany emele getirmegiň göterimli we göterimsiz çeşmelerini.

2. Koeffisientleriň hakyky derejesini dünýä standartlary bilen deňeşdirmeli.

3. Girdejiniň belli bir derejede durnukly bölegini kesgitlemeli.

4. Hasabat ýylynda koeffisientleriň depginine seljerme geçirmeli; göterim maržasynyň we "ýüküň" depgininiň esasynda bankyň maliýe ýagdaýyna baha bermeli.

## 7.6-njy mesele

Täjirçilik bankynyň girdejililiginiň ýyllyk derejesine *7.6-njy tablisada* getirilen üç ýylyň hakyky maglumatlaryndan ugur alyp, maliýe koeffisientleriniň esasynda baha berildi.

***7.6-njy tablisa***

*müň manat*

| Maddalaryň ady | Birinji ýyl | Ikinji ýyl | Üçünji ýyl |
|---|---|---|---|
| Döwürde göterim maržasy | | | |
| Döwürde aktiwleriň ortaça galyndysy | | | |
| Şol sanda: | | | |
| girdeji getirýän aktiwler | | | |
| olardan: | | | |
| karzlar | | | |
| beýleki kärhanalara serişdeleri goýmak | | | |
| gymmatly kagyzlara serişdeleri goýmak | | | |
| faktoring amallaryna serişdeleri goýmak | | | |
| Döwürde göterimsiz girdeji | | | |
| Döwürde göterimsiz çykdajy | | | |
| Bazarda gymmatly kagyzlar bilen amallardan alnan girdeji | | | |
| Garaşylmadyk girdejiler | | | |
| Bankyň girdejileriniň umumy möçberi | | | |
| Döwürde tölenen diwidendler | | | |

**Talaplar:**

1. Täjirçilik bankynyň girdejililik derejesini häsiýetlendirýän maliýe koeffisientlerini hasaplap çykarmaly.

2. Girdejililik derejesine:

a) koeffisientleriň hakyky ähmiýetini dünýä standartlary bilen deňeşdirmek;

b) koeffisientleriň depginine seljerme geçirmek;

ç) girdeji çeşmelerine gurluş we hil taýdan seljerme geçirmek ýoly bilen baha bermeli.

## 7.7-nji mesele

Bankyň gündelik işiniň netijeleri *7.7-nji tablisada* getirilen maglumatlar bilen häsiýetlendirilýär.

***7.7-nji tablisa***

*müň manat*

| Maddalaryň ady | Geçen ýyl | | | Hasabat ýyly | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | I çär. | II çär. | III çär. | I çär. | II çär. | III çär. |
| Döwürde göterim maržasy<br>Döwürde aktiwleriň ortaça galyndysy<br>Şol sanda:<br>girdeji getirýän aktiwler<br>olardan:<br>karzlar<br>beýleki kärhanalara serişdeleri goýmak<br>gymmatly kagyzlara serişdeleri goýmak<br>beýlekiler<br>Döwürde göterimsiz girdeji<br>Döwürde göterimsiz çykdajy<br>Bazarda gymmatly kagyzlar bilen amallardan alnan girdeji<br>Garaşylmadyk girdejiler<br>Bankyň girdejileriň umumy möçberi<br>Döwürde tölenen diwidendler | | | | | | |

**Talaplar:**

1. Bankyň girdejisiniň gurluşyny kesgitlemeli.
2. Girdejililik derejesini häsiýetlendirýän maliýe koeffisientlerini hasaplap çykarmaly.
3. Täjirçilik bankynyň girdejililik derejesine deňeşdirme baha bermeli.

# 8-NJI TEMA. PEÝDANY EMELE GETIRMEK WE ONUŇ DEREJESINE BAHA BERMEK

Bankyň peýdalylygyna baha berlende iki esasy ugur bölünip görkezilýär: bankyň girdeji binýadyna mukdar taýdan seljerme geçirmek we hil taýdan baha bermek. Mukdar taýdan seljerme geçirmek maliýe koeffisientlerine, olaryň üýtgeýiş depginine berilýän baha, olaryň derejesine täsir edýän faktorlaryň seljermesine esaslanýar.

Şu temanyň meseleleri täjirçilik banklaryň balans peýdasyny emele getirmegiň modelleriniň mazmunyny we bankyň düşewüntlilik derejesine baha bermegiň usullaryny görkezýär.

8.1-8.2-nji meseleler bankyň peýdasynyň girdeji we çykdajy hasaplaryny döwürleýin ýapmagyň we olaryň tapawudyny (saldo) peýdalar ýa-da ýitgiler hasabyna degişli etmegiň esasynda emele getirilişine bagyşlanýar.

8.3-8.4-nji meselelerde bankyň peýdalylyk derejesine seljerme geçirmegiň usullaryna seredilýär.

Bu meseleleri çözmegiň esasynda dünýä tejribesinde peýdalanylýan koeffisientler goýuldy. Olaryň arasynda şulary görkezip bolar: **ROA** – aktiwleriň düşewüntlilik görkezijisi, ol salgyt tölenenden soňky, ýöne diwündendler tölenmezinden öňki arassa peýdanyň aktiwlere bolan gatnaşygy hökmünde kesgitlenýär; **ROE** – maýanyň düşewünlilik görkezijisi, ol arassa peýdanyň bankyň paýdarlar maýasyna gatnaşygy hökmünde kesgitlenýär. Seljerme geçirilende şu binýatlyk koeffisientleriň arasyndaky özara baglanyşyga hem daýanylýar.

## 8.1-nji mesele

Girdeji we çykdajy hasaplarynda 31-nji martdaky ýagdaýa görä galyndylar *8.1-nji tablisada* getirilýär.

***8.1-nji tablisa***

| Hasabyň belgisi | Hasabyň ady | Galyndy, müň manat |
|---|---|---|
| | Berlen karzlar üçin alnan göterimler<br>Gymmatly kagyzlar bilen amallardan alnan girdejiler<br>Daşary ýurt puly we daşary ýurt pulundaky beýleki gymmatlyklar bilen amallardan alnan girdejiler<br>Banklaryň guramalary boýunça girdejiler<br>Beýleki girdejiler<br>Çekilen karzlar üçin tölenen göterimler<br>Çekilen serişdeler üçin ýuridik şahslara tölenen göterimler<br>Depozitler boýunça fiziki şahslara tölenen göterimler<br>Gymmatly kagyzlar bilen amallar boýunça çykdajylar<br>Daşary ýurt puly we daşary ýurt pulundaky beýleki gymmatlyklar bilen amallar boýunça çykdajylar<br>Dolandyryş edarasyny saklamak üçin çykdajylar | |

| | | |
|---|---|---|
| | Banklaryň guramalary boýunça çykdajylar<br>Tölenen jerimeler, puşmana pullary, tölenilmedik jerimeler<br>Beýleki çykdajylar | |

**Talaplar:**

1. Girdeji we çykdajy hasaplaryny ýapmagyň tertibini düşündirmek.
2. I çärýekde işiň maliýe netijelerini kesgitlemek.

## 8.2-nji mesele

*8.2-nji tablisada* getirilen maglumatlary hasaba almak bilen, I çärýegiň, I ýarym ýylyň ahyrynda, 9 aýda we bir ýylda bankyň balans peýdasyny kesgitlemeli.

***8.2-nji tablisa***

*müň manat*

| Aý | Döwürde amal we beýleki girdejiler | Çykdajylar | | | Doly ulanyş tutumy alynmadyk, çykyp giden esasy gaznalaryň çykdajylaryň hasabyna hasapdan öçürmek |
|---|---|---|---|---|---|
| | | amal | dolandyryş edarasyny saklamak üçin | tölenen puşmana pullary, jerimeler, | |
| Ýanwar<br>Fewral<br>Mart<br>Aprel<br>Maý<br>Iýun<br>Iýul<br>Awgust<br>Sentýabr<br>Oktýabr<br>Noýabr<br>Dekabr | | | | | |

Girdeji we çykdajy hasaplaryny ýapmak bank tarapyndan her aýda geçirilýär.

Soňky ýylyň ýanwar aýynda jemleýji dolanyşyklar şulara deň boldy: girdejiler 500 müň manat we çykdajylar 800 müň manat.

## 8.3-nji mesele

Balans hasaplarynda görkezilen, girdejiler we çykdajylar baradaky maglumatlaryň *(8.3-nji tablisa)* esasynda I çärýegiň ahyryndaky ýagdaýa bankyň işiniň netijelerini kesgitlemeli.

***8.3-nji tablisa***

*müň manat*

| Ikinji tertibiň balans hasaplary | Döwür | | |
|---|---|---|---|
| | ýanwar | fewral | mart |
| Berlen karzlar üçin alnan göterimler | | | |
| Gymmatly kagyzlar bilen amallardan alnan girdejiler | | | |
| Daşary ýurt puly we daşary ýurt pulundaky beýleki gymmatlyklar bilen amallardan alnan girdejiler | | | |
| Beýleki girdejiler | | | |
| Çekilen karzlar üçin tölenen göterimler | | | |
| Çekilen serişdeler üçin ýuridik taraplara tölenen göterimler | | | |
| Depozitler boýunça şahsy taraplara tölenen göterimler | | | |
| Gymmatly kagyzlar bilen amallar boýunça çykdajylar | | | |
| Daşary ýurt puly we daşary ýurt pulundaky beýleki gymmatlyklar bilen amallar boýunça çykdajylar | | | |
| Dolandyryş edarasyny saklamak üçin çykdajylar | | | |
| Tölenen jerimeler, puşmana pullary | | | |
| Beýleki çykdajylar | | | |

## 8.4-nji mesele

Geljek ýylda bankyň bazarda özüni alyp baryş taktikasyny işläp taýýarlamak üçin ýolbaşçylyk seljeriş bölümine hasabat döwründe bankyň peýdalylygyna we düşewüntliligine baha bermegi geçirmegi tabşyrypdyr *(8.4.1-8.4.4-nji tablisalar)*. Bankyň seljeriş bölüminiň baş bilermeni özüniň ýolbaşçysyndan ähli faktorlaryň esasy maliýe koeffisientlerine edýän täsirini hasaba almak bilen, bankyň peýdalylygyna seljerme geçirmek barada tabşyryk alypdyr. Geçirilen işiň netijeleri boýunça ROA we ROE görkezijileriniň üýtgemeginiň sebäplerini görkezmeli we olaryň ähmiýetini ýokarlandyrmak boýunça teklipleri bermeli.

Baş bilermen seljerme geçirmäge we netijeleri hem-de teklipleri taýýarlamaga kömek bermegi haýyş edip size ýüz tutýar. Ol şeýle işi geçirmek üçin zerur bolan ähli maglumatlary berýär.

Seljerme geçirilende daşky faktorlara üns beriň: ykdysadyýetde maliýe bazarlarynyň işiniň çäklenmegi bellenilýär, geljek döwürde hümmetsizlenme

derejesi 1%-e deň bolar diýlip çaklanylýar, indiki ýylda Merkezi bankyň talaplary güýçlener diýlip garaşylýar, hökümet gymmatly kagyzlar bazaryny korporatiw gymmatly kagyzlar bazarynyň girdejililigini ýokarlandyrmak babatynda üýtgedip gurmagy maksat edinýär.

**Talaplar:**

1. ROA we ROE görkezijileriniň üýtgeýşindäki meýiller barada özüňize berlen maglumatlaryň esasynda faktorlaýyn seljerme geçirmeli.

2. Geçirilen seljermäniň jemleri boýunça netijeleri we teklipleri taýýarlamaly.

3. Netijeleri seljeriş bölüminiň bilermenine bermek üçin netijenama görnüşinde resmileşdirmeli.

***8.4.1-nji tablisa***

**Bankyň peýdalylyk we düşewüntlilik görkezijileriniň üýtgeýiş depgini**

| Görkezijilier | 01.04. | 01.07. | 01.10. |
|---|---|---|---|
| ROA<br>ROE<br>Lf* | | | |

*Maliýe guraly (ryçag) aktiwleriň ortaça möçberiniň esaslyk maýa gatnaşygy hökmünde hasaplandy.

***8.4.2-nji tablisa***

**Hasabat döwründe bankyň girdejileriniň we çykdajylarynyň gurluşy**

*müň manat*

| Bankyň girdejileri we çykdajy maddalarynyň ady | 01.04. | 01.07. | 01.10. | III çärýek |
|---|---|---|---|---|
| Göterim girdejileri<br>Göterim çykdajylary<br>Göterim maržasy<br>Şol sanda daşary ýurt pulundaky amallardan girdeji<br>Bankara karzlary boýunça girdejiler<br>Göterim çykdajylary<br>Şol sanda:<br>hasaplaşyk hasaplary boýunça<br>ýuridik şahslaryň depozitleri boýunça<br>möhletli depozitler boýunça<br>daşary ýurt pulundaky depozitler boýunça<br>bankara karzlar boýunça<br>Amallaryň aýry-aýry görnüşleri boýunça göterim maržasy:<br>daşary ýurt pulundaky amallar boýunça<br>bankara karzlar boýunça | | | | |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Gymmatly kagyzlar bilen amallardan girdeji girdejiler<br>Gymmatly kagyzlar boýunça amallar boýunça çykdajylar<br>Gymmatly kagyzlar bilen geçirilen amallardan marža<br>Hyzmat haky girdejileri<br>Çykdajylar (hyzmat haky)<br>Marža (hyzmat haky)<br>Jemi girdejiler – hemmesi | | | | |
| Bankyň girdejileri we çykdajy maddalarynyň ady | 01.04. | 01.07. | 01.10. | III çärýek |
| Jemi çykdajylar – hemmesi<br>Balans peýda<br>Ýitgi hökmünde hasapdan öçürileni<br>Salgytlar tölenmezden öňki peýda<br>Salgytlar<br>Arassa peýda | | | | |

*8.4.3-nji tablisa*

## Bankyň balansynyň aktiwiniň hereketde (depginde) gurluşy, %

| **Aktiwiň maddalarynyň ady** | **01.01.** | **01.04.** | | **01.07.** | | **01.10.** | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | **Tutýan orny** | **Tutýan orny** | **Ösüş depgini** | **Tutýan orny** | **Ösüş depgini** | **Tutýan orny** | **Ösüş depgini** |
| Pul serişdeleri<br>Banklardaky “nostro” hasaplary<br>Gymmatly kagyzlar bukjasy<br>Şol sanda döwletiň gymmatly kagyzlary<br>Karz bukjasy<br>Şol sanda:<br>daşary ýurt pulundaky karzlar<br>bankara karzlar<br>möhleti geçen bergi – jemi<br>Hökmany ätiýaçlyklar gaznasy | | | | | | | |

| **Aktiwiň maddalarynyň ady** | **01.01.** | **01.04.** | | **01.07.** | | **01.10.** | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | **Tutýan orny** | **Tutýan orny** | **Ösüş depgini** | **Tutýan orny** | **Ösüş depgini** | **Tutýan orny** | **Ösüş depgini** |
| Maddy aktiwler<br>Geljek döwürleriň çykdajylary<br>Peýdanyň hasabyna | | | | | | | |

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| çekilen ýitgiler<br>Daşary ýurt pulundaky amallar boýunça ýaramaz tapawut<br>Şahamçaara dolanyşyklar<br>Gaýry aktiwler | | | | | | | |
| Jemi aktiwler | | | | | | | |

*8.4.4-nji tablisa*

**Bankyň balansynyň passiwiniň hereketde (depginde) gurluşy, %**

| Passiwiň maddalarynyň ady | 01.01. | 01.04. | | 01.07. | | 01.10. | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Tutýan orny | Tutýan orny | Ösüş depgini | Tutýan orny | Ösüş depgini | Tutýan orny | Ösüş depgini |
| Bankyň gaznalary<br>Ätiýaçlyk gorlary<br>Hususy serişdeleri – jemi<br>Çekilen serişdeler – jemi<br>Şol sanda:<br>hasaplaşyk we gündelik hasaplar<br>„loro“ hasaplaryndaky galyndylar | | | | | | | |

| Passiwiň maddalarynyň ady | 01.01. | 01.04. | | 01.07. | | 01.10. | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Tutýan orny | Tutýan orny | Ösüş depgini | Tutýan orny | Ösüş depgini | Tutýan orny | Ösüş depgini |
| Geljek döwürleriň girdejileri<br>Dellalçylyk amallary boýunça müşderileriň serişdeleri<br>Hasaplaşyklar<br>Bankara karzlar<br>Peýda – jemi<br>Wekseller<br>Gaýry passiwler | | | | | | | |
| Jemi passiwler | | | | | | | |

## 8.5-nji mesele

Täjirçilik bankynyň peýdasynyň emele getirilýän çeşmeleri çärýekler boýunça *8.5-nji tablisa* getirilen maglumatlar bilen häsiýetlendirilýär.

***8.5-nji tablisa***
*mln. manat*

| Görkezijiler | I çärýek | II çärýek | III çärýek | IV çärýek |
|---|---|---|---|---|
| Göterim girdejisi | | | | |
| Göterim çykdajysy | | | | |
| Göterim maržasy | | | | |
| Amal däl işden alnan girdejiler we gaýry göterim däl girdejiler | | | | |
| Bankyň funksional işini üpjün etmek üçin çykdajylar we gaýry göterim däl çykdajylar | | | | |
| „Ýük“ (5 ≥ 4) | | | | |
| Bazarda gymmatly kagyzlar bilen amallardan girdejiler (+), ýitgiler (-) | | | | |
| Daşary ýurt pulundaky serişdelere gaýtadan baha bermek (+, -)\ | | | | |
| Bankyň emlägini ýerlemekden alnan girdejiler | | | | |
| Jemi girdeji (+), ýitgi (-) | | | | |

Jemi girdejiniň depginine we onuň çeşmelerine baha bermek talap edilýär.

## 8.6-njy mesele

Peýdanyň hususy maýasyna gatnaşygyna deň bolan koeffisientiň depginine faktlar boýunça seljerme geçirmek üçin *8.6-njy tablisada* bir ýylyň maglumaty getirildi.

***8.6-njy tablisa***

| **Görkezijiler** | **I çärýek** | **II çärýek** | **III çärýek** | **IV çärýek** |
|---|---|---|---|---|
| Peýda/Hususy maýasy (P/HM) | | | | |
| Girdeji/Aktiwler | | | | |
| Aktiwler/Hususy maýasy | | | | |
| Peýda/Girdeji | | | | |
| Girdeji getirýän aktiwler/Aktiwler | | | | |
| Peýda/Aktiwler | | | | |

**Talaplar:**

1. P/HM koeffisientini köpeldijilere paýlamak ýoly bilen, täjirçilik bankynyň peýdalylyk derejesine faktrorlaýyn seljerme geçirmegiň modelini kesgitlemeli.
2. P/HM koeffisientiniň depgini peseldiji we ýokarlandyryjy faktorlary ýüze çykarmaly.
3. Şu faktorlaryň esasynda seljermäniň mümkin bolan ugurlaryny kesgitlemeli.

# 9-NJY TEMA. GÖTERIM MARŽASY

Bank işjeňliginiň möhüm görkezijisi bolup durýan göterim maržasy bankyň girdejileriniň we çykdajylarynyň gatnaşygyny görkezýär. Göterim maržasy täjirçilik bankynyň göterim girdejileriniň we çykdajylarynyň arasyndaky tapawut hökmünde kesgitlenilýär, ýagny alnan we tölenen göterimleriň arasyndaky tapawut. Bu görkezijiniň wajyplygy karz amallaryň girdejililigini görkezýän görkezijiniň marža bolup durýanlygy we şol bir wagtyň özünde maržanyň hasabyna bankyň öz harajatlaryny ýapmak mümkinçiliklerini görkezýänligi bilen kesgitlenilýär.

Göterim maržasyna seljerme geçirmegiň esasy tärleri şular bolup durýar:

* hakyky maržanyň koeffisientini ýeterlik maržanyň koeffisienti bilen deňeşdirmek;

* koeffisientleriň depginine baha bermek;

* hakyky göterim maržasynyň koeffisientiniň derejesiniň üýtgeýşine faktor seljermesi;

* hakyky göterim maržasynyň dürli usullar bilen (girdeji getirýän aktiwleri ýa-da bankyň ähli aktiwlerini hasaba alyp) hasaplanyp çykarylan koeffisientleriniň depginini deňeşdirmek.

Şu temada 9.1-nji mesele hakyky maržany, 9.2-nji mesele bolsa ýeterlik maržany hasaplamagyň usulyny açyp görkezýär, 9.3-nji we 9.4-nji meseleler ony seljermegiň tärleri bilen tanyşdyrýar.

Göterim maržasynyň koeffisientleri şu usul boýunça hasaplanyp çykarylýar:

a) hakyky marža

$$Kf = \frac{\text{Döwürde alnan göterimler – Döwürde tölenen göterimler}}{\text{Döwürde girdeji getirýän aktiwleriň (ýa-da aktiwleriň) ortaça galyndysy}} \times 100;$$

b) ýeterlik marža

$$Kmd = \frac{UÇ - GG}{Ag} \times 100;$$

bu ýerde UÇ – göterimsiz we döwürde belli bir derejede durnukly häsiýetde bolýan umumybank çykdajylary;

GG - göterimsiz we döwürde belli bir derejede durnukly häsiýetde bolýan gaýry girdejiler;

Ag - girdeji getirýän aktiwleriň belli bir döwrüň dowamynda ortaça galyndysy.

## 9.1-nji mesele

Täjirçilik bankynyň göterim girdejisiniň derejesine baha bermek üçin *9.1-nji tablisada* şu maglumatlar getirildi.

***9.1-nji tablisa***

| Görkezijiler | I çärýek | II çärýek | III çärýek | IV çärýek |
|---|---|---|---|---|
| Göterim maržasy (alnan göterimleriň möçberiniň tölenen göterimleriň möçberinden ýokary gelmegi), müň manat<br>Aktiwler, müň manat<br>Girdeji getirýän aktiwler, müň manat<br>Ýeterlik göterim maržasynyň koeffisienti, % | | | | |

**Talaplar:**

1. Hakyky göterim maržasynyň koeffisientlerini hasaplap çykarmaly.
2. Bankyň göterim girdejisiniň depginine we derejesine baha bermeli.

## 9.2-nji mesele

Täjirçilik bankynyň hasabat maglumatlary *(9.2-nji tablisa)* boýunça ýeterlik (zerur) göterim maržasynyň koeffisientini hasaplap çykarmaly.

***9.2-nji tablisa***

| Görkezijiler | I çärýek | II çärýek | III çärýek | IV çärýek |
|---|---|---|---|---|
| Döwürde aktiwleriň ortaça galyndysy<br>Şol sanda girdeji getirýän aktiwler<br>Bankyň girdejileri – jemi<br>Şol sanda:<br>Alnan göterimler<br>olardan:<br>beýleki banklardaky depozitler boýunça<br>müşderilere karzlar boýunça<br>gymmatly kagyzlar bilen amallar boýunça<br>göterimsiz girdejiler<br>hyzmat haky girdejileri<br>alnan jerimeler<br>gazna we daşary ýurt puly bazarlaryndaky amallardan alnan spekulýatiw girdejiler<br>Bankyň çykdajylary – jemi<br>Şol sanda: | | | | |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| tölenen göterimler<br>puluň çalşylandygy üçin tölenen hyzmat haklary<br>hasaplaşyk, kassa, maglumat, maslahat beriş, marketing, notarial, mahabat hyzmatlary<br>hojalyk we gaýry çykdajylar<br>zähmet hakyny tölemek üçin çykdajylar<br>tölenen jerimeler<br>gazna we daşary ýurt puly bazarlaryndaky amallar boýunça çykdajylar (ýitgiler) | | | | |

## 9.3-nji mesele

Täjirçilik bankynyň çykdajylaryny ýapmak üçin ýeterlik bolan göterim maržasynyň ululygyna we depginine seljerme geçirmek üçin *9.3-nji tablisada* maglumatlar getirilýär.

***9.3-nji tablisa***

*müň manat*

| Maddalaryň ady | I çärýek | II çärýek | III çärýek |
|---|---|---|---|
| **1.Bankyň çykdajylary**<br>Çekilen karzlar üçin alnan göterimler<br>Çekilen serişdeler boýunça ýuridiki şahslara tölenen göterimler (talap edilýänçä hasaplar, möhletli depozitler, PK wekselleri)<br>Depozitler boýunça şahsy taraplara tölenen göterimler<br>Wekseller boýunça göterim çykdajylary<br>Gymmatly kagyzlara gaýtadan baha bermek boýunça çykdajylar<br>Gymmatly kagyzlar gaýtadan satylandaky çykdajylar<br>Gymmatly kagyzlar bilen amallar boýunça tölenen hyzmat haky<br>Daşary ýurt puly bilen alyş-çalyş amallary boýunça tölenen hyzmat haky<br>Dolandyryş edarasyny saklamak üçin çykdajylar<br>Tölenen jerimeler, puşmana pullary, tölenilmedik jerimeler<br>Beýleki çykdajylar<br>Şol sanda:<br>gaznalara we ätiýaçlyk gorlaryna geçirimler<br>beýleki amal çykdajylary (hasaplaýyş tehnikasyna hyzmat edilendigi üçin töleg, | | | |

| | | | |
|---|---|---|---|
| çykdajy amallary boýunça çykdajylar, poçta çykdajylary, telegrammalar, ulanyş tutumy, binalary saklamak boýunça çykdajylar, wekilçilik we iş sapar çykdajylary we ş.m.)<br>geçirilen beýleki çykdajylar (emlägiň çykyp gitmegi boýunça çykdajylar, debitor bergini hasapdan öçürmek, kazyýet çykdajylary, emlägi ynanyp dolandyrmak, forward amallary, opsion bilen amallar boýunça çykdajylar, auditor barlaglary üçin çykdajylar we ş.m.)<br>**II.Bankyň girdejileri**<br>Berlen karzlar üçin alnan göterimler<br>Açylan hasaplar boýunça alnan göterimler<br>Gymmatly kagyzlar bilen amallar boýunça girdejiler<br>Şol sanda:<br>döwlet bergi borçnamalaryna goýumlardan göterim girdejisi<br>wekseller boýunça göterim girdejisi<br>wekseller boýunça diskont girdejisi<br>gymmatly kagyzlary gaýtadan satmakdan alnan girdeji<br>gymmatly kagyzlar bilen amallar boýunça hyzmat haky<br>Daşary ýurt puly bilen amallardan alnan girdejiler<br>Şol sanda:<br>daşary ýurt puly bilen amallar boýunça hyzmat haky<br>daşary ýurt pulundaky hasaplara gaýtadan baha bermekden alnan girdejiler<br>Alnan jerimeler, puşmana pullary, tölenilmedik jerimeler<br>Beýleki girdejiler<br>Şol sanda:<br>gaznalaryň we ätiýaçlyk gorlarynyň hasaplaryndan dikeldilen pul möçberi<br>emlägi kärendä bermekden alnan girdejiler<br>müşderiler tarapyndan telegraf çykdajylarynyň öweziniň dolunmagy<br>emlägi ynanyp dolandyrmak boýunça amallardan girdejiler<br>geçen ýyllaryň hasabat döwründe ýüze çykarylan girdejileri<br>**III. Döwürde girdeji getirýän aktiwleriň ortaça galyndysy**<br>Korrespondent – karz guramalaryndaky aragatnaşyk hasaplar<br>Dahylly däl banklardaky aragatnaşyk | | | |

| | | | |
|---|---|---|---|
| hasaplar<br>Bank tarapyndan berlen möhletli karzlar möhleti geçen bergiler<br>Täjirçilik kärhanalaryna we guramalaryna berlen (möhletli) karzlar<br>Sarp ediş karzlary<br>Kärhanalara, guramalara we raýatlara berlen karzlar boýunça möhleti geçen bergiler<br>Gaýtadan satmak üçin alnan, döwletiň bergi borçnamalaryna goýumlar<br>REPO amallaryna goýumlar<br>Maýa goýuma gönükdirmek üçin satyn alnan, banklaryň paýnamalaryna ýerleşdirilen goýumlar<br>Gaýtadan satmak üçin satyn alnan gaýry paýnamalara ýerleşdirilen goýumlar<br>Weksellere goýlan goýumlar<br>Banklar tarapyndan kärhanalaryň we guramalaryň esaslyk maýasyna geçirilen serişdeler | | | |

**Talaplar:**

1. Ýeterlik göterim maržasy koeffisentini çärýekler boýunça hasaplap çykarmaly.

2. Hakyky maržanyň göterimini kesgitlemeli.

3. Göterim maržasynyň depginine seljerme geçirmeli.

## 9.4-nji mesele

Täjirçilik bankynyň 9 aýyň dowamyndaky göterim maržasynyň häsiýetine *9.4-nji tablisada* getirilen maglumatlar şaýatlyk edýär.

***9.4-nji tablisa***

| **Setiriň belgisi** | **Görkezijiler** | **I çärýek** | **II çärýek** | **III çärýek** |
|---|---|---|---|---|
| 1 | Bank tarapyndan alnan göterimler, müň manat | | | |
| 2 | Tölenen göterimler, müň manat | | | |
| 3 | Hakyky göterim maržasy, müň manat | | | |
| 4 | Girdeji getirýän aktiwleriň ortaça galyndysy, müň manat | | | |
| 4 | Hakyky göterim maržasy koeffisienti, % (setir 3: setir 4) | | | |
| 5 | Umumy bank göterim däl çykdajylar, müň manat | | | |
| 6 | Karz däl häsiýetli hyzmatlardan alnan göterim däl girdejiler, müň manat | | | |
| 7 | Göterim maržasynyň ýeterliklilik koeffisienti, % [(set.6-set.7): set.4] | | | |

**Talaplar:**

1. Hakyky we ýeterlik göterim maržasynyň koeffisientleriniň depginindäki meýilleri kesgitlemeli.

2. Hakyky we ýeterlik maržalaryň derejeleriniň laýyklygyna baha bermeli.

3. Aýry-aýry faktorlaryň hakyky maržanyň koeffisientiniň derejesine edýän täsiriniň derejesine seljerme geçirmeli.

# 10-NJY TEMA. TÄJIRÇILIK BANKYNYŇ LIKWIDLILIGINIŇ YKDYSADY KADALARY

**Bankyň likwidliligi** – bu goýumçylaryň, kreditorlaryň we müşderileriň öňünde bar bolan borçlaryny öz wagtynda we ýitgisiz ýerine ýetirmek ukybyny kesgitleýän adalgadyr.

Bankyň borçlary 2 görnüşde bolýar, ýagny hakyky we şertli. **Hakyky borçlar** talap edilýänçä depozitler, möhletli depozitler, bankara çekilen serişdeler, kreditorlaryň serişdeleri görnüşinde bankyň balansynda görkezilýär. **Şertli borçlary** balansdan daşary passiw amallarda (bank tarapyndan berlen kepillikler we beýlekiler) we balansdan daşary aktiw amallarda (ulanylmadyk karz ugurlary we çykarylan akkreditiwler) görkezilýär.

Banklar öz borçlaryny ýerine ýetirmek üçin banklar aşakdaky likwid aktiwleri ulanýarlar:

- kassada we aragatnaşyk hasaplarynda galyndy görnüşindäki pul serişdeleri;
- nagt pula çalt öwrüp bolýan aktiwleri;
- bankara bazardan alyp bolýan bankara karzlary;
- beýleki çekilen serişdeleri, mysal üçin depozit sertifikatlarynyň we bank wekselleriniň çykarylmagy we ýerleşdirilmegi.

Likwidliligiň *bank tarapyndan toplanan* (nagt pul, ýokary likwidli gymmatly kagyzlar) we *satyn alnan* (çekilen bankara karzlar, bank wekselleriniň, depozit we süýşürintgi sertifikatlarynyň dolanyşyga çykarylmagy) görnüşleri tapawutlandyrylýar. Banklaryň likwidliliginiň şeýle alamatlarynyň saklanmagy (wagtynda we ýitgisiz borçlarynyň ýerine ýetirilmegi) bank işiniň hilini we daşky ýagdaýyny kesgitleýän içerki we daşarky faktorlary bilen şertlenendir.

Içerki faktorlara: bankyň aktiwleriniň hili, çekilen serişdeleriň hili, möhlet boýunça aktiwleriň we passiwleriň biri-birine baglylygy, oňyn menejment, bankyň abraýy (imidži) degişlidir.

Şu bap Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan 1998-nji ýylyň 29-njy maýynda 56 belgi bilen tassyklanan we Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 1998-nji ýylyň 22-nji sentýabrynda 181 belgi bilen bellige alnan “Türkmenistanyň täjirçilik banklarynyň işini düzgünleşdirýän ykdysady kadalaşdyryjylar hakynda” Düzgünnamada göz öňünde tutulan, täjirçilik banklarynyň likwidliliginiň ykdysady kadalaryny hasaplamagyň we olaryň ýagdaýyna baha bermegiň usulýeti, hususanda, H2, H3, H5, H6, H7 koeffientlerini özleşdirmäge mümkinçilik berýän meseleleri öz içine alýar.

Şu temada 10.1-10.5-nji meseleler görkezilen koeffisientleriň her bir düzüm bölegini, 10.1-nji we 10.3-nji meseleler likwidliligi ýokary we likwidli (gündelik) aktiwleriň ululygyny, 10.2-nji mesele talap edilýänçä borçnamalaryň we bankyň gündelik borçnamalarynyň ululygyny, 10.5-nji mesele bankyň hakyky aktiwleriniň möçberini hasaplamagyň usulýetini özleşdirmäge mümkinçilik berýär. Şunuň bilen bir wagtda 10.4-nji, 10.5-nji, 10.6-njy we 10.7-nji meseleler H2, H3, H5, H6, H7 koeffisientlerini hasaplamagyň usulýetini ösleşdirmäge we olaryň ýagdaýyna baha bermäge mümkinçilik berýär. 10.1-10.7-nji meseleler şertli meseleler bolup durýar.

Meseleleri çözmegiň barşynda şulary özleşdirmek zerurdyr: a) görkezijileri hasaplamagyň usulýetini, b) häzirki zaman standartlaryna esaslanýan, häzirki zaman Hasaplar meýilnamasyndan peýdalanmak endiklerini, ç) hasaplamagyň jemleri boýunça netijeleri çykarmagyň we olary esaslandyrmagyň usullaryny.

Meseleleri çözmegiň barşynda şulardan peýdalanmak gerek:

1. “Bank işi“ okuw kitaby.

2. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň “Türkmenistanyň täjirçilik banklarynyň işini düzgünleşdirýän ykdysady kadalaşdyryjylar hakynda” Düzgünnamasy.

3. Ýurduň çäginde ýerleşýän karz guramalarynda buhgalterçilik hasaba alnyşyny alyp barmagyň kadalary.

## 10.1-nji mesele

Täjirçilik bankyň aktiwleriniň ýagdaýy barada 01.04.2016ý. ýagdaýa maglumatlaryň *(10.1-nji tablisa)* esasynda ýokary likwidli (Gm) we likwidli (Gt) aktiwleriň pul möçberini kesgitläň.

***10.1-nji tablisa***

| Bankyň aktiwleriniň görnüşleri | Tapawut, müň manat |
|---|---|
| Kassa we beýleki pul serişdeleri | |
| Merkezi bankdaky aragatnaşyk hasap | |
| Korrespondent banklardaky aragatnaşyk hasaplar | |
| Korrespondent-dahylsyz banklardaky aragatnaşyk hasaplar | |
| Banklaryň çek bilen hasaplaşyklar üçin geçirilen serişdeleri | |
| Bank däl hasaplaşyk guramalaryndaky hasaplaşyklara gatnaşyjylaryň hasaplary | |
| Karz guramalaryna ýerleşdirilen depozitler we beýleki ýerleşdirilen serişdeler, şu möhlete: | |
| talap edilýänçä | |
| 1 günlük | |
| 2 günden 30 güne çenli | |
| plastik kartlary peýdalanmak arkaly hasaplaşyklar üçin | |
| Bank tarapyndan aşakdaky ýaly üzülmeli möhlet bilen satyn alnan bank wekselleri: | |
| talap edilýänçä | |
| 30 güne çenli | |
| Merkezi bankyň obligasiýalaryna goýlan, borçnamalary bolmadyk goýumlar | |
| Ýuridik we şahsy taraplara 30 güne çenli möhlet bilen berlen karzlar | |
| Ýakyndaky 30 günüň dowamynda üzülmeli möhletli banka bergiler | |

## 10.2-nji mesele

Täjirçilik bankyň çekilen serişdeleriniň ýagdaýy barada 01.04.2016ý. ýagdaýa maglumatlary *(10.2-nji tablisa)* peýdalanmak bilen, bankyň talap

edilýänçä borçnamalarynyň (BBm) we gündelik borçnamalarynyň (BBg) pul möçberini hasaplap çykaryň.

***10.2-nji tablisa***

| Bankyň borçnamalarynyň görnüşleri | Tapawut, müň manat |
|---|---|
| Korrespondent banklaryň aragatnaşyk hasaplary | |
| Dahylsyz banklaryň daşary ýurt pulundaky habarçy hasaplary | |
| GKGBHU (gymmatly kagyzlaryň guramaçylykly bazarynyň hasaplaşyk ulgamy) gatnaşyjylaryň hasaplary | |
| Gymmatly kagyzlar we beýleki maliýe aktiwleri bilen dellalçylyk amallary boýunça müşderileriň serişdeleri | |
| Merkezi bankdan 2 günden 7 güne çenli möhlet bilen alnan karzlar | |
| Karz guramalaryndan 1 günlük alnan karzlar | |
| Dahylsyz banklardan 8 günden 30 güne çenli möhlet bilen alnan karzlar | |
| Banklaryň depozitleri we beýleki çekilen serişdeleri, şu möhlete: | |
| talap edilýänçä | |
| bir günlük | |
| 2 günden 7 güne çenli | |
| plastik kartlary peýdalanmak bilen hasaplaşyklar üçin | |
| Karz guramalardan alnan karzlar boýunça möhleti geçirilen bergi | |
| Karz guramalardan alnan karzlar boýunça möhleti geçirilen göterimler | |
| Ýurduň subýektleriniň býujetleriniň we ýerli býujetleriň serişdeleri | |
| Döwletiň býujetden daşary gaznalarynyň serişdeleri | |
| Ýuridiki we fiziki şahslaryň (telekeçileriň) hasaplaşyk hasaplary | |
| Hasaplaşyklardaky serişdeler (tölemek üçin akkreditiwler, hasaplaşyk çekleri | |
| Täjirçilik kärhanalarynyň we guramalarynyň depozitleri, şu möhlete: | |
| talap edilýänçä | |
| 30 güne çenli | |
| Fiziki şahslaryň depozitleri, şu möhlete: | |
| talap edilýänçä | |
| 30 güne çenli | |
| plastik kartlary peýdalanmak bilen hasaplaşyklar üçin | |
| Çykarylan wekseller we bank akseptleri, üzülmeli möhleti: | |
| talap edilýänçä | |
| 30 güne çenli | |
| Salgytlar boýunça býujet bilen hasaplaşyklar | |
| Üzülmeli möhleti 30 güne çenli bolan çykarylan depozit sertifikatlar | |
| Ýakyndaky 30 günüň dowamynda üzmek möhleti bilen, bank tarapyndan berlen kepillendirmeler we zamunlyklar | |
| 30 günden ýokary bolan möhletde tölenmäge degişli pul möçberleri | |

## 10.3-nji mesele

Täjirçilik bankyň hasaba alyş maglumatlarynyň *(10.3-nji tablisa)* esasynda 01.03.16ý. ýagdaýa likwdililigi ýokary (Gm) we likwidli (Gt) aktiwleriň

möçberini hasaplap çykaryň, şeýle hem bankyň aktiwleriniň görkezilen görnüşleriniň arasynda pul möçberi we gurluşy boýunça tapawutlary kesgitläň.

***10.3-nji tablisa***

| **Bank hasabynyň ýa-da koduň görnüşi** | **Bankyň aktiwleriniň görnüşleri** | **Pul möçberi, müň manat** |
|---|---|---|
| | **Nagt pul we töleg resminamalary**<br>Kassa<br>Daşary ýurt pulundaky töleg resminamalary<br>Ýoldaky pul serişdeleri<br>Bankomatlardaky pul serişdeleri<br>Aragatnaşyk hasaplar<br>Bankyň Merkezi bankdaky aragatnaşyk hasaby<br>Korrespondent banklardaky aragatnaşyk hasaplar<br>Dahylsyz banklarda daşary ýurt pulundaky aragatnaşyk hasaplar<br>**Beýleki amallar boýunça bank hasaplary**<br>Banklaryň çekler bilen hasaplaşyklar üçin geçiren serişdeleri<br>Bankyň hasaplaşyk palatalaryndaky hasaplary<br>**Karz guramalaryndaky depozitler we beýleki ýerleşdirilen serişdeler**<br>talap edilýänçä<br>1 günlük<br>2 günden 7 güne çenli<br>8 günden 30 güne çenli<br>plastik kartlary peýdalanmak bilen hasaplaşyklar üçin<br>**Dahylsyz banklardaky depozitler we beýleki ýerleşdirilen serişdeler**<br>talap edilýänçä<br>1 günlük<br>2 günden 7 güne çenli<br>8 günden 30 güne çenli<br>plastik kartlary peýdalanmak bilen hasaplaşyklar üçin<br>**Banklaryň wekselleri:**<br>talap edilýänçä<br>üzülmeli möhleti 30 güne çenli<br>**Aýry-aýry amallar boýunça hasaplaşyklar**<br>Şol sanda:<br>Müşderileriň hasaplardan öçürilen, ýöne bankyň aragatnaşyk hasaby boýunça geçirilmedik serişdeleri<br>**Döwletiň bergi borçnamalaryna goýumlar**<br>Şol sanda:<br>döwletiň gymmatly kagyzlaryna we bank tarapyndan karzlar boýunça üpjünçilik bolup durmaýan, daşary ýurt pulundaky içerki we daşarky karz almalar obligasiýalaryna goýumlar<br>**Banklara berlen karzlar:** | |

| | | |
|---|---|---|
| | owerdraft<br>1 günlük<br>2 günden 7 güne çenli<br>8 günden 30 güne çenli<br>**Döwlet eýeçiligindäki täjirçilik kärhanalaryna we guramalaryna berlen karzlar:**<br>owerdraft<br>30 güne çenli<br>**Döwletiňki däl täjirçilik kärhanalarina we guramalaryna berlen karzlar:**<br>owerdraft<br>30 güne çenli<br>Ýakyndaky 30 günüň dowamynda üzülmeli möhleti bolan karzlar we banklardaky depozitler | |

## 10.4-nji mesele

01.04.16ý. ýagdaýa görä, bank boýunça 10.1-nji we 10.2-nji meseleleri çözmegiň esasynda:

çalt (H;) we gündelik (Hz) likwidliligiň kadalaryny hasaplap çykaryň;

görkezilen kadalaryň ýagdaýyna baha beriň;

H2 we H3 koeffisientleriniň ähmiýetini deňeşdiriň we olaryň tapawudyny şertlendirýän faktorlary görkeziň.

## 10.5-nji mesele

*10.4-nji tablisadaky* getirilen maglumatlary, şeýle hem bank boýunça 10.3-nji meseläni hasaplamagyň netijelerini peýdalanmak bilen:

1. Talap edilýänçä borçnamalaryň (BBm) we bankyň gündelik borçnamalarynyň (GBt) pul möçberini hasaplap çykaryň.
2. Borçnamalaryň görkezilen görnüşleriniň pul möçberi we gurluşy boýunça tapawudyny kesgitlýäň.
3. 3.1 meseläni hasaplamagyň netijelerini peýdalanmak bilen, çalt (H;) we gündelik (Hz) likwidliligiň kadalaryny kesgitläň.
4. Merkezi bankyň görkezijisiniň talaplaryna laýyklykda, H2 we H3 kadalarynyň ýagdaýyna baha beriň.

***10.4-nji tablisa***

| Bank hasabynyň ýa-da koduň görnüşi | Bankyň aktiwleriniň görnüşleri | Pul möçberi, müň manat |
|---|---|---|
| 17 | Tamamlanmadyk maýa goýumlar (köpelme „-“, kemelme „+“) | | | |
| 18 | Maliýeleşdirmäge umumy zerurlyk (12+-13+-14+-15+-16+-17+-) | | | |
| | **V. Maliýeleşdirmek boýunça talaplar** | | | |
| 19 | Karzlar, geçen döwür bilen deňeşdirilende azalma (-) ýa-da köpelme (+) | | | |
| 20 | Esaslyk maýanyň artmagy (+) ýa-da azalmagy (-) | | | |
| 21 | Umumy pul akymy (set. 18+-19+-20) | | | |

## 13.4-nji mesele

Bankyň müşderisiniň umumy (arassa) pul akymy I çärýekde +70 müň manada, II çärýekde +33 müň manada, III çärýekde +40 müň manada, IV çärýekde +39 müň manada deň bolupdyr. Ähli bergi bornamalary degişilikde, 350 müň manada, 200 müň manada we 290 müň manada deň bolupdyr.

Serişdeleriň gelşiniň gurluşy *13.4-nji tablisada* getirilýär.

***13.4-nji tablisa***

| Görkezijiler | I çärýek | II çärýek | III çärýek | IVçärýek |
|---|---|---|---|---|
| Döwürde peýda we ulanyş tutumy<br>Kredit bergileriň üýtgeýşi<br>Esasy gaznalaryň üýtgeýşi<br>Gaýry passiwleriň üýtgeýşi<br>Esaslyk gaznanyň üýtgeýşi<br>Karzlar | | | | |

**Talaplar:**

1. Pul akymynyň koeffisientini hasaplap çykarmaly.
2. Täjirçilik bankynyň müşderisiniň karza ukyplylyk derejesine baha bermeli.

## 14-NJI TEMA. KARZ ÝÜZ TUTMALARYNYŇ SELJERMESI

Karzy bermek barada çözgüt kabul edilen ýagdaýynda karzy almak üçin karz ýüz tutmalarynyň belli bir ölçeglere laýyk gelýändigini barlamak zerur hasaplanylýar. *Birinjiden,* karzy almagyň maksady seljerilýär: karzlar bankyň karz syýasatynda göz öňünde tutulan maksatlar üçin berilýär, soralýan karzyň bank işiniň ileri tutulýan ugurlaryna laýykdygy göz öňünde tutulýar, karz alyjy bolup biljek tarapa karz berlen halatynda karzyň möçberiniň kesgitlenen çäge (limite) laýyk gelýändigine seredilýär, şeýle hem ykdysady kadalaşdyryjylary berjaý etmekligiň zerurlygy öwrenilýär. Eger karzy almak isleýän tarap ýuridik şahs bolsa, onda karz ýüz tutmasynda (karzy almak üçin arzada) görkezilen maksadyň onuň tertipnamasynda kesgitlenen işiň çygryna gabat gelýändigi seljerilýär (*14.1-14.3-nji meseleler*). *Ikinjiden,* karzyň pul möçberi takyklaşdyrylýar, ol hem ykdysady şertlere bagly bolup durýar. Müşderä karzyň haýsy pul möçberde gerekdigini we onuň öz zerurlyklaryna dogry baha berendigi barlanylýar. Müşderiniň karza zerurlygy onuň çen edýän çykdajylarynyň we serişdeleriniň çeşmeleriniň aratapawudy hökmünde kesgitlenilýär (*14.4-14.5-nji meseleler*).

Berlen karzlary karz alyjynyň girdejileriniň hasabyna yzyna gaýtaryp almaklygy kesgitlemek möhümdir. Onuň üçin müşderiniň beren harajatlary ödeýjilik hasaplamasynyň dogrulygyny barlamak hem-de ýerlikli bolsa oňa üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek zerurdyr (*14.6-njy we 14.7-nji meseleler*).

Karz ýüz tutmalaryna seredilende karzlary gaýtarmagyň geljekki tertibi kesgitlenilýär. Karzy gaýtarmagyň tertibiniň karz şertnamasyna goşundy hökmünde getirilen ýagdaýynda onuň dogry düzülendigi barlanylýar (*14.8-nji we 14.9-njy meseleler*).

Karz ýüz tutmalary seljerilende berilýän karzyň üpjünçiligine baha bermek, şol üpjünçiligiň ýeterlildigini kesgitlemek hökmanydyr (*14.10-14.11-nji meseleler*).

Müşderini karzlaşdyrmagyň çäginiň hasaplanylyşy debitor algylaryň, ätiýaçlyklaryň we kreditor bergileriň aratapawudy hökmünde kesgitlenilýär (*14.13-14.14-nji meseleler*).

### 14.1-nji mesele

Hojalyk jemgyýeti görnüşindäki ýuridik şahs önümçiligi giňeltmek maksady bilen 1 ýyl 6 aý möhletli 4760,0 müň manat möçberden ybarat karz serişdelerini almak üçin täjirçilik bankyna ýüz tutdy. Täjirçilik bankynyň karz syýasatynda täjirçilik kärhanalara berilýän karzlaryň möçberi bankyň hususy maýasynyň 200%-den ýokary geçip bilmeýär diýlip görkezilen.

Karz ýüz tutmasynyň berlen senesinde hojalyk jemgyýetlerine berlen karz serişdeleriniň jemi möçberi 44870,0 müň manatdan, täjirçilik bankynyň hususy maýasynyň möçberi 35500,0 müň manatdan ybarat.

**Talap.** Täjirçilik bankynyň karz syýasatyna laýyklykda hojalyk jemgyýetinden karz ýüz tutmasyny görkezilen möçberde kabul etmek

mümkinçiligini kesgitlemeli.

## 14.2-nji mesele

Lomaý söwda bilen meşgullanýan hususy kärhana täjirçilik bankyna karz almak üçin arza tabşyrdy. Bu resminamada şu maglumatlar görkezilen: karzyň maksady harytlary satyn almak, karzyň möhleti 3 aý, karzyň möçberi 2304,0 müň manat. Karzy almakçy bolýan hususy kärhananyň maliýe ýagdaýy durnukly.

Täjirçilik bankynyň karz syýasatynda söwda we üpjünçilik-ýerleýiş kärhanalaryna berilýän karzlaryň möçberi bankyň hususy maýasynyň 150%-den ýokary geçip bilmeýär diýlip bellenilen.

Karz almak üçin arzanyň tabşyrylan senesinde täjirçilik bankynyň hususy maýasynyň möçberi 25000,0 müň manatdan, söwda we üpjünçilik-ýerleýiş kärhanalaryna berlen karzlaryň möçberi 36905,0 müň manardan, 10 günden soň söwda we üpjünçilik-ýerleýiş kärhanalary tarapyndan gaýtarylmagy garaşylýan karzlaryň möçberi 5200,0 müň manatdan ybarat.

**Talaplar:**

1. Lomaý söwda bilen meşgullanýan hususy kärhanasy tarapyndan karz almak üçin arzada görkezilen möçberde karzlary täjirçilik bankynyň bermek mümkinçiligini kesgitlemeli.
2. Eger görkezilen möçberde karz berip bolmaýan ýagdaýynda täjirçilik bankynyň geljekki hereketini düşündirmeli.

## 14.3-nji mesele

Paýdarlar jemgyýeti görnüşindäki ýuridik şahs gurluşyk materiallaryny öndürmek üçin maliýe serişdeleriniň ýeterlik däldigi sebäpli täjirçilik bankyna 6 aý möhlet bilen 200,0 müň manat möçberde karz ýüz tutmasyny tabşyrdy. Bu ýuridik şahsda gurluşyk materiallaryny öndürmek üçin ygtyýarnamasy ýok.

Täjirçilik kärhanalaryna berilmeli karzlaryň möçberi bankyň karz syýasatynda onuň hususy maýasynyň 600%-den ýokary geçip bilmeýär diýlip bellenilen. Karz ýüz tutmasynyň berlen senesinde täjirçilik bankynyň hususy serişdeleriniň möçberi 30650, müň manatdan, täjirçilik kärhanalaryna berlen karzlaryň jemi möçberi 107867,0 müň manatdan ybarat.

**Talaplar:**

1. Täjirçilik banky tarapyndan paýdarlar jemgyýeti görnüşindäki ýuridik şahsyň karz ýüz tutmasyny kanagatlandyrmak ýa-da kanagatlandyrmazlyk babatynda çözgüt kabul etmeli.
2. Kabul edilen oňyn ýa-da oňyn däl çözgüdi esaslandyrmaly.

## 14.4-nji mesele

Hususy kärhana potratçy hökmünde ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşyny amala aşyrýar. Onuň degişli ygtyýarnamalary bar. Bu kärhana paýdarlar täjirçilik bankynyň paýdary we ynamdar müşderisi bolup durýar.

Birinji çärýegiň ahyrynda hususy kärhanasy ikinji, üçünji we dördünji çärýeklerde satyn alynmaly semendiň bahasyny karz ugruny açmaklygyň hasabyna tölegleri amala aşyrmak barasynda banka ýüz tutdy. Hasabat ýylynyň birinji çärýeginde satyn alnan semendiň bahasy potratçy hususy kärhananyň öz serişdelerinden tölenipdir.

Her aýyň başynda semendiň çärýek möçberiniň 1/3 (üçden bir) bölegi kabul edilýär, onuň harçlanylyşy bolsa aýyň dowamynda deň möçberde amala aşyrylýar.

Hasabat ýylynyň dowamynda semendiň ätiýaçlygynda aşakdaky üýtgemeler meýilleşdirilýär (*14.4-nji tablisa*):

***14.4-nji tablisa***

**Semendiň ätiýaçlygynyň üýtgemesi**

*müň manat*

| Görkezijiler | 01.04.__ galyndy | II çärýek | | 01.07.__ galyndy | III çärýek | | 01.10.__ galyndy | IV çärýek | | 01.01.__ galyndy |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | kabul edileni | goýberileni | | kabul edileni | goýberileni | | kabul edileni | goýberileni | |
| Sement | 1990 | 2110 | 1750 | 2350 | 1750 | 1820 | 2280 | 1830 | 1950 | 2160 |

Täjirçilik bankda şu karz ýüz tutmasyny karzlaşdyrmak üçin zerur serişdeler bar.

**Talap.** Potratçy hususy kärhananyň her aýyň başyna (1-nji maý, 1-nji iýun, 1-nji iýul we ş.m. 1-nji ýanwara çenli) karz serişdelerine bolan zerurlyklarynyň üýtgemesini kesgitlemeli.

## 14.5-nji mesele

Döwlet eýeçiligindäki lomaý söwda kärhanasy import boýunça halkyň sarp edýän harytlaryny satyn almak barada daşary ýurtly eksport ediji bilen şertnama baglaşdy. Şertnamanyň gymmaty – 500,0 müň ABŞ-nyň dollary. Şertnama laýyklykda harytlar toplumlara (partiýalara) bölünip, ibermeklik göz öňünde tutulypdyr. Her bölegiň gymmaty – 100,0 müň ABŞ-nyň dollary.

Harytlary ibermegiň tertibi şertnamanyň goşundysynda görkezilipdir:

| Toplum (partiýa) | I | II | III | IV | V |
|---|---|---|---|---|---|
| Senesi | 12.07 | 10.08 | 31.08 | 22.09 | 12.10 |

Döwlet eýeçiligindäki lomaý söwda kärhanasynyň harytlaryň bahasyny tölemek üçin pul serişdeleri ýok. Şonuň üçin ol täjirçilik bankyna karz ugruny açmak barada ýüz tutýar. Harytlary ýerlemeklik maliýe taýdan durnukly bolan bölek satuw söwda nokatlaryna eýelik edýän firmanyň üsti bilen amala aşyrylmagy meýilleşdirilen. Bu firma karzlaryň gaýtarylmagyny we göterimleriň tölenilmegini kepillendirýär. Göterimleriň möçberi ýyllyk 18%.

Harytlaryň bir toplumyny (partiýasyny) ýerlemegiň çak edilýän möhleti – ýekşenbe günleri hem hasaba alnanda 50 gün.

Harytlaryň satyň alyş we satyş bahalarynyň aratapawudy karzyň göterimini tölemeklige we döwlet eýeçiligindäki lomaý söwda kärhanasynyň girdejilerine gönükdirilýär.

**Talap.** Harytlary ibermegiň her bir senesinde karz serişdelerine bolan zerurlygy kesgitlemeli.

## 14.6-njy mesele

Dokma önümçilik kärhanasy önümçiligi giňeltmek maksady bilen 3600,0 müň manat möçberde 1 ýyl 6 aý möhlete karz almak üçin täjirçilik bankyna ýüz tutdy. Bu kärhananyň öndürýän dokma önümleri durnukly hyrydarlyga eýe. Önümçiligi giňeltmek üçin berilýän karzlar boýunça ulanylýan göterimiň derejesi ýyllyk 8%.

Täjirçilik bankyna karz çykdajylaryny ödeýjiliginiň aşakdaky tehniki-ykdysady hasaplamasy berildi:

| | |
|---|---|
| Önümleri ýerlemekden alnan girdejiler (1 ýyl 6 aýyň dowamynda), müň manat | 5400,0 |
| Önümiň birliginiň satyş bahasy, müň manat | 0,05 |
| Her aýda ýerlenilýän önümleriň möçberi, san | 6000 |
| Çykdajylaryň jemi, müň manat | |
| şol sanda: | |
| Düýpli maýa goýumlar, müň manat | |
| Gündelik çykdajylar, müň manat | 4600,0 |
| a) çig mal we materiallar, müň manat | 2300,0 |
| b) zähmet haky we hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmalary, müň manat | 2100,0 |
| ç) gaýry çykdajylar, müň manat | 200,0 |
| Salgytlar, müň manat | 120,0 |
| Kärhananyň sap peýdasy, müň manat | 350,0 |

**Talaplar:**

1. Çykdajylary ödeýjiligiň hasaplamasynyň dogrudygyny barlamaly.
2. Karzlaryň işewürlik töwekgelçiligine baha bermek üçin täjirçilik banky tarapyndan goşmaça talap edilip bilinjek resminamalary görkezmeli.

### 14.7-nji mesele

Mebel önümlerini öndürýän kärhana hasabat aýynyň 1-ine (iş güni) çig maly we materiallary satyn almak üçin 200,0 müň manat möçberde 1 aý möhlet bilen täjirçilik bankyna karz ýüz tutmasyny tabşyrdy. Bu kärhananyň karz çykdajylarynyň ödeýjiliginiň tehniki-ykdysady hasaplamasy aşakdakydan ybarat:

| | |
|---|---|
| Önümleri ýerlemekden alnan girdejiler (hasabat çärýeginde), müň manat | 600,0 |
| Önümiň birliginiň satyş bahasy, müň manat | 0,32 |
| Hasabat çärýeginde ýerlenilen önümleriň möçberi, san | 1875 |
| Çykdajylaryň jemi, müň manat | 375,0 |
| şol sanda: | |
| Düýpli maýa goýumlar, müň manat | - |
| Gündelik çykdajylar, müň manat | 187,5 |
| a) çig mal we materiallar, müň manat | - |
| b) zähmet haky we hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmalary, müň manat | 135,0 |
| ç) karz üçin tölenen göterimler, müň manat | 7,0 |
| d) gümrük paçlary, müň manat | - |
| e) gaýry çykdajylar, müň manat | 45,5 |
| Gaýtarylyp berlen karzlar, müň manat | 200,0 |
| Peýdadan alynýan salgyt, müň manat | - |
| Kärhananyň sap peýdasy, müň manat | 100,0 |

Karz üçin kesgitlenen göterimleriň möçberi ýyllyk 10%.

**Talap.** Çykdajylary ödeýjiligiň hasaplamasynyň dogrudygyny barlamaly.

### 14.8-nji mesele

Hususy kärhana önümçilik tehnologiýasy üçin 20,0 müň manat möçberde 2 ýyl möhlete karz serişdelerini almak maksady bilen täjirçilik bankyna ýüzlendi. Karz üçin ylalaşylan göterimiň möçberi ýyllyk 9%. Göterimler aýma-aý tölenýär. Karz boýunça esasy bergi karz berlen senesinden 3 aýdan soň deň paýlarda aýma-aý gaýtarylýar.

**Talap.** 12-nji iýulda (iş güni) karzyň berlendigini nazara alyp, aýma-aý karz boýunça esasy bergini gaýtarmagyň we göterimleri tölemegiň tertibini düzmeli.

### 14.9-njy mesele

Hojalyk jemgyýeti-ýuridik şahs täjirçilik bankynyň işewürlik abraýy ýokary hasaplanylýan müşderileriniň biri bolup durýar. Bu şahs bölek söwda satuw işleri bilen meşgullanýar. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Inkassasiýa Müdirligi bilen nagt pullary inkassiýa etmek barada baglaşylan şertnama laýyklykda hojalyk jemgyýetiniň pul girdejileri äkidilýär.

Pul girdejileriniň ortaça günlük möçberi şulardan ybarat: iýul aýynda – 8,2

müň manat, awgust aýynda – 10,7 müň manat, sentýabr aýynda – 12,4 müň manat, oktýabr aýynda – 13,1 müň manat.

Hojalyk jemgyýeti-ýuridik şahs tarapyndan awgurt aýynda lomaý söwda edaralaryndan alynýan harytlaryň möçberiniň ep-esli artdyrylandygy sebäpli, ol täjirçilik banky bilen karz almak barada şertnama baglaşdy. Şertnama laýyklykda awgust aýynda 90,0 müň manat möçberde täjirçilik bankyndan karz alýar. Karzyň gaýtarylmagy hojalyk jemgyýetiniň söwda girdejileriniň hasabyna amala aşyrylýar. Karzyň üpjünçiligi hökmünde söwdadan alynýan pul serişdeleri inkassasiýa etmek barada şertnama çykyş edýär.

Täjirçilik banky hojalyk jemgyýetine karz pullar awgust aýynyň birinji hepdesiniň duşenbe güni berilýär we şol aýyň ikinji hepdesiniň duşenbe gününden karzlar deň möçberlerde gaýtarylyp başlanylýar (şenbe we ýekşenbe günler degişli däl, çünki şol günler bank işlemeýär). Karz üçin kesgitlenen göterimiň möçberi ýyllyk 22%.

**Talap.** Karzy gaýtarmagyň tertibini (günler boýunça) düzmeli we alynmaga degişli göterimleriň möçberini hasaplamaly.

### 14.10-njy mesele

Ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti-ýuridik şahs söwda we araçylyk işlerini ýerine ýetirýär. Bu ýuridik şahs bank karzynyň hasabyna telewizorlary satyn almak üçin täjirçilik bankyna karz ýüz tutmasyny tabşyrdy. Karz ýüz tutmasynda soralýan karzyň möçberi 25,0 müň manat, möhleti 4 aý. Karz üçin bellenen göterimiň möçberi ýyllyk 18%.

Karzyň üpjünçiligi hökmünde 3x4 ölçegden, 100 sandan, her biriniň gymmaty 300 manatdan ybarat haly önümleri girewine hödürlenilýär.

Täjirçilik banky üçin girewine hödürlenen haly önümleriniň seljermesini ýöriteleşen haly dükany tarapyndan ýerine ýetirildi. Bu dukan girewine hödürlenen haly önümleriniň her biriniň gymmatyna 230 manat baha berdi.

**Talaplar:**

1. Girewiň bu görnüşiniň ýeterlikdigini kesgitlemeli.
2. Girewine goýulýan haryt-maddy gymmatlyklarynyň haýsy talaplara laýyk gelmelidigini düşündirmeli.

### 14.11-nji mesele

Täjirçilik banky hasabat ýylynyň 14-nji ýanwarynda (iş güni) baglaşylan karz şertnamasyna laýyklykda köp ýyllaryň dowamynda özüniň müşderisi bolan tikinçilik fabrigine karz ugruny açdy. Hasabat ýylynyň I çärýegi üçin karz ugrunyň ýokary çägi 14,0 müň manat möçberde kesgitlenen. Göterimiň möçberi ýyllyk 14%.

Karzlaşdyrmagyň obýekti hökmünde satyn alynýan çig malyň we materiallaryň bahasyny tölemeklik çykyş edýär.

Karzlaryň gaýtarylmagyny üpjün etmek üçin täjirçilik banky tikinçilik fabrigi bilen girew şertnamasyny baglaşdy. Girew hökmünde girewine berijiniň (tikinçilik fabriginiň) tikinçilik maşynlary goýulýar. Tikinçilik maşynlarynyň galyndy gymmaty 11,27 müň manada deň. Girew berijä girewe goýlan emläkleri ulanmaga hukuk berlen.

Hasabat ýylynyň 1-nji fewraly (iş güni) ýagdaýyna karz boýunça bergi 8,4 müň manatdan ybarat. Mümkin bolan ýitgileriň töwekgelçiligini hasaba almak bilen täjirçilik banky tarapyndan kesgitlenen marža – girewine goýlan emläkleriň ýyllyk 30%-ine deň.

**Talap.** Karz ugrunyň umumy üpjünçiligine we 1-nji fewral ýagdaýyna karz bergileriniň üpjünçiligine baha bermeli.

## 14.12-nji mesele

Hasabat ýylynyň 6-njy aprelinde (iş güni) täjirçilik bankyna 3 aý möhlet bilen 30,0 müň manat möçberde karz almak üçin ýuridik şahs arza tabşyrdy.

Soňky hasabat senesi ýagdaýyna ýuridik şahsyň ätiýaçlyklarynyň möçberi 6,0 müň manat, debitor algylarynyň möçberi 40,0 müň manat, kreditor bergileriniň möçberi 68,0 müň manat.

**Talaplar:**

1. Karzlaşdyrmagyň çägini hasaplamaly.
2. Ýuridik şahsa karz bermek mümkinçiligi barada dolandyryş çözgüdi kabul etmeli.

## 14.13-nji mesele

Hasabat ýylynyň 23-nji maýynda (iş güni) täjirçilik bankyna 1 aý möhlet bilen 20,0 müň manat möçberde karz almak üçin ýuridik şahs arza tabşyrdy.

Soňky hasabat senesi ýagdaýyna ýuridik şahsyň ätiýaçlyklarynyň möçberi 12,0 müň manat, debitor algylarynyň möçberi 51,0 müň manat, kreditor bergileriniň möçberi 23,0 müň manat.

**Talap.** Karzlaşdyrmagyň çägini hasaplamaly.

## 15-NJI TEMA. OWERDRAFT

Owerdraft (*“overdraft”* iňlis sözi bolup, onuň manysy *“meýilleşdirilenden artyk”, “artyk harçlama”, “artyk sarp etme”* diýmekligi aňladýar) – müşderiniň hasaplaşyk hasabynda pul serişdeleriniň ýeterlik däl ýa-da ýok bolan ýagdaýynda töleg resminamalaryny tölemek üçin bank tarapyndan müşderiniň hasaplaşyk hasabynyň karzlaşdyrylmagyny göz öňünde tutýar. Başgaça, *owerdraft* – müşderiniň hasaplaşyk hasabyndaky serişdeleriň galyndysyndan geçirilmeli tölegleriň möçberiniň artyk bolan halatynda berilýän gysga möhletli karzlaryň aýratyn görnüşidir. Owerdraftyň çägi bar. *Owerdraftyň çägi* – bu berilýän karzlaryň ýokary möçberidir. Owerdraft boýunça karz serişdelerinden peýdalanmak üçin müşderi tarapyndan täjirçilik bankyna kesgitlenen göterime laýyklykda töleg geçirilýär.

Owerdraftyň şu görnüşleri bar:

a) standart (nusgawy) owerdraft – hasaplaşyk hasaby şu bankda açylan müşderilere karzlaryň berilmegini göz öňünde tutýar;

b) hak ujy owerdraft – şu bankda hasaplaşyk hasaba bolmadyk ygtybarly müşderilere karzlaryň berilmegini göz öňünde tutýar. Müşderileri hasaplaşyk-kassa hyzmatyna çekmek maksady bilen karzlar berilýär;

ç) inkassirlenilýän pul girdejilerine owerdraft – pul girdejilerini inkassirleýän ýa-da banka tabşyrýan müşderilere karzlaryň berilmegini göz öňünde tutýar;

d) tehniki owerdraft – müşderiniň maliýe ýagdaýy hasaba alynman, ýöne onuň hasaplaşyk hasabyna pul girdejileriniň gelip gowuşmasynyň kepillendirilmegini resmileşdirmek esasynda karzlaryň berilmegini göz öňünde tutýar.

Owerdraftyň wezipelerine aşakdakylar degişlidir:

✓ paýlamak wezipesi – müşderiniň dolanyşyk serişdeleriniň aýlanyşygyna goşmaça pullaryň çekilmegini çaltlandyrýar;

✓ höweslendirmek wezipesi – dolanyşykdaky pullaryň umumy möçberine täsir edýär;

✓ gözegçilik wezipesi – karzlaşdyrmakda owerdraftyň ulanylyşyna we gaýtarylyşyna gözegçilik edilýär.

Şu temada berlen meseleleri çözmek owerdraft boýunça karzlary bermegiň we olary gaýtarmagyň aýratynlyklaryny özleşdirmeklige mümkinçilik berer.

### 15.1-nji mesele

Hasabat ýylynyň 15-nji dekabrynda (iş güni) täjirçilik banky we ýuridik şahs öz aralarynda owerdraft boýunça ylalaşyk baglaşdylar.

Ýuridik şahsyň hasaplaşyk hasabynyň “kredit” tarapynda degişli aýlarda gelip gowşan pul serişdeleri barada maglumatlar aşakdakydan ybarat:

a) hasabat ýylynyň oktýabr aýynda – 23,0 müň manat;

b) hasabat ýylynyň noýabr aýynda – 25,5 müň manat.

Täjirçilik bankynyň karz syýasatyna laýyklykda ýuridik şahslar üçin kesgitlenen owerdraftyň çägi 12%.

**Talaplar:**

1. Owerdraftyň görnüşini kesgitlemeli.
2. Owerdraft boýunça karzlaşdyrmagyň çägini hasaplamaly.

### 15.2-nji mesele

Hasabat ýylynyň 5-nji ýanwarynda (iş güni) täjirçilik banky ýuridik şahs bilen owerdraft ylalaşygyny baglaşdy.

Täjirçilik banky tarapyndan ýuridik şahsdan alnan maglumatlar aşakdaylardan ybarat:

| | | |
|---|---|---|
| a) | Soňky hasabat çärýeginde önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alnan girdejiler | 80,5 |
| b) | Önümler (işler, hyzmatlar) üçin debitor algylar: | |
| | hasabat döwrüniň başyna | 12,1 |
| | hasabat döwrüniň ahyryna | 8,4 |
| ç) | Alnan hak ujylar boýunça kreditor bergiler: | |
| | hasabat döwrüniň başyna | 3,2 |
| | hasabat döwrüniň ahyryna | 1,8 |
| d) | Noýabr aýynda hasaplaşyk hasabynyň “kredit” tarapyna gelip gowşan pul serişdeler | 71,3 |
| e) | Dekabr aýynda hasaplaşyk hasabynyň “kredit” tarapyna gelip gowşan pul serişdeler | 59,0 |

Täjirçilik bankynyň karz syýasatyna laýyklykda ýuridik şahslar üçin kesgitlenen owerdraftyň çägi 10%.

**Talap.** Owerdraft boýunça karzlaşdyrmagyň çägini hasaplamaly.

### 15.3-nji mesele

Owerdraftyň mümkinçiliklerinden peýdalanmak üçin ýuridik şahs tarapyndan täjirçilik bankyna zerur resminamalar tabşyryldy. Ýuridik şahsyň işini häsiýetlendirýän käbir görkezijiler barada maglumatlar aşakda getirilen (*15.3.1-nji we 15.3.2-nji tablisalar*).

***15.3.1-nji tablisa***

**Ýuridik şahsyň ykdysady görkezijileri**

*müň manat*

| Görkezijiler | Hasabat döwrüniň başyna | Hasabat döwrüniň ahyryna |
|---|---|---|
| Esasy serişdeleriň galyndy gymmaty | 1420,0 | 1349,0 |

| | | |
|---|---|---|
| Ätiýaçlyklar | 34,0 | 41,7 |
| Debitor algylar: | | |
| - gysga möhletli | 11,8 | 8,0 |
| - uzak möhletli | 5,3 | 5,1 |
| Esaslyk maýa | 6250,0 | 6250,0 |
| Kreditor bergiler: | | |
| - gysga möhletli | 7,2 | 11,9 |
| - uzak möhletli | 6,5 | 7,6 |
| Peýda | 2444,0 | 3101,0 |
| Salgytlar | 676,9 | 8703,5 |

***15.3.2-nji tablisa***

**Pul serişdeleriň hereketi**

*müň manat*

| | |
|---|---|
| Hasabat döwrüniň başyna galyndylar | 5,1 |
| Pul serişdeleriniň gelip gowuşmagy | 14505,0 |
| Pul serişdeleriniň çykyp gitmegi | 13987,0 |
| Hasabat döwrüniň ahyryna galyndylar | 523,1 |

Hasabat döwründe ýuridik şahs tarapyndan ýerlenen önümler (işler, hyzmatlar) boýunça alnan girdejileriň möçberi 18321,0 müň manatdan ybarat. Hasabat döwrüniň başyna owerdraft boýunça çägiň möçberi 500,0 müň manada deň boldy.

Täjirçilik bankynyň karz syýasatyna laýyklykda ýuridik şahslar üçin kesgitlenen owerdraftyň çägi 8%.

**Talap.** Görkezilen maglumatlara laýyklykda ýurdidik şahsy owerdraft boýunça karzlaşdyrmagyň çägini hasaplamaly.

## 15.4-nji mesele

Geçen iki aýyň dowamynda ýuridik şahsyň hasaplaşyk hasabyna gelip gowşan pul serişdeleriniň möçberi 4107,0 müň manat, şol sanda 38,5 müň manat gelip gowşan pul serişdeleri ýerlenen önümler (işler, hyzmatlar) bilen baglanyşykly däl.

Hasabat aýynyň başyna ýuridik şahsyň hasaplaşyk hasabyndaky pul serişdeleriniň galyndysy 0,2 müň manat. Hasabat aýynda gelip gowşan pul serişdeleriň möçberi 1302,0 müň manat.

Owerdraft boýunça täjirçilik banky bilen ýuridik şahsyň arasynda ylalaşylan göterimiň möçberi 14%. Owerdraft boýunça bellenen çäk 6%.

Hasabat aýynda ýuridik şahs tarapyndan hasaplaşyk hasabyndan kontragentlere tölelen pul möçberiniň möçberi 1400,0 müň manat.

Hasabat aýynda täjirçilik banky tarapyndan owerdraft boýunça ýuridik şahsy karzlaşdyrylan günleriniň sany – 16 gün.

**Talaplar:**

1. Hasabat aýy üçin owerdraftyň çägini kesgitlemeli.
2. Hasabat aýynda owerdraft boýunça ulanylan karzlaryň möçberini hasaplamaly.
3. Hasabat aýynda owerdraft üçin tölenmeli göterimleriň möçberini hasaplamaly.

## 15.5-nji mesele

Täjirçilik banky tarapyndan ýuridik şahsa owerdraft boýunça berlen 200,0 müň manat karz serişdeler 10 günüň dowamynda deň paý möçberlerde gaýtarylyp alyndy (*15.5-nji tablisa*). Owerdraft boýunça kesgitlenen göterimiň möçberi 16%. Hasabat ýylyndaky günleriň sany 366 gün.

***15.5-nji tablisa***

**Deň paý möçberde owerdrafty gaýtaryp almak**

| Owerdraftyň galyndysy, müň manat | Owerdrafty gaýtarmak boýunça tölegler, müň manat | Hasaplanan göterimler, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 200,0 | 20,0 | |
| 180,0 | 20,0 | |
| 160,0 | 20,0 | |
| 140,0 | 20,0 | |
| 120,0 | 20,0 | |
| 100,0 | 20,0 | |
| 80,0 | 20,0 | |
| 60,0 | 20,0 | |
| 40,0 | 20,0 | |
| 20,0 | 20,0 | |
| Jemi: | 200,0 | |

**Talap.** Owerdraft boýunça göterimleriň möçberini hasaplamaly we 15.5-nji tablisanyň 3-nji sütüninde görkezmeli.

## 15.6-njy mesele

Täjirçilik banky tarapyndan ýuridik şahsa owerdraft boýunça berlen 175,0 müň manat karz serişdeler 12 günüň dowamynda deň bolmadyk paý möçberlerde gaýtarylyp alyndy (*15.6-njy tablisa*). Owerdraft boýunça kesgitlenen göterimiň möçberi 18%. Hasabat ýylyndaky günleriň sany 365 gün.

***16.6-njy tablisa***

**Deň bolmadyk paý möçberde owerdrafty gaýtaryp almak**

| Owerdraftyň galyndysy, müň manat | Owerdrafty gaýtarmak boýunça tölegler, müň manat | Hasaplanan göterimler, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 175,0 | 5,0 | |
| 170,0 | 11,0 | |
| 159,0 | 7,2 | |
| 151,8 | 6,9 | |
| 144,9 | 13,4 | |
| 131,5 | 10,0 | |
| 121,5 | 5,5 | |
| 116,0 | 8,4 | |
| 107,6 | 22,1 | |
| 85,5 | 36,3 | |
| 49,2 | 15,2 | |
| 34,0 | 34,0 | |
| **Jemi:** | **175,0** | |

**Talap.** Owerdraft boýunça göterimleriň möçberini hasaplamaly we 15.6-njy tablisanyň 3-nji sütüninde görkezmeli.

# 16-NJY TEMA. IPOTEKA KARZY

*Ipoteka* (*“hypotheke”* grek sözünden manysy girew, goýmak diýmekligi aňladýar) – ipoteka karzyny almak maksady bilen gozgalmaýan emläkleri, esasan, ýeri we dürli jaýlary girewine goýmaklygy aňladýar. *Ipoteka* – bu karzyň bir görnüşi bolup, girewine goýulýan emläk kreditora berilmän, eýsem bergidaryň özünde galýar. *Ipoteka* – girewiň bir görnüşi bolup, onda girewine goýulýan gozgalmaýan emläk bergidaryň eýeçiliginde durýar, kreditor bolsa bergidar öz borçlaryny ýerine ýetirmedik ýagdaýynda degişli emlägi ýerlemek (satmak) arkaly talaplaryny kanagatlandyrmak hukugyna eýe bolýar.

Ipoteka karzy jaýy satyn almak üçin uzak möhletli berilýän maksatly karzdyr. Şunda karzyň üpjünçiligi hökmünde karzlaşdyrylýan jaýyň özi çykyş edýär. Ipoteka karzy boýunça göterimleriň möçberi beýleki bank karzlary bilen deňeşdirilende pes, ýöne karz alyjylaryň giredejilerine we zähmet stažyna bildirilýän talaplar ýokary bolýar. Käbir halatda karz alyjylara ýene-de bir talap bildirilýär – başlangyç gatançlary tölemeklik.

Türkmenistanda ipoteka karzy çalt depginde ösýär. Türkmenistanyň raýatlaryna jaýlary satyn almaga gozgalmaýan emläk üçin karzlary resmileşdirmek jaý gurlup gutarylandan soň amala aşyrylýar. Gozgalmaýan emläk üçin karz 30 ýyldan köp bolmadyk möhlet bilen berilýär. Gozgalmaýan emläk üçin karz boýunça göterimiň derejesi ýyllyk 1% möçberinde bellenilýär. Gozgalmaýan emläk üçin berilýän karzlar boýunça esasy bergi babatda gozgalmaýan emläk üçin karz serişdeleriniň berlen senesinden 5 ýyla çenli ýeňillikli döwür (esasy bergini üzmegi gaýra goýmak) göz öňünde tutulýar. ýeňillikli döwrüň möhletini bäş ýyldan köp möhlete uzaltmaga ýol berilmeýär. Jaý satyn alýan karz alyjy jaýyň bahasynyň 10%-den az bolmadyk möçberini öz hususy serişdeleriniň hasabyna tölän ýagdaýynda, gozgalmaýan emläk üçin karzyň möçberi onuň bahasynyň 90%-den ýokary bolmadyk möçberde bellenýär.

Bu temada getirilen meseleler häzirki zaman bank tejribesinde emele gelen ipoteka karzyny bermegiň we gaýtarmagyň tertibini açyp görkezmek üçin niýetlenendir.

## 16.1-nji mesele

Gurluşygy alyp barýan döwlete dahylsyz kärhananyň, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edarasynyň (häkimlik) we ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak üçin ýaşaýan ýeri boýunça degişli häkimlige ýazmaça görnüşde ýüz tutan karz alyjynyň arasynda üç taraplaýyn şertnama baglaşylan. Şol şertnamanyň esasynda döwlet täjirçilik banky hasabat ýylynyň 1-nji awgustynda (iş güni) karz alyjy-fiziki şahsyň adyna gozgalmaýan emläk (jaý) üçin ipoteka karzy tölendi. Ipoteka karzynyň möçberi 120000 manat, möhleti 30 ýyl, göterim derejesi ýyllyk 1%. Ýeňillikli döwür 5 ýyl. Karz alyjy ilkibaşdaky gatanjy tölemedi.

**Talaplar.**

1. Ipoteka karzynyň resmileşdirilişiniň tertibini düşündirmeli.

2. Ýeňillikli döwür tamamlanandan soňra ipoteka karzy boýunça esasy bergiler deň paý möçberlerde gaýtarylyp alyndygyny, göterimleriň aýma-aý hasaplanylyp tölenýändigini göz öňünde tutup, ipoteka karzy boýunça tölegleriň tertibini düzmeli.

## 16.2-nji mesele

Gurluşygy alyp barýan döwlete dahylsyz kärhananyň, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edarasynyň (häkimlik) we ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak üçin ýaşaýan ýeri boýunça degişli häkimlige ýazmaça görnüşde ýüz tutan karz alyjynyň arasynda üç taraplaýyn şertnama baglaşylan. Gozgalmaýan emlägiň (ýaşaýyş jaýynyň) bahasy 130000 manat. Şol şertnamanyň esasynda döwlet täjirçilik banky hasabat ýylynyň 5-nji sentýabrynda (iş güni) karz alyjy-fiziki şahsyň adyna gozgalmaýan emläk (jaý) üçin onuň bahasynyň 90% möçberi ipoteka karzynyň hasabyna tölendi. Karz alyjy-fiziki şahsyň ilkibaşdaky gatanjy 10%. Ipoteka karzynyň möhleti 30 ýyl, göterim derejesi ýyllyk 1%. Ýeňillikli döwür 5 ýyl.

**Talaplar.**

1. Karz aylyjy-fiziki şahsyň ilkibaşdaky gatanjynyň we ipoteka karzynyň möçberlerini kesgitlemeli.

2. Ipoteka karzy boýunça tölegleriň tertibini düzmeli.

## 16.3-nji mesele

Baglaşylan şertnamalaryň (ipoteka karz şertnamasy we ipoteka boýunça girew şertnamasy) esasynda döwlet täjirçilik banky hasabat ýylynyň 12-nji oktýabrynda (iş güni) karz alyjy-fiziki şahsyň adyna gozgalmaýan emläk (12 gatly jaýyndan 3 otagly öý) üçin ipoteka karzy tölendi. Ipoteka karzynyň möçberi 100000 manat, möhleti 30 ýyl, göterim derejesi ýyllyk 1%. Karz alyjy-fiziki şahs ýeňillikli döwri peýdalanmakdan ýüz öwürdi. Karz alyjy ilkibaşdaky gatanjy tölemedi. Ipoteka karzy boýunça esasy bergiler deň paý möçberlerde we hasaplanylan göterimler aýma-aý tölenilýär.

**Talaplar.**

1. Ipoteka karzynyň aýratynlyklaryny häsiýetlendirmeli.

2. Ipoteka karzy boýunça tölegleriň tertibini düzmeli.

### 16.4-nji mesele

Gozgalmaýan emläkleriň bazarynda çökgünlik netijesinde ipoteka karzy boýunça girewine goýlan emlägiň (jaýyň) bahasy 40% peseldi. Ipoteka karzynyň möçberi 50000 manat. Girewiň ilkibaşdaky gymmaty 80%-e deň.

**Talap.** Ipoteka karzynyň we girewiň gymmatynyň hakyky gatnaşygyny kesgitlemeli.

### 16.5-nji mesele

Döwlet täjirçilik bankynda girewine goýlan gozgalmaýan emlägiň (ýaşaýyş jaýynyň) gymmaty 60000 manat. Döwlet täjirçilik banky girewiň gymmatynyň 90% möçberinde ipoteka karzyny berdi. Ipoteka karzyny bermek üçin serişdeler obligasiýalary dolanyşyga goýbermegiň hasabyna çekildi. Dolanyşyga goýberilen obligasiýalaryň umumy möçberi berlen ipoteka karzynyň möçberiniň 80%-ine deň.

**Talap.** Ipoteka karzynyň we dolanyşyga girizilen obligasiýalaryň möçberlerini kesgitlemeli.

### 16.6-njy mesele

Döwlet täjirçilik banky tarapyndan karz alyjy-fiziki şahsa ipoteka karzynyň beriljek pursatynda onuň adyna açylan ýörite maksatly goýum hasabynda toplanan serişdeleriň möçberi 7000 manatdan ybarat. Toplanan goýumyň möçberi satyn alynýan ýaşaýyň jaýynyň 10%-ine deň. Ipoteka karzynyň möçberiniň we girewiň gymmatynyň gatnaşygy 90%.

**Talap.** Girewine goýulýan gozgalmaýan emläk (ýaşaýyş öýi) üçin karz alyjy-fiziki şahsa berilmeli ipoteka karzynyň möçberini hasaplamaly.

### 16.7-nji mesele

Döwlet täjirçilik banky fiziki şahsdan ipoteka karzyny almak üçin arzany kabul etdi. Ipoteka karzynyň möçberi 280000 manat, ipoteka karzynyň möhleti 30 ýyl, ipoteka karzy üçin göterimiň möçberi ýyllyk 1%, ipoteka karzy boýunça ýeňillikli döwür 5 ýyl. Fiziki şahsyň maşgalasynyň her aýdaky girdejisi 2300 manatdan ybarat.

Ipoteka karzynyň şertlerine laýyklykda aýma-aý deň paý ölçegde gaýtarylmaly esasy berginiň we tölenmäge degişli hasaplanan göterimleriň umumy möçberine gönükdirilmeli serişdeler üçin fiziki şahsyň maşgala girdejisiniň 40%-den ýokary geçmeýän bölegi niýetlenilýär.

**Talaplar:**

1. Döwlet täjirçilik banky fiziki şahsyň arzasyny kanagatlandyryp bilermi?
2. Eger fiziki şahsyň arzasyny kanagatlandyryp bolmadyk ýagdaýynda bu

mesele boýunça oňyn çözgüt kabul etmeklige ýardam berjek mümkinçilikleri düşündirmeli.

## 16.8-nji mesele

Döwlet täjirçilik bankyna fiziki şahsdan ipoteka karzyny almak üçin gelip gowşan arzada şu maglumatlar görkezilen:

- ipoteka karzynyň möçberi 310000 manat;
- ipoteka karzynyň möhleti 30 ýyl;
- ipoteka karzy boýunça ýeňillikli döwür göz öňünde tutulmadyk.

Ipoteka karzy üçin kesgitlenen göterimiň möçberi ýyllyk 1%. Fiziki şahsyň maşgalasynyň her aýdaky girdejisi 6700 manatdan ybarat. Ipoteka karzynyň şertlerine laýyklykda aýma-aý deň paý ölçegde esasy berginň gaýtarmak we hasaplanan göterimleri tölemek üçin maşgala girdejiniň 35%-den ýokary geçmeýän bölegi ulanylýar,

**Talap.** Fiziki şahsyň ipoteka karzy boýunça ýüze çykýan bergi borçlaryny töläp biljekdigini hasaplamaly.

## 16.9-njy mesele

Döwlet täjirçilik banky ipoteka karzyny bermek boýunça fiziki şahs bilen ipoteka karz şertnamasyny we girew şertnamasyny baglaşdy. Ipoteka karzynyň maksady ýaşaýyş jaýyny satyn almak. Ýaşaýyş jaýynyň bahasy 70000 manat. Fiziki şahs satyn alynjak ýaşaýyş jaýynyň bahasynyň 30% möçberinde ilkinji tölegi geçirýär. Satyn alynjak ýaşaýyş jaýynyň bahasynyň 70% möçberi ipoteka karzynyň hasabyna nagt däl tertipde tölenýär.

Ipoteka karzynyň möhleti: 10 ýyl;

Ipoteka karzynyň ýyllyk göterim derejesi: 10%;

Ipoteka karzyny gaýtarmagyň üpjünçiligi: satyn alnan jaýy girewine goýmak;

Ipoteka karzy boýunça ýeňillikli döwür: berilmeýär;

Ipoteka karzy boýunça esasy bergi: her aýda deň paý ölçegde gaýratylýar;

Ipoteka karzy boýunça göterimler: aýma-aý tölenýär.

Ipoteka karzyny alyjy-fiziki şahsyň aýlyk zähmet hakynyň möçberi 2100 manat. Ipoteka karzy boýunça aýma-aý esasy bergini gaýtarmak we göterimleri tölemek üçin fiziki şahsyň zähmet hakynyň 50% möçbere çenli hasaplaşyk üçin alynlýar.

**Talaplar:**

1. Fiziki şahsyň tölemeli ilkinji töleginiň we berilmeli ipoteka karzynyň möçberlerini hasaplamaly.
2. Fiziki şahsyň aýlyk girdejisiniň ipoteka karzy boýunça bergi borçlaryny aýma-aý tölemek mümkinçiligini kesgitlemeli.
3. Ipoteka karzy boýunça tölegleriň tertibini düzmeli.

## 17-NJI TEMA. FIZIKI ŞAHSLARY KARZLAŞDYRMAK

Täjirçilik banklarynyň ýöredýän karz syýasatynda fiziki şahslary karzlaşdyrmak meselesi möhüm ähmiýeti eýeleýär. Fiziki şahslara berilýän bank karzlary maksady boýunça aşakdaky görnüşlere bölmek bolar:

- ✓ sarp ediş karzy;
- ✓ awtokarz;
- ✓ ipoteka karzy (*16-njy temada seredildi*);
- ✓ bilim karzy;
- ✓ toý karzy;
- ✓ durmuş guran ýaş maşgalalara karz;
- ✓ abatlaýyş karzy;
- ✓ beýleki karzlar.

*Sarp ediş karzy* – raýatlaryň sarp ediş maksatlary (öý goşlaryny we hojalyk harytlaryny satyn almak) üçin berilýär. *Awtokarz* – täze we ulanylan awtoulaglary satyn almak üçin berilýär. *Bilim karzy* – tölegli esasda ýokary okuw jaýynda, okuwyň gündizki görnüşinde okap, bilim alýan talyplaryň ýakyn hossarlaryna okuwyň bahasyny tölemek berilýär. Talyplaryň ýakyn hossarlary hökmünde ata-ene, är-aýal, çagalar, baba-mama, süýtdeş doganlar we uýalar, oglunyň gelinleri we giýewleri göz öňünde tutulýar. *Toý karzy* – toý çäresini geçirmek üçin berilýär. *Durmuş guran ýaş maşgalalara karz* – Türkmenistanyň Prezidentiniň 2011-nji ýylyň 2-nji sentýabrynda çykaran 11817 belgili kararyna laýyklykda, durmuş guran ýaş maşgalalara zerur bolan öý goşlaryny we hojalyk harytlaryny satyn almak üçin ýeňillikli karzlar 6 müň manat möçberde ýyllyk 1% derejesinde, ýeňillikli döwür berilmezden 3 ýyla çenli berilýär. *Abatlaýyş karzy* – abatlaýyş işlerini geçirmek üçin berilýär.

Bu temada fiziki şahslara karzlary bermegiň tertibini, olaryň resmileşdirilişiniň düzgünlerini we tölegleriň hasaplanylyşyny özleşdirmek bilen baglanyşykly meseleler getirilýär.

### 17.1-nji mesele

Täjirçilik banky karz şertnamasyna laýyklykda karz alyjy-fiziki şahsa öýde ulanylýan elektro enjamlary satyn almak üçin sarp ediş karzyny berdi. Sarp ediş karzynyň möçberi 5000 manat, möhleti 12 aý, göterim derejesi ýyllyk 16%. Sarp ediş karzyny gaýtarmagyň üpjünçiligi hökmünde iki sany zamunçy çykyş edýär. Fiziki şahsyň aýlyk zähmet hakynyň möçberi 1850 manat. Karzy we göterimleri üzmek üçin fiziki şahsyň zähmet hakyndan 50% göterime çenli alynýar.

Sarp ediş karzy boýunça esasy bergi her aýda deň paý ölçeg möçberde gaýtarylýar, göterimler bergileriň galyndysyndan hasaplanylýar we aýma-aý tölenilýär.

**Talaplar:**

1. Sarp ediş karzyny almak üçin karz alyjy-fiziki şahs tarapyndan täjirçilik bankyna tabşyrylmaly resminamalaryň sanawyny anyklamaly.

2. Sarp ediş karzyny gaýtarmagyň tertibini düzmeli.

### 17.2-nji mesele

Täjirçilik banky karz we girew şertnamalary esasynda karz alyjy-fiziki şahsa ulanylan ýeňil awtomobili satyn almak üçin awtokarzy berdi. Ýeňil awtomobiliň gymmaty 14000 manat. Awtokarz satyn alynýan ýeňil awtomobiliň bahasynyň 50% möçberinde berilýär. Awtokarzy gaýtarmagyň möhleti 2 ýyl. Awtokarz boýunça göterimiň derejesi ýyllyk 12%. Satyn alnan ýeňil awtomobil girew emlägi bolup durýar. Karz alyjy-fiziki şahsyň eýeçiliginde hususy ýük awtoulagy bar. Şol ýük awtoulagda ýük daşamak işini amala aşyrýar. Ýük daşamak işini ýerine ýetirmek üçin degişli ygtyýarnama bar. Geçen hasabat döwründe karz alyjy-fiziki şahs telekeçilik işinden 12200 manat girdeji gazanypdyr.

Berlen awtoulag karzynyň esasy bergisi her 6 aýdan bir gezek deň paý ölçeg möçberde tölenýär. Göterimler aýma-aý hasaplanylýar we tölenýär.

**Talaplar:**

1. Awtokarzy almak üçin karz alyjy-fiziki şahs tarapyndan täjirçilik bankyna haýsy resminamalaryň tabşyrylmalydygyny düşündirmeli.
2. Türkmenistanyň täjirçilik banklarynyň Internet saýtlarynda ýerleşdirilen maglumatlaryň esasynda haýsy bankdan awtokarzy amatly alyp boljakdygyny kesgitlemeli.
3. Ýokarda getirilen maglumatlara laýyklykda täjirçilik bankynyň awtokarzdan gazanjak göterim girdejisiniň umumy möçberini hasaplamaly.

### 17.3-nji mesele

Tölegli ýokary okuw mekdebinde her okuw ýyly üçin kesgitlenen tölegiň möçberi 4700 manat. Hasabat ýylynyň 7-nji sentýabrynda (iş güni) täjirçilik banky tölegli ýokary okuw mekdebinde bilim alýan talybyň şu okuw ýylynyň tölegi üçin onuň kakasyna (fiziki şahsa) 4700 manat möçberde 6 aý möhletli we göterim derejesi ýyllyk 12% bilen bilim karzyny berdi.

Karz alyjy-fiziki şahsyň aýlyk zähmet hakynyň möçberi 2200 manat. Bilim karzyny we göterimleri üzmek üçin zähmet hakynyň 50% möçberi alynýar. Bilim karzy ynam esasynda berildi.

Bilim karzy deň paý ölçeg mözberde gaýtarylýar we göterimler aýma-aý tölenýär.

**Talaplar:**

1. Bilim karzynyň resmileşdirilişini düşündirmeli.
2. Bilim karzy boýunça göterimleri hasaplamaly.
3. Bilim karzyny gaýtarmagyň tertibini düzmeli.

### 17.4-nji mesele

Täjirçilik banky tarapyndan göterim derejesi ýyllyk 14% bilen ýaşaýyş jaýynyň abatlaýyş işleri üçin berlen karzlar karz alyjy-fiziki şahsdan gaýtarylyp alyndy (*17.4-nji tablisa*). Hasabat ýylyndaky günleriň sany 366 gün.

***17.4-nji tablisa***

**Abatlaýyş karzyny gaýtaryp almak**

| Sene | Karzyň galyndysy, manat | Karzy gaýtarmak boýunça tölegler, manat | Hasaplanan göterimler, manat |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| 04.07.XX | 28800,0 | | |
| 26.07.XX | 27600,0 | 1200,0 | |
| 26.08.XX | 26400,0 | 1200,0 | |
| 26.09.XX | 25200,0 | 1200,0 | |
| 26.10.XX | 24000,0 | 1200,0 | |
| 25.11.XX | 22800,0 | 1200,0 | |
| 26.12.XX | 21600,0 | 1200,0 | |
| 26.01.YY | 20400,0 | 1200,0 | |
| 24.02.YY | 19200,0 | 1200,0 | |
| 24.03.YY | 18000,0 | 1200,0 | |
| 26.04.YY | 16800,0 | 1200,0 | |
| 26.05.YY | 15600,0 | 1200,0 | |
| 26.06.YY | 14400,0 | 1200,0 | |
| 26.07.YY | 13200,0 | 1200,0 | |
| 25.08.YY | 12000,0 | 1200,0 | |
| 26.09.YY | 10800,0 | 1200,0 | |
| 26.10.YY | 9600,0 | 1200,0 | |
| 24.11.YY | 8400,0 | 1200,0 | |
| 26.12.YY | 7200,0 | 1200,0 | |
| 26.01.QQ | 6000,0 | 1200,0 | |
| 26.02.QQ | 4800,0 | 1200,0 | |
| 26.03.QQ | 3600,0 | 1200,0 | |
| 26.04.QQ | 2400,0 | 1200,0 | |
| 31.05.QQ | 1200,0 | 1200,0 | |
| | **Jemi:** | **28800,0** | |

**Talap.** Abatlaýyş karzy boýunça göterimleriň möçberini hasaplamaly we 17.4-nji tablisanyň 4-nji sütüninde görkezmeli.

## 17.5-nji mesele

Telekeçilik işini amala aşyrýan fiziki şahs goşmaça pul serişdelerine wagtlaýyn zerurlygyň dörändigi sebäpli täjirçilik bankyna 20000 manat möçberde karz almak üçin ýüz tutdy. Karz almakçy bolýan fiziki şahsyň ýyllyk girdejisi 20000 manat. Zamunçy bolup durýan fiziki şahsyň ýyllyk girdejisi 30000 manat.

**Talaplar:**

1. Karzy bermek mümkinçiligi anyklamaly.
2. Zerur resminamalaryň sanawyny kesgitlemeli we olaryň resmileşdirilişine bankyň bildirýän talaplaryny düşündirmeli.
3. Karzy bermek barada çözgüt kabul etmeli.
4. Karzy bermek mümkinçiligi haýsy kadalaşdyryjy hukuk namalary we bank resminamalary bilen düzgünleşdirýändigini düşündirmeli.

## 17.6-njy mesele

17.5-nji meseläniň şerti boýunça täjirçilik banky tarapyndan karz alyjy-fiziki şahsa 2 ýyl möhlet bilen 10000 manat möçberde karz berildi. Birinji ýyl tamamlanandan soňra karz boýunça esasy berginiň we göterim töleginiň 30 gün möhleti gijikdirilendigi hasaba alnan. Karz alyjy-fiziki şahsyň pul serişdeleri ýok. Hususy telekeçilik işinden peýdanyň alynmagy 6 aýdan soň garaşylýar. Zamunçy aralyk tölegler boýunça jogapkärçilikden boýun gaçyrýar.

**Talap**. Emele gelen ýagdaýda täjirçilik bankynyň etmeli hereketleri bilen baglanyşykly haýsy maslahatlary berersiňiz!:

- täze karzy bermeli;
- karz alyjy-fiziki şahs batyp galdy diýip yglan etmeli we kazyýete ýüz tutmaly;
- karzy gaýtadan resmileşdirmeli;
- girewi gaýtadan resmileşdirmeli;
- zamunçynyň adyna talap bildirip, kazyýete ýüz tutmaly.

## 17.7-nji mesele

Täjirçilik banky karz alyjy-fiziki şahsa berlen karz puluň maksada laýyk ulanylyşyna barlag geçirdi. Onuň netijesinde karz alyjy-fiziki şahs tarapyndan telewizory sayn almak üçin alnan karzyň tozan sorujy enjamynyň satyn alnandygy anyklanyldy.

**Talap.** Şu ýagdaýda täjirçilik banyy haýsy hereketleri amala aşyrjakdygyny kesgitlemeli:

- karzy gaýtadan resmileşdirer;
- karzyň möhletinden öň gaýtarylmagyny talap eder;
- alnan girew emlägini satar;
- karz alyjy-fiziki şahsdan jerime tölemegini talap eder.

# 18-NJI TEMA. KONSORSIAL KARZLARY

*Konsorsial karzy* (*“consortium”* latyn sözünden gelip çykýar we onuň manysy *“gatnaşmak”* diýmekligi aňladýar) – bu iki we ondan köp bank edaralary, ýagny bank konsorsiumy tarapyndan bir karz alyja berilýän iri karzdyr. Şeýle karza başgaça sindisirlenen karzy (*“syndikos”* grek sözünden gelip çykýar we onuň manysy *“bilelikdäki hereket”* diýmekligi aňladýar) hem diýilýär.

Konsorsial (sindisirlenen, iri) karzlar karz gatnaşyklarynyň bir görnüşi bolup durýar. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda iki we ondan köp banklar konsorsial (sindisirlenen, iri) karzlary karz alyja berýärler we öz aralarynda ýüze çykýan töwekgelçilikleri paýlaşýarlar. Şeýle karzlar uzak möhlet bilen iri maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmek üçin berilýär. Käbir ýagdaýlarda konsorsial (sindisirlenen, iri) karzlar gysga möhlet bilen hem berlip bilner. Konsorsial (sindisirlenen, iri) karzlar boýunça gatnaşyklar birnäçe şertnamalaryň baglaşylmagy bilen düzgünleşdirilýär. Başlangyç tapgyrda geleşige gattnaşmaklyga isleg bildirýän banklar öz aralarynda konsorsial şertnamany baglaşýarlar. Konsorsiumyň we karz alyjynyň arasyndaky gatnaşyklar adaty karz şertnamasynyň baglaşylmagy bilen kadalaşdyrylýar. Bu karzyň üpjünçiligi hökmünde girew, kepillik, zamunlyk göz öňünde tutulýar. Girew, kepillik, zamunlyk hakyndaky şertnamalar hukuk kadalaryna laýyklykda resmileşdirilýär.

Bu temada getirilen meseleler konsorsial geleşikleri bilen baglanyşykly dürli ýagdaýlary öwrenmeklige mümkinçilik berýär.

## 18.1-nji mesele

Maýa goýum taslamasynynyň umumy gymmaty 2365700,0 müň manat. Bu taslamany karzlaşdyrmak boýunça dörediljek bank konsorsiumyna gatnaşmak barada täjirçilik bankynyň adyna teklip gelip gowuşdy.

Teklibiň alnan senesinde täjirçilik bankynyň hususy serişdeleriniň möçberi 530,0 müň manat we berlen kepillikleriň (memorand hasabynda hasaba alnan) möçberi 107,0 müň manat.

**Talaplar.**

1. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda iri (konsorsial) karzlara bildirilýän talaplary düşündirmeli.

2. Bank konsorsiumynyň çäginde täjirçilik bankynyň maýa goýum taslamasyny maliýeleşdirmek üçin berip biljek karz pullarynyň aňryçäk möçberini hasaplamaly.

## 18.2-nji mesele

"B" täjirçilik bankynyň adyna "A" täjirçilik bankyndan iri karzy bermek boýunça konsorsial şertnamany baglaşmak barada teklip gelip gowuşdy. Berilmegi meýilleşdirilýän karzlaryň möçberi 4710,0 müň manat.

Bank konsorsiumy döredilen ýagdaýynda karzlaşdyrmak aşakdaky ýaly paýlanylýar:

"A" täjirçilik bankynyň karzlaşdyrmaly paýy 55%;

"B" täjirçilik bankynyň karzlaşdyrmaly paýy 45%.

Bank konsorsiumy dörediljek pursatynda täjirçilik banklarynyň käbir görkezijileri degişlilikde aşakdakydan ybarat:

- hususy serişdeleriniň möçberleri:

"A" täjirçilik banky – 435,0 müň manat;

"B" täjirçilik banky – 420,0 müň manat.

- berlen kepillikleriň (memorand hasabynda hasaba alnan) möçberleri:

"A" täjirçilik banky – 18,0 müň manat;

"B" täjirçilik banky – 12,0 müň manat.

**Talaplar:**

1. Bank konsorsiumynyň çäginde iri karzy bermek boýunça täjirçilik banklarynyň möçberlerini kesgitlemeli.
2. Iri karzy bermek babatynda täjirçilik banklarynyň mümkinçiliklerine baha bermeli.

## 18.3-nji mesele

Bank konsorsiumy esasy kärhanany we onuň önümçilik gatnaşygy baglanyşykly firmany gaýtadan enjamlaşdyrmak bilen baglanyşykly çykdajylary maliýeleşdirmek mümkinçiligini öwrenýär.

Berilmeli karzlaryň umumy möçberi 6722904,0 müň manat. Konsorsiumyň agzalary bolan täjirçilik banklary tarapyndan şu möçberlerde karz serişdeleriniň berilmegi göz öňünde tutulýar: "A" täjirçilik banky – 944,0 müň manat, "B" täjirçilik banky – 2240744,0 müň manat, "Ç" täjirçilik banky – 4481216,0 müň manat.

Iri karzlaryň 4774240,0 müň manat möçberi esasy kärhana we 1948664,0 müň manat möçberi önümçilik gatnaşygy baglanyşykly firma berilmeli. Karzyň möhleti 5 ýyl. Göterim derejesi ýyllyk 12%.

"Ç" täjirçilik bankynyň birinji karz alyja gatnaşykda töwekgelçiligiň kadasyny ýerine ýetirmezlik mümkinçiligi bar.

**Talaplar:**

1. Konsorsial geleşigi resmileşdirmek üçin haýsy resminamalar bilen resmileşdirilmelidigini düşündirmeli.
2. Karzlaşdyrmagyň mümkin bolan tertibini häsiýetlendirmeli.
3. Şu geleşige beýleki täjirçilik banklaryny çekmek mümkinçiligini esaslandyrmaly.

## 18.4-nji mesele

Kepillik amalyny ýerine ýetirmek üçin bank konsorsiumy döredildi. Müşderi karz boýunça 50000,0 müň manat möçberde kepilligi almak maksady bilen ýüz tutdy. Şol müşderiniň karz boýunça konsorsiumy-guramaçy täjirçilik bankynyň öňünde 8000,0 müň manat bergisi bar. Bank konsorsiumy-guramaçy täjirçilik bankynyň hususy maýasynyň möçberi 20000,0 müň manat.

**Talaplar:**

1. Bank konsorsiumyna gatnaşýan üç gatnaşyjynyň arasynda berilmeli kepilligiň pul möçberini paýlamagyň tertibini düşündirmeli.
2. Konsorsiumyň çäginde berilmeli kepilligiň mümkinçiligini we möçberini haýsy faktorlaryň kesgitlenýändigini häsiýetlendirmeli.
3. Şu geleşige konsorsiumy-guramaçy täjirçilik banky gatnaşyp bilermi?

## 18.5-nji mesele

Harytlary satyn almak boýunça ýuridik şahsyň söwda işlerini karzlaşdyrmaklyga 3 sany täjirçilik banky gatnaşýar. Kazyň möçberi 40000,0 müň manat, möhleti 1 ýyl, göterim derejesi ýyllyk 16%. Konsorsial geleşige gatnaşýan konsorsiumy-guramaçy täjirçilik banky tarapyndan berilmeli karzlaryň möçberi 22200,0 müň manat, “A” täjirçilik banky – 13320,0 müň manat, “B” täjirçilik banky – 4480,0 müň manat.

**Talaplar:**

1. Konsorsiuma gatnaşýanlaryň arasynda alnan girdejileriň paýlanylyşynyň tertibini düşündirmeli.
2. Konsorsiuma gatnaşýanlaryň her biriniň almaly girdejileriniň möçberlerini hasaplamaly.

# 19-NJY TEMA. FAKTORING AMALLARY

Faktoring *“faktor”* iňlis sözünden gelip çykýar we onuň manysy *“araçy”* diýmekligi aňladýar. Faktoringe üç tarap gatnaşýar: üpjün ediji (satyjy), satyn alyjy we faktoring firmasy ýa-da täjirçilik banky. *Faktoring amaly* – bu täjirçilik banky tarapyndan üpjün edijiden onuň satyn alyja bildirýän pul talaplaryna (debitor algylaryna) bolan hukugynyň satyn alynmagyny aňladýar. Adatça, faktoring amalynda täjriçilik banky üpjün edijini karzlaşdyrýar. Faktoring şertnamasyna laýyklykda täjirçilik banky üpjün edijä debitor algylarynyň 70-90%-ine çenli möçberini töleýär. Faktoring boýunça bergidardan algylar doly alnandan soňra üpjün ediji bilen gutarnykly hasaplaşyk amala aşyrylýar.

1988-nji ýylda kabul edilen Halkara gaktoring hakynda konwensiýa laýyklykda aşakdaky dört alamatyň iň azyndan ikisini kanagatlandyrýan bolsa, onda degişli amal faktoring diýlip hasap edilýär:

- karzlaşdyryş häsiýetiniň bolmagy;
- üpjün edijiniň buhgalterçilik hasaba alnyşynyň ýöredilmegi;
- üpjün edijiniň debitor algylarynyň inkassirlenilmegi;
- karz töwekgelçiliginiň ätiýaçlandyrylmagy.

Faktoring amaly üçin täjirçilik banky üpjün edijiden kesgitlenen ýyllyk göterim möçberinde hyzmat hakyny alýar.

## 19.1-nji mesele

Täjirçilik banky üpjün ediji-ýuridik şahs bilen hasabat ýylynyň 5-nji sentýabrynda (iş güni) 6 aý möhlet bilen regres hukugy bolmadyk faktoring şertnamasyny baglaşdy. Faktoring şertnamasynyň şertlerine laýyklykda üpjün ediji-ýuridik şahsa tölenmeli serişdeleriň jemi pul möçberi 45000 manat. Täjirçilik banky tarapyndan üpjün ediji-ýuridik şahsyň hasap-fakturasynda görkezilen pul möçberiniň 80%-i öňünden, galan 20%-i satyn alyjydan bergi doly alnandan soň tölenýär. Hasap-fakturanyň kabul edilip alnan güni täjirçilik banky onda görkezilen tölegi doly töleýär. Faktoring amalyna hyzmat etmek üçin kesgitlenen göterimiň möçberi aýlyk 1%-e deň.

Hasabat ýylynyň 8-nji sentýabrynda (iş güni) üpjün ediji-ýuridik şahs satyn alyjynyň adyna taýýar önümler ýükläp iberýär we şol gün 45000 manat möçberden ybarat hasap-fakturany täjirçilik bankyna tabşyrýar.

Täjirçilik bankyna faktoring şertnamasy boýunça satyn alyjydan gelip gowşan serişdeler:

a) hasabat ýylynyň 20-nji sentýabrynda (iş güni) 8400 manat;
b) hasabat ýylynyň 4-nji oktýabrynda (iş güni) 4000 manat;
ç) hasabat ýylynyň 10-njy noýabrynda (iş güni) 6200 manat;
d) hasabat ýylynyň 14-nji dekabrynda (iş güni) 10400 manat;
e) täze hasabat ýylynyň 25-nji ýanwarynda (iş güni) 5000 manat;
ä) täze hasabat ýylynyň 23-nji fewralynda (iş güni) 11000 manat.

**Talaplar:**

1. Faktoring amaly boýunça ýerine ýetirilen hyzmat üçin her hasabat aýy üçin täjirçilik bankynyň girdejileriniň möçberini hasaplamaly.

2. Faktoring amalyny tamamlamagyň tertibini häsiýetlendirmeli we satyn alyjy tarapyndan bergiler doly tölenenden soňra üpjün ediji-ýuridik şahsa geçirilmeli tölegi hasaplamaly.

3. Üpjün ediji-ýuridik şahs üçin faktoring amalynda döredilýän amatlyklaryň manysyny düşündiriň.

## 19.2-nji mesele

Hasabat ýylynyň 3-nji oktýabrynda (iş güni) täjirçilik banky bilen üpjün ediji-ýuridik şahsyň arasynda 3 aý möhlet bilen regres hukukly faktoring şertnamasyny baglaşdy. Faktoring şertnamasyna laýyklykda üpjün ediji-ýuridik şahsa tölenmeli serişdeleriň jemi pul möçberi 30000 manat. Täjirçilik banky tarapyndan üpjün ediji-ýuridik şahsa onuň satyn alyjynyň adyna ýüklenäp iberen taýýar önümleriniň bahasynyň 90%-ine çenli tölenýär, galan 10%-i bolsa satyn alyjydan bergi doly alnandan soň geçirilýär. Üpjün edijiden hasap-fakturanyň kabul edilip alnan güni täjirçilik banky töleg geçirýär. Faktoring amalyna hyzmat etmek üçin kesgitlenen göterimiň möçberi aýlyk 1%-e deň.

Üpjün ediji-ýuridik şahs tarapyndan ýüklenilip iberilen taýýar önümler üçin hasap-fakturalaryň täjirçilik bankyna tabşyrylan seneleri:

- hasabat ýylynyň 14-nji sentýabrynda (iş güni) 8000 manatlyk taýýar önümler iberilen;
- hasabat ýylynyň 3-nji oktýabrynda (iş güni) 12000 manatlyk taýýar önümler iberilen;
- hasabat ýylynyň 12-nji oktýabrynda (iş güni) 10000 manatlyk taýýar önümler iberilen.

Faktoring şertnamasy boýunça täjirçilik bankyna satyn alyjydan gelip gowşan pul serişdeler:

- hasabat ýylynyň 17-nji oktýabrynda (iş güni) 15000 manat;
- hasabat ýylynyň 29-njy dekabrynda (iş güni) 15000 manat.

**Talaplar:**

1. Täjirçilik bankynyň üňjün edijiler bilen baglaşýan faktoring şertnamalarynyň görnüşleriniň aýdyp beriň.

2. Faktoringiň her bir görnüşiniň aýratynlyklaryny häsiýetlendiriň.

3. Şu faktoring şertnamasy boýunça täjirçilik bankynyň alyp biljek girdejileriniň möçberini hasaplamaly.

4. Faktoring amallarynda täjirçilik bankynyň öz üstüne alýan töwekgelçilikleriniň görnüşlerini kesgitlemeli we olary peseltmegiň usullaryny häsiýetlendirmeli.

## 19.3-nji mesele

Hasabat ýylynyň 9-njy noýabrynda 4 aý möhlet bilen baglaşylan faktoring şertnamasyna laýyklykda üpjün ediji-ýuridik şahsyň 50000 manat möçberden ybarat debitor algylaryna hyzmat etmek boýunça täjirçilik banky öz üstüne borç alýar. Faktoring şertnamasy baglaşylan güni debitor algylarynyň 85%-i täjirçilik banky tarapyndan ýyllyk 12% göterim tölegleri almak şertinde üpjün edijiniň hasabyna pul serişdelerini geçirýär.

**Talap:** Faktoring amaly boýunça täjirçilik banky tarapyndan 4 aýyň dowamynda alynmaly girdejileriň möçberini hasaplamaly.

## 19.4-nji mesele

Täjirçilik banky tarapyndan üpjün ediji-ýuridik şahsyň debitor algylaryny satyn almak üçin 95000 manat möçberde pul serişdeleri geçirildi. Faktoring şertnamasy boýunça bellenen göterimiň möçberi ýyllyk 14%. Satyn alyjy bilen hasaplaşyklardaky serişdeleriň dolanyşygynyň ortaça möhleti 20 gün. Satyn alyjynyň pul serişdeleri tölemekligiň möhletiniň gijikdeirilmegi 6 gün. Tölegiň möhletiniň her bir gijikdirilen gün üçin alynmaga degişli puşmana töleginiň kesgitlenen göterimiň möçberi 0,03%.

**Talaplar:**

1. Faktoring amaly üçin täjirçilik bankynyň üpjün ediji-ýuridik şahsdan almaly girdejileriniň möçberini hasaplamaly.
2. Tölegiň möhletiniň gijikdirilendigi üçin täjirçilik bankynyň satyn alyjydan almaly puşmana tölegi görnüşindäki girdejileriniň möçberini hasaplamaly.

## 19.4-nji mesele

Üpjün ediji-ýuridik şahs “A” satyn alyjynyň we “B” satyn alyjynyň salgylaryna jemi 80000 manat möçberde ýükläp iberen taýýar önümleri üçin hasap-fakturalary resmileşdirip, debitor algylary inkassirlemek maksady bilen olary täjirçilik bankyna tabşyrdy. Täjirçilik banky “A” we “B” satyn alyjylaryň tölege karza ukyplylygyna baha berenden soň üpjün ediji-ýuridik şahsa 64000 manat möçberde töleg geçirdi.

“A” we “B” satyn alyjylar tölegleriň tertibine laýyklykda pul serişdeleri täjirçilik bankyna geçirdiler:

- 10000 manat (üpjün ediji-ýuridik şahsa hak ujy tölenenden 10 günden soň);
- 10000 manat (ýene-de 10 günden soň);
- 10000 manat (ýene-de 10 günden soň);
- 10000 manat (ýene-de 10 günden soň);
- 10000 manat (ýene-de 10 günden soň);
- 10000 manat (ýene-de 10 günden soň).
- 10000 manat (ýene-de 10 günden soň).

- 10000 manat (ýene-de 10 günden soň).

Täjirçilik bankynyň faktoring amaly boýunça kesgitlän ortaça günlük göterimiň möçberi 0,03% deň. Hasabat ýylyndaky senenama günleriniň sany 365.

**Talap:** Faktoring amaly boýunça täjirçilik bankynyň almaly girdejileriniň möçberini hasaplamaly.

## 20-NJI TEMA. LIZING AMALLARY

Lizing amallary täjirçilik banklarynyň maliýe hyzmatlarynyň esasy görnüşleriniň biridir. Lizing amallary şertnama baglaşmak bilen resmileşdirilýär. Baglaşylan şertnama laýyklykda lizing beriji (kärendesine beriji) özüne degişli enjamlary, maşynlary, kompýuter tehnikalary, ulag serişdeleri we esasy serişdeleriniň beýleki görnüşlerini lizing (kärende) töleglerini almak şerti bilen lizing alyja (kärendeçä) berýär. Lizingiň iki görnüşi bar: amal lizingi we maliýe lizingi.

Amal lizinginde şertnama gysga we orta möhlet bilen baglaşylýar (adatça, obýektiň ulanyş tutumlary hasaplanylýan möhletinden gysga bolýar). Şu ýagdaýda lizing beriji lizingiň predmeti bolup durýan serişdäniň kadaly işlemegini üpjün etmek maksady bilen onuň tehniki hyzmatyny öz üstüne alýar. Lizing şertnamasynyň möhleti tamamlanandan soňra lizing predmeti lizing berijä gaýtarylyp berilýär.

Maliýe lizingi kärende gatnaşyklarynyň möhletiniň uzak bolmagy bilen tapawutlanýar. Ol, adatça, obýektiň peýdaly ulanyş möhletiniň ep-esli bölegini ýa-da doly öz içine alýar. Maliýe lizinginde lizing beriji obýekte hyzmat etmek boýunça borçlary öz üstüne almaýar.

Lizing töleglerini hasaplamaklyk lizing gatnaşyklarynyň möhüm bölegi bolup durýar. Lizing tölegleri lizing beriji üçin girdejileri we lizing alyjy üçin çykdajylary emele getirýär.

Lizing tölegleriniň düzümine ulanyş tutumlary, lizing üçin bellenen göterim tölegleri, lizing berijiniň goşmaça hyzmatlary üçin çykdajylary degişli edilýär.

Täjirçilik bankynyň lizing amallary boýunça meseleler lizingiň görnüşlerine laýyklykda kärende töleglerini hasaplamagyň dürli usullaryny ulanmaklygyň mümkinçiliklerini hasaba almak bilen düzüldi.

### 20.1-nji mesele

Täjirçilik banky (lizing beriji) we ýuridik şahs (lizing alyjy) öz aralarynda lizing şertnamasyny baglaşdylar. Lizinge berilýän enjamyň gymmaty 10000 manat. Lizing şertnamasynyň möhleti 4 ýyl. Enjamyň gymmatyny doly dikeltmek üçin ulanyş tutumlarynyň aňryçäk möçberi ýyllyk 20%. Lizing boýunça göterimiň möçberi ýyllyk 12%. Enjamyň düýpli bejergisini we tehniki hyzmatyny lizing alyjy amala aşyrýar. Lizing beriji lizing alyja käbir goşmaça hyzmatlary ýerine ýetirýär. Olar boýunça çykdajylar aşakdakylardan ybarat:

a) lizing berijiniň işgärleriniň iş sapary boýunça çykdajylary – 1200 manat;

b) lizing geleşigini baglaşmak boýunça edilen hukuk maslahatlary bilen baglanyşykly çykdajylar – 1000 manat;

ç) lizing berijiniň enjamy ulanmak boýunça beren maslahatlary, şol sanda barlag synaglaryny geçirmek bilen baglanyşykly çykdajylary 2000 manat.

Lizing tölegleri her ýylyň ahyrynda deň möçberde tölenýär. Lizing şertnamasynda lizingiň möhleti tamamlanandan soňra lizing alyjy enjamy onuň

galyndy gymmaty boýunça öz eýeçiligine satyn alýar.

**Talaplar:**

1. Lizingiň görnüşini kesgitlemeli we onuň aýratynlygyny häsiýetlendirmeli.
2. Enjamyň ortaça ýyllyk gymmatyny hasaplamaly.
3. Lizing şertnamasynyň möhletiniň dowamynda enjamyň ulanyş tutumlarynyň möçberini hasaplamaly.
4. Lizing tölegleriniň möçberini kesgitlemeli.
5. Enjamyň galyndy gymmatyny hasaplamaly.
6. Lizing tölegleri tölemekligiň tertibini düzmeli.

## 20.2-nji mesele

Täjirçilik banky (lizing beriji) we ýuridik şahs (lizing alyjy) öz aralarynda lizing şertnamasyny baglaşdylar. Lizinge berilýän ýük ulag serişdesiniň gymmaty 36000 manat. Lizingiň möhleti 1 ýyl. Ýük ulag serişdelesiniň gymmatyny doly dikeltmek üçin ulanyş tutumlarynyň aňryçäk möçberi ýyllyk 20%. Lizing boýunça göterimiň möçberi ýyllyk 16%. Ýük ulag serişdelesiniň tehniki hyzmatyny lizing beriji öz üstüne alýar. Lizing beriji lizing alyja käbir goşmaça hyzmatlary ýerine ýetirmek bilen baglanyşykda çykdajylary çekýär we onuň möçberi lizingiň tutuş möhletiniň dowamynda 1200 manada deň. Lizing tölegleri her aýda deň möçberde tölenýär. Lizing şertnamasynyň möhleti tamamlanadan soňra ýük ulag serişdesi lizing berijä gaýtarylyp berilýär.

**Talaplar:**

1. Lizingiň görnüşini kesgitlemeli we onuň häsiýetli aýratynlygyny düşündirmeli.
2. Lizing tölegleriniň möçberini we ýük ulag serişdesiniň galyndy gymmatyny kesgitlemeli, şeýle hem lizing tölegleriniň tertibini düzmeli.

## 20.3-nji mesele

Täjirçilik banky (lizing beriji) we hususy telekeçi (lizing alyjy) öz aralarynda lizing şertnamasyny baglaşdylar. Lizinge berilýän obýektiň gymmaty 12000 manat. Obýektiň gymmatyny doly dikeltmek üçin ulanyş tutumlarynyň aňryçäk möçberi ýyllyk 15%. Lizingiň möhleti 6 ýyl. Lizing boýunça göterimiň möçberi ýyllyk 14%. Lizing tölegleri her ýarym ýyldan deň möçberde tölenýär.

**Talap.** Lizingiň tutuş möhletiniň dowamlylygynda lizing tölegleri hasaplamaly we olaryň tertibini düzmeli.

## 20.4-nji mesele

Täjirçilik banky (lizing beriji) we hususy telekeçi (lizing alyjy) öz aralarynda lizing şertnamasyny baglaşdylar. Bu şertnamada görkezilen lizing obýektiniň gymmaty 4000000 manat. Lizingiň möhleti 10 ýyl. Lizing obýektiniň ulanyş

tutumlary çaltlandyrylan usul boýunça hasaplanylýar we 5%-den 10%-e çenli köpeldildi. Lizing boýunça göterimiň möçberi ýyllyk 8%. Lizing beriji we lizing alyjy öz aralarynda her ýylda göterimiň möçberini 0,5% ýokarlandyrmak barada ylalaşdylar. Lizing tölegleri her ýylyň ahyrynda tölenýär.

**Talaplar:**

1. Lizing obýektiniň ortaça ýyllyk gymmatyny kesgitlemeli.
2. Her ýyl üçin lizing tölegleriniň möçberini hasaplamaly.
3. Lizing şertnamasy boýunça lizing tölegleriniň umumy möçberini hasaplamaly.

## 20.5-nji mesele

Enjamyň gymmaty 18000 manat. Enjamyň gymmatyny doly dikeltmek üçin ulanyş tutumlarynyň möçberi ýyllyk 20%.

Lizingiň möhleti 5 ýyl. Lizing boýunça göterimiň möçberi ýyllyk 12%. Lizing tölegleri her ýylyň ahyrynda tölenýär.

Enjamy satyn almak üçin berilýän bank karzynyň göterim möçberi ýyllyk 8%. Bank karzynyň möhleti 3 ýyl. Bank karzy boýunça esasy bergi we göterim tölegleri aýma-aý tölenýär.

**Talap.** Görkezilen wariantlaryň haýsy amatlydygyny kesgitlemeli, ýagny enjamy soňundan satyn almak şerti bilen maliýe lizingine almak ýa-da bank karzynyň hasabyna satyn almak.

## 20.6-njy mesele

Ýuridik şahs önümçilik enjamyny lizinge almak üçin täjirçilik bankyna ýüz tutdy. Bu şahsyň maliýe ýagdaýy durnukly. Täjirçilik banky gymmaty 20000 manatdan ybarat önümçilik enjamyny 4 ýyl möhlete lizinge bermek barada ýuridik şahs bilen lizing şertnamasyny baglaşdy. Tehniki-ykdysady häsiýetnamasyna laýyklykda bu önümçilik enjamyny ulanmak mümkinçiliginiň möhleti 8 ýyl. Önümçilik enjamynyň ulanyş tutumlarynyň möçberiniň ýyllyk 20% göz öňünde tutulsa, onda onuň ulanyş tutumlaryny hasaplamagyň möhleti 5 ýyl. Kärende tölegleri hasaplamak üçin ylalaşylan lizing göterimiň möçberi ýyllyk 14%. Orta möhletli bank karzynyň möçberi ýyllyk 7%. Lizing tölegleri çärýekleýin tölenýär. Lizingiň möhleti tamamlanandan soňra önümçilik enjamyny onuň galyndy gymmaty boýunça lizing alyja satmaklyk göz öňünde tutulýar.

**Talaplar:**

1. Lizingiň görnüşini kesgitlemeli.
2. Lizing şertnamasyny baglaşmak üçin lizing alyjy bolup biljek tarap täjirçilik bankyna haýsy resminamalary tabşyrmalydyny düşündirmeli.
3. Lizing tölegleriniň möçberini hasaplamaly.
4. Lizing şertnamasynyň möhleti tamamlanýan pursatyna önümçilik enjamynyň galyndy gymmatyny kesgitlemeli.

# 21-NJI TEMA. FORFEÝTING AMALLARY

Forfeýting – bu regres hukuksyz eksport edijiden debitor algylarynyň satyn almagyny göz öňünde tutýar. Şeýlelikde, forfeýting amaly eksport edijiniň karzlaşdyrylmagyny aňladýar. Debitor algylary satyn alyjy (forfeýter) hökmünde, adatça, täjirçilik banky çykyş edýär. Ol öz üstüne import edijiniň tölege ukypsyzlygy bilen baglanyşykly täjirçilik töwekgelçiligi alýar. Forfeýter eksport edijiden satyn alan resminamalaryny (wekselleri we beýleki bergi talaplary) gaýtarmasyz esasda başga bir forfeýtere satyp bilýär.

Forfeýting, esasan, daşary söwda geleşikleri boýunça uly möçberlerde enjamlary ýerlemekde ulanylýar we import ediji üçin tölegiň möhletini 6 aýdan 8-10 ýyal çenli yza süýşürmeklige mümkinçilik berýär. Şunda eksport ediji eksport geleşigi boýunça debitor algysyny forfeýtere satýar we kesgitli tölegi alýar.

Forfeýting amaly bergidara bildirilýän gysga we uzak möhletli talaplaryň (wekselleri we beýleki bergidarly talaplary) görkezilen bahanyň 40-60% indirimli pul serişdeleriniň hasabyna satyn almakdan ybaratdyr.

Forfeýting hyzmatlarynyň gymmatyny kesgitlemek möhüm meseleleriň biri bolup durýar. Forfetirlemeklige degişli wekselleriň nominal gymmatyny hasaplamagy harytlar we hyzmatlar üçin töleg orta möhletli bergidarlyk borçnamalarynyň berilmegi arkaly amala aşyrylýandygy barasynda şertleri özünde saklaýan eksport ediji bilen import edijiniň arasynda baglaşylýan şertnamada göz öňünde tutulýar. Belli bir möhletiň dowamynda üzülmeli wekseliň bahasynyň göni hasap (göterim) derejesini hasaba almak bilen hasaplanylýan karz üçin göterimiň we satuw bahasynyň gatnaşygy görnüşinde degişli wekselleriň nominal gymmatyny eksport ediji kesgitleýär. Bu hasaplama aşakdaky formulanyň üsti bilen geçirilýär:

$$P = Pv * (Pv * R / 100),$$

bu ýerde,
P – satuw bahasy;
Pv – wekseliň bahasy;
R – göni hasap (göterim) derejesiniň ululygy.

Karz üçin göterimiň we satuw bahasynyň gatnaşygyny kesgitlemegiň usullary üýtgäp biler. Mysal üçin, satuw bahasy deň böleklere bölünip bilner. Her bir bölege üzülmedik bergileriň möçberine göterimler goşulýar. Beýleki ýagdaýda satuw bahasy deň böleklere bölünýär we göterimler her bir bölegiň bergidarlyk borçnamalarynyň tutuş möhletine hasaplanylýar, töleg bolsa her ýylda alynýar. Üçünji usul formula boýunça hasaplanan her ýyldaky tölegleriň takmynan möçberi esasynda deň nominal gymmatly wekselleri ulanmagy göz öňünde tutýar. Emma saýlanyp alnan usula laýyklykda import ediji tarapyndan tölenilýän dürli jem möçberleriniň bolmagy şeýle bir möhüm däldir, çünki her bir usul bar bolan wekselleriň tölenmedik döwürleriniň we pul möçberileriniň aratapawudyny şöhlelendirýän tölegleriň möçberlerini kesgitlemek üçin niýetlenendir.

Bu temada täjirçilik banklarynyň amala aşyrýan forfeýting amallarynyň

mazmunyny açyp görkezmek bilen baglanyşykly meseleler berilýär.

### 21.1-nji mesele

Täjirçilik banky forfeýting boýunça eksport edijiden 200,0 müň ABŞ-nyň dollary möçberinde wekseli aldy. Göni hasap (göterim) derejesi 12%. Weksel bir ýylyň dowamynda üzülmeli.

**Talaplar:**

1. Wekseliň satuw bahasyny kesgitlemeli.
2. Weksel boýunça girdejiniň möçberini hasaplamaly.
3. Weksel boýunça girdejililigiň derejesini hasaplamaly.

### 21.2-nji mesele

Forfeýting hasaplaşygy boýunça harytlaryň umumy nominal gymmaty 186,0 müň ABŞ-nyň dollaryndan ybarat 150,0 müň ABŞ-nyň dollary möçberinde harydyň gymmatyna berlen weksel üçin her ýylda 18% tölenýär. Wekseliň üzülmeli möhleti 5 ýyl.

**Talap.** Forfetirlemek üçin wekseliň nominal gymmatyny hasaplamaly, eger:

a) satuw bahasy deň böleklere bölünýär we her bir bölege üzülmedik bergileriň möçberine hasaplanan göterimler goşulýar;

b) satuw bahasy deň böleklere bölünýär we göterimler her bir bölegiň bergidarlyk borçnamalarynyň tutuş möhletine hasaplanylýar, töleg bolsa her ýylda alynýar;

ç) formula boýunça hasaplanan deň nominal gymmatly weksel ulanylýar.

### 21.3-nji mesele

Forfetirlemek üçin wekselleriň nominal gymmatyny we karz boýunça üzülmedik berginiň möçberini hasaplamak maksady bilen aşakdaky maglumatlar berlen:

- harytlaryň 500,0 müň ABŞ-nyň dollary möçberine weksel resmileşdirilen;
- harytlaryň umumy nominal gymmaty 750,0 müň ABŞ-nyň dollaryndan ybarat;
- her ýylda tölenýän göterimiň derejesi 16%-e deň;
- şertnamany ýerine ýetirmegiň möhleti 3 ýyl.

**Talaplar:**

1. Karz üçin göterimiň we satuw bahasynyň baglanyşygyny kesgitlemegiň hasaplamalaryny üç usuly ulanmak esasynda ýerine ýetirmeli.
2. Aşakdaky tablisalary doldurmaly.

a) deň böleklere bölünen satuw bahasynyň her bir bölegine üzülmedik

bergileriň möçberine hasaplanan göterimler goşulýar (*21.3-nji tablisa*).

**21.3.1-nji tablisa**

**Forfetirlemek üçin wekselleriň nominal gymmatynyň hasaplanylyşy**

*ABŞ-nyň dollary*

| Satuw bahasy | Üzülmedik berginiň möçberine göterim derejesi 16% | Wekselleriň nominal gymmaty | Ýylyň ahyrynda üzmek möhleti |
|---|---|---|---|
| | | | 1 |
| | | | 2 |
| | | | 3 |
| | | | |

b) töleg her ýylda alynýan şertinde bergidarlyk borçnamalarynyň tutuş möhletine ____ ABŞ-nyň dollaryna deň her bir bölege göterimler hasaplanylýar (*21.3.2-nji tablisa*).

**21.3.2-nji tablisa**

*ABŞ-nyň dollary*

| Satuw bahasy | Üzülmedik berginiň möçberine göterim derejesi 16% | Wekselleriň nominal gymmaty | Ýylyň ahyrynda üzmek möhleti |
|---|---|---|---|
| | | | 1 |
| | | | 2 |
| | | | 3 |
| | | | |

ç) formula boýunça hasaplanan deň nominal gymmatly weksel ulanylýar. her ýylyň tölegleriniň takmyn möçberleriniň formulasy boýunça hasaplanan deň nominal gymmatly wekseller boýunça hasaplamalary ulanmaly.

## 21.4-nji mesele

Forfetirlemek üçin satyn alnan 4600,0 müň ABŞ-nyň dollaryndan ybarat weksel boýunça göni hasap (göterim) derejesi 14%-e deň. Weksel bir ýylyň dowamynda üzülýär.

**Talaplar:**

1. Forfeýting amallarynyň gysgaça manysyny düşündirmeli.
2. Wekseliň satuw bahasyny kesgitlemeli.

## 22-NJI TEMA. TRAST AMALLARY

Trast (*“trust”* iňlis sözi bolup, onuň *“ynam”, “ynamly esasda dolandyrmak”* manysy bardyr) – bu müşderiniň bähbidi we tabşyrygy boýunça şertnama esasynda öz adyndan amala aşyrylýan müşderiniň serişdelerini (emlägini, pul serişdelerini, gymmatly kagyzlaryny we ş.m.) dolandyrmak bilen baglanyşykly amallardyr.

Trast ammallarynda müşderi tarapyndan belli bir pul serişdeleriniň möçberi ýa-da gymmatly kagyzlaryň bukjasy banka berilýär. Şol bank alnan serişdelere eýelik etmegi, olary girdeji getirýän aktiwlere goýmagy we ylalaşylan tertip boýunça girdejiniň degişli bölegini müşderä tölemegi öz üstüne borç alýar.

Täjirçilik banky tarapyndan ýerine ýetirilýän trast hyzmatlary üç sany esasy toparyň amallaryny öz içine alýar:

1. alnan mirasa eýelik etmek;
2. hossarlyk baglanyşygy;
3. agent hyzmatlary.

Bu amallaryň ählisi bir tarapdan maliýe we beýleki tarapdan hukuk häsiýetine eýedir.

Täjirçilik banklary trast amallaryny özbaşdak şertnamalar esasynda we bilelikde maýa goýmaklygyň usullarynyň biri bolup çykyş edýän bank dolandyrmasynyň umumy gaznasynyň çäginde amala aşyryp bilerler. Bank dolandyrmasynyň umumy gaznasy ulanylan ýagdaýynda emläkleriň uly möçberiniň we şunlukda maýa goýum amallaryny amala aşyrmak üçin döreýän giň mümkinçilikleriň hasabyna netijelilik gazanylýar. Bank birleşdirilen emläkleri ynanylan dolandyryjy hökmünde çykyş edýär.

Dürli alamatlary boýunça trast amallary görnüşlere bölünýär: diskresion we fiksirlenen, gaýtarylýan we gaýtarylmaýan, halkara we milli. Trast amallary boýunça baglaşylýan ylalaşyklarda emläkleri trasta bermegiň şertleri, dolandyryjynyň ygtyýarlyklary, müşderiniň degişliligi (rezidentligi) we ş.m. görkezilýär.

*Diskresion trasty* – trasty dolandyrýana uly hukularyň berilmegini göz öňünde tutýar. Dolandyryjy özüniň karary boýunça trast aktiwlerine ygtyýarlyk edýär we benefisiarlaryň arasyndan kime, haçan we haýsy möçberde trast gaznasyndan serişdeleri tölemek babatynda özi çözgüt kabul edýär. Şeýle karalaryň çägi «Letter of wishes» (“Islegleriň haty” “Письмо от пожеланий”) atly resminama bilen kadalaşdyrylýar.

*Fiksirlenen trast* – diskresion trastdan tapawutlylykda trasty dolandyrýanyň ygtyýarlyklarynyň takyk kesgitlenilmegini we trast ylalaşygynda berkidilmegini göz öňünde tutýar.

*Gaýtarylylmaýan trast* – onuň şerti boýunça trasty esaslandyryjy trast ylalaşygyny ýatyryp we trasta berlen emläkleri yzyna gaýtaryp bilmeýär. Bu şert hakyky we galp (ýalan) trastlary aýdyňlaşdyrmagyň esasy ölçegleriniň biri bolup durýar.

*Gaýtarylýan trast* – trasty esaslandyryjynyň islegine baglylykda trasty dolandyrmagyň şertleriniň üýtgedilip bilinmegi mümkin bolan trastdyr. Şunda

trasty esaslandyryjy tarapyndan trasta berlen emläkler yzyna gaýtarylmak ähtimallygy saklanylýar we trasty dolandyrýanyň işine gözegçilik edilmegi üpjün edilýär.

*Halkara tarsty* – bu trasty esaslandyrýanyň we ony dolandyrýanyň dürli ýurtlaryň tabynlygynda bolup durýandyklaryny aňladýar.

*Milli trast* – bu trasty esaslandyrýanyň we ony dolandyrýanyň haýsy hem bolsa bir ýurduň dahyllylary bolup durýandyklaryny aňladýar.

Trast amallarynyň gymmatyny kesgitlemek möhüm meseleleriň biridir. Dolandyryş ulgamy ulanylan şertlerinde maýadar maýa goýumlaryny goýanda görnüp duran ýitgilerden sowlup geçmek üçin serişdeleri goýum etmegiň degişli strategiýasyny, möhletini we möçberini kesgitlemäge borçludyr. Trast amallaryny bank dolandyrmasynyň umumy gaznasynyň çäginde amala aşyrylan ýagdaýynda maýa goýumlaryny goýmagyň iň pes möhletini hasaplamaklyk mümkindir. Onuň üçin iň soňky ýylda (12 aýda) gaznanyň göterimdäki girdejililigini, şeýle hem göterimde çykdajylarynyň möçberini bilmek zerurdyr. Maýa goýumlaryny goýmagyň iň pes möhletini hasaplamak üçin şu formula ulanylýar:

$$T_{min} = (G_t + Ç_t + H_t) / G_g$$

Bu ýerde
$T_{min}$ – maýa goýmagyň iş pes möhleti;
$G_t$ – gaznanyň giriş tölegi;
$Ç_t$ – gaznanyň çykyş tölegi;
$H_t$ – dolandyryjynyň hak heşdek tölegi;
$G_g$ – gaznanyň girdejililigi.

Paýly maýa goýum gaznasy (PMGG) ulgamy boýunça gymmatly kagyzlary ynamly dolandyrmak arkaly goýlan serişdeler üçin paýyň bahasy we onuň gymmatynyň arasyndaky tapawudy bilmek zerurdyr. PMGGa boýunça paýyň gymmaty hökmünde onuň arassa bazar gymmatyna (goşmaça tölegleri hasaba almazdan) düşünilýär we şu formula boýunça hasaplanylýar:

*Paýyň gymmaty = PMGG-ň arassa aktiwleriniň gymmaty / Paýyň sany*

Açyk PMGG-da paýyň gymmaty her gün hasaplanylýar. Paýyň gündelik gymmaty barasyndaky maglumat umumy elýeterlilik üçin açykdyr. Şol maglumat gaznany dolandyryjynyň saýtyndan, Internetiň ýöriteleşdirilen saýtyndan, döwürleýin neşirýatdan, maýa goýumly paýlary satyn almak ýa-da satmak üçin sargytlary kabul ediş nokarlardan almak mümkinçiligi bolýar.

PMGG-da paýyň bahasy diýlip satyn alyjy paýy satyn alan pursatynda onuň üçin töleýän puluň möçberine düşünilýär. Şol baha şu formulanyň kömegi bilen kesgitlenilýär:

*Paýyň satyn alyş bahasy = Paýyň gymmaty + Nyrh goşulmasy*

Paýyň satuw bahasy şeýle hasaplanylýar:

*Paýyň satuw bahasy = Paýyň gymmaty – Nyrh indirimi*

Trastyň şertleri boýunça dürli bahaly, girdejili we töwekgelçiligiň derejeli gymmatly kagyzlar bilen işleri geçirmeli bolýar. Adatça, paýnamanyň hümmeti şeýle tertipde kesgitlenilýär:

$$\textit{Paýnamanyň hümmeti} = \frac{Diwident}{Karz\ göterimi} \times 100$$

Şonuň ýaly trastyň girdejililigine baha bermek mümkindir:

*Trastyň girdejililigi = (Trast boýunça girdeji / Depozit boýunça girdeji) x 100*

Eger trasta paýnama goýulsa, onda ýokardaky formulany şeýle görnüşde görkezmek bolar:

*Trastyň girdejililigi = (Trast boýunça girdeji / Diwident) x 100*

Bu temada täjirçilik banklarynyň ýerine ýetirýän trast amallarynyň mazmunyny açyp görmeklige niýetlenen meseleler berilýär.

## 22.1-nji mesele

Täjirçilik banky trast amallaryny bank dolandyrmasynyň umumy gaznasynyň çäginde amala aşyrýar. Bu gazna girmek üçin 1,5% we ondan çykmak üçin 1,5% derejesinde töleg kesgitlenen. Trasty dolandyrýan täjirçlik bankynyň hyzmaty üçin bellenen göterimiň möçberi 1%-e deň. Gaznanyň ýyllyk girdejisi 8%-e barabar boldy.

**Talaplar.**

1. Trast amallarynyň manysyny düşündirmeli.
2. Maýa goýmagyň iň pes möhletini kesgitlemeli.

## 22.2-nji mesele

Trast amaly boýunça paýyň satyn alyş bahasy 10000 manat, nyrh goşundysy satyn alyş bahanyň 4%-ine we paý satylanda nyrh indirimi paýyň gymmatynyň 2%-ine deň.

**Talap.** Paý goýan tarap paýyň amatly satuw bahasyna umyt baglap bilermi?

## 22.3-nji mesele

Trast boýunça şertnamada gymmatly kagyzlaryň möçberi 10000,0 müň manat görkezilipdir. Täjirçilik banky trast boýunça aýda 1000,0 müň manat girdeji almagy göz öňünde tutýar we 20% möçberde diwident yglan edýär. Trasty dolandyrýan täjirçilik bankynyň hyzmat hakynyň möçberi girdejiniň 20%-ine deň.

**Talaplar:**

1. Trastyň görnüşlerini sanamaly we olara gysgaça häsiýetnama bermeli.
2. Eger depozit boýunça girdeji ýyllyk 10%-e deň bolsa, onda trast boýunça şertnama baglaşmagyň amatlydygyny kesgitlemeli.

## 22.4-nji mesele

Täjirçilik banky bilen ýuridik şahsyň arasynda trast boýunça şertnama baglaşylýar. Şertnamanyň şertlerine laýyklykda umumy möçberi 10000,0 müň manat bolan gymmatly kagyzlar trasta berilýär. gymmatly kagyzlara yglan edilen diwidendiň möçberi 20%. Täjirçilik bankynyň trast amaly boýunça girdejisi her aýda 20%. Trast boýunça her aýda girdejiniň möçberi 1000,0 müň manat.

**Talap.** Gymmatly kagyzlary trasta goýmagyň amatlydygyny ýa-da amatly däldigini kesgitlemeli.

# 23-NJI TEMA. GYMMAT BAHALY METALLAR BILEN AMALLAR

Şu tema esasan, ýurduň banklarynyň gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar bilen geçirýän amallarynyň ählisi goşuldy.

Täjirçilik banklarynyň gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar bilen amallar – bu goýumlara çekmek we gymmat bahaly daşlary ýerleşdirmek boýunça geçirilýän amallardyr.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň Başlygynyň 2013-nji ýylyň 25-nji aprelindäki 129-ö belgili buýrugy bilen "Gymmat bahaly metallaryň, gymmat bahaly daşlaryň we olardan ýasalan önümleriň lomaý, bölek we komission söwdasyny guramagyň" tertibi tassyklanyldy. Şu Tertip Türkmenistanyň Raýat kodeksine, "Alyjylaryň hukugyny goramak hakynda", "Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda" Türkmenistanyň Kanunlaryna, "Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar bilen baglanyşykly işi ygtyýarlylandyrmak hakynda" Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 26-njy martynda çykaran 11010-njy belgili Karary bilen tassyklanan Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar bilen baglanyşykly işi ygtyýarlylandyrmak hakyndaky Düzgünnama we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işlenip taýýarlanyldy.

Teklip edilýän meseleleriň yzygiderliligi ýönekeýden çylşyrymly meselelere kem-kemden geçmegi göz öňünde tutýar. Meseleleriň üstünde işlemek daşary ýurt pulundaky şu gymmatlyklaryň düzümini we görnüşlerini, olaryň aýry-aýry görnüşleri boýunça orunlary (pozisiýa) we täjirçilik banky boýunça jemlenen orunlary kesgitlemegiň usullaryny, gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlaryň gymmatyny hasaplap çykarmagyň terbini, täjirçilik bankynyň ol ýa-da beýleki anyk amala çemeleşmesini özleşdirmäge kömek etmelidir.

## 23.1-nji mesele

Täjirçilik banky hasabat ýylynyň 15-nji aprelinde (iş güni) gymmat bahaly metallar bilen amallary amala aşyrmak üçin Türkmenistanyň Merkezi bankyň ygtyýarnamasyny alypdyr, ertesi güni hem depozit goýumy hökmünde 1530 g arassa altyny öz ammaryna kabul edip alypdyr. Metalyň kabul edilen senesinde altynyň bir gramynyň resmi bahasy 149,25 manada deň bolupdyr.

**Kesgitlemeli:**

1. Depozit goýumynyň kabul edilen güni bank näçe möçberdäki puly metal hasabyna geçirer?

2. Depozit goýumynyň kabul edilen senesinde täjirçilik bankynyň altyn boýunça orny nähili?

### 23.2-nji mesele

Täjirçilik banky altyny depozite çekmek we altyn bilen karz bermek boýunça işi alyp barýar. 24-nji aprel (iş güni) ýagdaýyna manat ekwiwalentinde müşderileriň metal hasaplarynyň ýagdaýyna şunuň ýaly baha berlipdir:

| Müşderileriň metal hasaplary | Aktiw | Passiw |
|---|---|---|
| №1 | - | 49 322 |
| №2 | - | 5 419 |
| №3 | 4871 | - |
| №4 | - | 9 648 |
| №5 | 21 221 | - |

Eger bankda hususy hasabyna çekilen şunuň ýaly gymmat bahaly metal ýok bolsa, 24-nji aprel (iş güni) ýagdaýyna täjirçilik bankynyň altyn boýunça ornuny **kesgitlemeli.**

### 23.3-nji mesele

Agramy 12 500 gram bolan altynyň standart tokgasynyň ligaturada 0,9995 probasy bar.

Eger Türkmenistanyň Merkezi bank şu senede gymmat bahaly metallar bazarynda altynyň aşakda getirilýän nyrlaryny (arassa altynyň 1 gramy üçin, manatda) bellän bolsa, 24-nji aprel (iş güni) ýagdaýyna manatdaky ekwiwalentini **kesgitlemeli:**

satyn alyş bahasy ......149,39 manat
satuw bahasy..............149,65 manat

### 23.4-nji mesele

Täjirçilik bankynda ýurduň affinaž kärhanalary tarapyndan çykarylýan ähli görnüşdäki platina bar: guýma (tokgalan), poroşok we sozulan görnüşde. Affinaž platinadaky arassa metalyň düzümi (probasy) döwlet standartlaryna laýyklykda, "üç sany dokuzdan pes däl" derejä, ýagny 99,9%-e laýyk gelýär.

Amal gününiň başynda bankda ähli görnüşdäki platina bardy *(23.4-nji tablisa).*

***23.4-nji tablisa***

| Affinaž platinanyň görnüşi | Mukdary, sany | Ligatura agramy, g | |
|---|---|---|---|
| | | bir sanysynyň agramy | hemmesi |

| | | | |
|---|---|---|---|
| Guýma görnüşi: | | | |
| standart | 2 | 5000 | 10 000 |
| çekme | 5 | 500 | 2500 |
| Poroşok görnüşde: | | | |
| plasmassa gaplarda (gutuda) | 2 | 7000 | 14000 |
| çüýşe ampulalarda | 25 | 50 | 1250 |
| Sozulan görnüşde: | | | |
| sowuk sozulan | - | - | 350 |
| zolaklaýyn sozulan | | | |

Amal gününiň dowamynda biržada ligatura agramy 12 750 grama deň bolan platina satylypdyr we ligatura agramy 156,35 grama deň bolan sap tebigy metal bölegi (himiýa taýdan arassa metal) goýum hökmünde saklamak üçin kabul edilipdir.

**Talaplar:**

1. Amal gününiň ahyryndaky ýagdaýa bankyň platina boýunça ornuny kesgitlemek.

2. Görkezilen amalyň geçirilen gününde Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenen 1 gramyň resmi bahasy 122,63 manada deň bolan bolsa, banka sap tebigy metal bölegini tabşyran müşderiniň metal hasabyna geçiriljek manat ekwiwalentindäki pul möçberini anyklamak.

## 23.5.-nji mesele

Ýuridik şahs (altyn gözleýän artel) täjirçilik bankyna kärhana tarapyndan çykarylan altyn çägesinden taýýarlanan we ýurduň affinaž kärhanasy tarapyndan markirlenen, 12 sany standart we 64 sany ölçenilýän guýma altyn mukdarda bank altynyny teklip edýär, olaryň nominal agramy we probasy şuňa deňdir *(23.5-nji tablisa).*

***23.5 tablisa***

| Guýma | Mukdary, sany | Ligatura agramy, g | Proba, %-den pesi däl |
|---|---|---|---|
| Standart | 5 | 13 300 | 99,95 |
| | 7 | 11 000 | 99,95 |
| Ölçenilýän | 14 | 1000 | 99,99 |
| | 50 | 350 | 99,99 |

Şu mukdardaky metalyň 55%-i daşary ýurt pulunda bellenen resmi bahanyň 20%-den pes baha boýunça satuwa çykarylypdyr. Alnan girdejiniň pul möçberinden bank tokgalanan altynyň taýýarlanandygy we markirlenendigi üçin affinaž zawodyna 15 müň manat möçberdäki berginiň galyndysyny tölemegi teklip edýär. Altyny satmakdan alnan pul möçberiniň galan bölegi möhletli goýuma, satylmadyk metal bolsa talap edilýänçä goýuma geçirilmeli.

**Talaplar:**

1. Eger pula öwrülen senesindäki ýagdaýa altynyň 1 gramynyň Türkmenistanyň Merkezi bank tarapyndan bellenen resmi bahasy 150,244 manada deň bolsa, täjirçilik bankynyň ýuridik şahsyň depozit we metal hasabyna geçirjek pul möçberini kesgitlemek.

2. Bankyň müşderiniň manat hasabyna geçirjek pul möçberini kesgitlemek.

## 23.6-njy mesele

Müşderi täjirçilik bankyna 1 ýyl möhleti bilen 1897-1911-nji ýyllarda çykarylan 500 probaly kümüş monetalaryň kolleksiýasyny jogapkär saklamak üçin berýär.

Müşderiniň gatnaşmagynda çekilende kolleksiýanyň ligaturadaky agramynyň 7452,5 grama deňdigi anyklandy.

Müşderi bilen bankyň arasynda jogapkär saklamak üçin şertnamada kesgitşlenen şertleşik boýunça kümüş monetalaryň kolleksiýasynyň raritet gymmaty onda bar bolan arassa kümüşiň gymmatyny 50 esse köpeltmek ýoly bilen hasaba alynýar.

Şertnamada müşderiniň kolleksiýany saklamak üçin tölegi döwrüň başyndan başlap ýarym ýylda bir gezek kolleksiýanyň bir ýyldaky gymmatynyň 0,4%-inden ugur alyp hasaplamak bilen geçirýändigi kesgitlenipdir.

**Talaplar:**

1. Kolleksiýanyň gymmatlylygyny onuň raritet gymmatyny hasaba almak bilen kesgitlmek.

2. Eger kolleksiýanyň saklamak üçin berlen gününde kümüşiň 1 gramynyň Türkmenistanyň Merkezi bank tarapyndan bellenen resmi bahasy 2,089 manada deň bolan bolsa, kolleksiýany saklamak üçin müşderiniň birinji gatanjynyň möçberini kesgitlmek.

## 23.7-nji mesele

Täjirçilik banky gymmat bahaly metallar bazarynda “spot” görnüşli geleşikler boýunça hem, “forward” görnüşli geleşikler boýunça hem üstünlikli işleýär.

Hasabat ýylynyň 1-nji fewral (iş güni) ýagdaýa natural ölçegde – gramlarda gymmat bahaly metallar satyn alnypdyr we ýerleşdirilipdir *(23.7-nji tablisa).*

***23.7-nji tablisa***

| Gymmat bahaly metallaryň ady | Tiz baglaşylýan şertnamalar | | Möhletli şertnamalar | |
|---|---|---|---|---|
| | aktiw | passiw | aktiw | passiw |
| Altyn | 2 100 | 1 940 | 1 800 | 1 930 |
| Kümüş | 3 250 | 3 500 | 1 657 | 1 213 |
| Platina | 453 | 570 | 594 | 554 |

**Talaplar:**

1. Şertnamalaryň görnüşleri we gymmat bahaly metallaryň görnüşleri boýunça ornuň (pozisiýanyň) görnüşini kesgitlemek.

2. Gymmat bahaly metallar boýunça açyk orunlaryň manatdaky ekwiwalentini hasaplap çykarmak.

3. Eger görkezilen senedäki ýagdaýa bankyň hususy serişdeleri 100 müň. manada, gymmatly metallaryň resmi bahasy (manat/gram) altyn boýunça 150, 244, kümüş boýunça 2,089 platina boýunça 122,637 manada deň bolsa, Täjirçilik bankynyň gymmatly metallar boýunça hasabat ýylynyň 1-nji fewralynda (iş güni) ýagdaýa görä açyk ornunyň jemi ululygyny we onuň Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenen çäge (limite) laýyk gelýändigini kesgitlemeli.

## 23.8-nji mesele

Ýuridik şahs (döwlet paýdarlar jemgyýeti) geljekki altyn gözlenilýän möwsümde susgyçly maşynyň (draga) we altyn gözleýjileriň şäherçesindäki elektrostansiýanyň işlemegini üpjün etmek üçin täjirçilik bankyna ýylda 24% tölemek bilen, 9 aý möhlete 50 müň manat möçberde karz almak üçin ýüz tutupdyr, şunda umumy ligatura agramy 1172 gram bolan himiki taýdan arassa altynyň dört tokgasyny girew goýupdyr.

Kärhana karzy üzmegiň we karz şertnamasynyň hereket edýän möhletiniň ahyrynda göterimleri birwagtda tölemegiň tertibini kesgitlemegi haýyş edýär. Tölegi arassa altynyň bir gramy üçin 140,3 manatdan ýokary bolmadyk baha boýunça 0,9995-den pes bolmadyk probaly ölçenilýän guýma we sozulan altyn bilen geçirmek teklip edilýär.

**Talaplar edilýär:**

1. Altynyň bir gramynyň resmi bahasy 153,78 manat bolanda altynyň ýeterlikdigini kesgitlemek.

2. Eger sebitde karz möçberi ýyllyk 26%-e deň bolsa, Täjirçilik bankynyň geleşikden aljak umumy girdejisini hasaplap çykarmak.

2. Eger altynyň bir gramynyň bahasy 150,3 manatdan pese gaçmadyk ýagdaýynda, karz alyjy tarapyndan teklip edilen şertler ýerine ýetirilen halatynda, banka tabşyryljak ligatura argamy 350 g bolan ölçenilýän altyn tokgalarynyň sanyny we 0,9995 probaly sozulan affinaž altynyň agramyny anyklamak.

## 23.9-njy mesele

Hümmetsizlenmeden ätiýaçlandyrmak maksady bilen, adwokatyň maşgalasy maşgalabaşynyň wekilçiliginde özleriniň garaşylmadyk ýagdaýlar üçin niýetlenen manatdaky süýşürintgileriniň bir bölegini bankda saklanýan altyna öwürmek kararyna gelipdir, şunda altyny täjirçilik bankyndan şu wagtky hümmeti boýunça – bir gramy üçin 150 manatdan, bu altyny 6 aýdan soň 158,3 manat forward hümmeti boýunça satmak şerti bilen satyn alnypdyr.

Geleşige gol çekilen mahalynda satyn alnan altyny ýylda 18% möçber boýunça depozite ýerleşdirmek we altyny satyn almak-satmak şertnamasynyň möhleti tamamlanmazdan öň pul harajatlaryny talap edýän garaşylmadyk ýagdaýlar ýüze çykan halatynda onuň adwokatyň maşgalasyna karz bermek üçin girew bolup hyzmat etmegi karar edilipdir.

**Talaplar:**

1. Maşgalabaşynyň täjirçilik banky bilen baglaşan geleşigini adyny atlandyrmak.

2. Hümmetsizlenmegiň depgini aýda 3,5%-den ýokary bolmagy çaklanylýan bolsa, şu amalyň maşgalanyň süýşürintgilerini hümmetsizlenmeden gorap biljekdigini ýa-da bilmejekdigini anyklamak.

3. Müşderiniň hümmetsizlenmegiň depginiň 3-3,5% derejede saklanjagyna ynamy ýok wagtynda, şeýle hem onuň ýokarlanan halatynda bankyň geňeşçisiniň müşderä teklip edip biljek çärelerini sanap geçmek.

## 23.10-njy mesele

Altynyň bahalarynyň hümmetiniň ýokarlanma meýlini öwrenmek bilen (geçen 6 aýyň dowamynda aýda ≈1,7;), täjirçilik banky „swop“ hümmeti boýunça 0,9999 probaly ölçenilýän tokgalarda 120 kg bankda saklanýan altyny satmak üçin üç aýlyk opsion satyn alypdyr. Opsion satylan pursatynda Londonyň agşamky fiksinginde altynyň bahasynyň hümmeti 1 troýa unsiý üçin 385,4 dollara deň bolupdyr.

Opsion boýunça baýrak „spot“ hümmeti bo ýunça geleşigiň pul möçberiniň 1,5%-ne deň bolýar.

**Kesgitlemeli:**

1. Altynyň hümmetiniň üýtgeme meýli saklanyp galan ýagdaýynda bank näçe girdeji almagy göz öňünde tutýar?

2. Meýliň alamatynyň üýtgän ýagdaýynda bankyň ýitgileri nähili bolar? Bu ýitgileriň birža manysy nämeden ybarat?

Maglumat üçin: bir troýa unsiý 31,1034807 grama deňdir.

# 24-NJI TEMA. WALÝUTA AMALLARY

Türkmenistanda walýuta amallary amala aşyrmagynyň tertibini kesgitleýän esasy kadalaşdyryjy hukuknama bolup 2011-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan güýje giren “Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda” Türkmenistanyň kanuny çykyş edýär.

Walýuta amallary (geleşikleri) - daşary ýurt walýutasyny satyş – satyn alyş bilen bagly bank işleridir, geleşikleridir.

Şu tema “Swop” we “Forward” walýuta amallar goşuldy. Teklip edilýän meseleleri ähli ykdysady hünärlerde okaýan talyplar, hem-de hünärmenler we mugallymlar ulanyp bilerler.

**Spot -** daşary ýurt puluna ýa-da hakyky haryda bolan geleşigiň bir görnüşi, şol sanda, tiz wagtda töleg geçilmegi we üpjün edilmegi göz öňünde tutýan birža söwdasy degişlidir. Spot şertlerinde daşary ýurt puly boýunça geleşik geçirilende onuň üpjün edilmesi 1günüň dowamynda amala aşyrylýar.

**Forward** - hümmetler möhletli geleşiklerde ulanylýar we aýdyň kesgitlenen döwürden soň walýutanyň hakyky tabşyrylmagy amala aşyrylýar. Forward hümmeti walýuta geleşigine gatnaşyjy tarapyndan bellenilýär. Ol kesgitli wagt geçenden soň bellenilen senede amala aşyrylýar.

## 24.1-nji mesele

Müşderi şweýsar frankynyň ýerine 5 müň Iňlis funtyny satyn alýar.

Daşary ýurt pulunyň hümmeti:

USD/CHF 0.9672-0,9679

USD/GBP 0,7754-0,7760

**Talaplar:**

1. Bank üçin şweýsar frankynyň satylýan hümmetini hasaplap çykarmak.
2. Şweýsar frankyny satmakdan bankyň aljak girdejisini kesgitlemek.
3. Bankyň müşderisi üçin şweýsar frankynyň satylýan hümmetini we onuň çykdajylaryny kesgitlemek.

## 24.2-nji mesele

Müşderi 5 müň ýewro satyp, şweýsar frankyny satyn alýar.

Daşary ýurt pulunyň hümmeti:

USD/EUR 0,8954-0,8961

USD/CHF 0,9672-0,9679

**Talaplar:**

1. Müşderi üçin satyn alynýan hümmeti kesgitlemek.
2. Ýewrony satmakdan bankyň aljak girdejisini (çykdajysyny) kesgitlemek.
3. Bank üçin satyn alynýan hümmetini hasaplap çykarmak.

### 24.3-nji mesele

Müşderi ýapon ýenasynyň ýerine 5 müň şweýsar frankyny satýar.
Daşary ýurt pulunyň hümmeti:
USD/EUR 0,8954/0,8961
USD/CHF 0,9672/0,9679

**Talaplar:**

1. Bank üçin ýenalaryň satylýan hümmetini hasaplap çykarmak.
2. Satmakdan bankyň aljak girdejisini kesgitlemek.
3. Bankyň müşderisi üçin ýenalaryň satylýan hümmetini kesgitlemek.

Daşary ýurt pulunyň hümmeti:

### 24.4-nji mesele

Germaniýaly import ediji özüne hyzmat edýän banka özi üçin 10 müň şweýsar frankyny satyn almak tabşyrygyny beripdir, bu pul möçberi oňa eksport edijiden alan hasaby boýunça töleg geçirmek üçin gerek bolupdyr. Import ediji hümmetiň çägini 1,0853 EUR/CHF derejede belleýär. Şweýsar frankyny satyn almak işi 48 sagadyň dowamynda geçirilmeli. Şonuň üçin hem, eger tabşyrygy Germaniýada iş gününiň ahyryna çenli ýerine ýetirmek mümkin bolmasa, bank bu tabşyrygy özüniň Nýu-Ýorkdaky amerikan şahamçasyna ýa-da Tokiodaky ýapon şahamçasyna geçirer.

Ertesi güni puluň şunuň ýaly hümmetleri teklip edilýär:

| | | | |
|---|---|---|---|
| Nýu-Ýorki | USD/EUR | | 0,8931/0,8963 |
| | USD/CHF | | 0,9645/0,9654 |
| Tokio | JPY/ EUR | | 0,1022/0,1034 |
| | JPY/CHF | | 0,1007/0,1012 |
| Maýn boýundaky Frankfurt | | EUR/CHF | 1,0856/1,0861 |

**Kesgitlemeli:**

1. Maliýe amallary geçirilýän üç nokadyň her birinde bank import edijiniň tabşyrygyny EUR/CHF gatnaşygynyň haýsy hümmeti boýunça ýerine ýetirip biler? Bellenen çäk (limit) berjaý edilermi?

2. Import ediji tarapyndan bellenen çägiň berjaý edilmegi üçin (frankyň bahasy öňki derejede galan şertinde) Nýu-Ýorkda EUR USD gatnaşyk hümmeti näderejede ýokarlanmaly bolar?

3. Eger Tokioda ýenanyň hümmeti franka garanyňda 0,0027 möçberde ýokarlansa import ediji öz limitiniň çäklerinde daşary ýurt puluny satyn alyp bilermi?

### 24.5-nji mesele

Şu günki günde hümmet makleri (dellaly) şweýsar frankyny satyn almak we satmak babatynda şunuň ýaly tabşyryk alypdyr.

| Satyn almak üçin tabşyryk | Çäk (limit) | Satmak üçin tabşyryk | Çäk (limit) |
|---|---|---|---|
| 2 | 32,62 | 1 | 32,62 |
| 3 | 32,63 | 3 | 32,63 |
| 5 | 32,64 | 5 | 32,64 |
| 1 | 32,65 | 9 | 32,65 |
| 3 | 32,66 | 8 | 32,66 |
| 2 | Arzan | 10 | Has gowy |

**Kesgitlemeli:**

1. Makleriň belläp biljek ýeke-täk hümmetini.

2. Eger şol gün "has gowy hümmeti" talap edýän tabşyryklar bolmadyk bolsa, ýeke-täk hümmet nähili bolardy.

## 24.6-njy mesele

Hasabat ýylynyň 1-nji sentýabrynda (iş güni) USD „spot" hümmeti 0,5411 (satyn almak) we 0,5491 (satmak) deňdir. Forward hümmeti üçin aşakdaky „swop" möçberleri görkezilýär:

1 aý üçin 89/64
3 aý üçin 245/235
6 aý üçin 490/475

Töwekgelçiligi ýapmak üçin siz amerikan dollarynda 19-njy noýabrda (iş güni) aljak eksport girdejiňizi şu gün banka forward boýunça satmakçy bolýarsyňyz.

**Kesgitlemeli:**

1. Görkezilen „swop" stawkalary nämäni aňladýar? Baýragymy ýa-da diskonty?

2. Amerikan dollarynyň 1,3 we 6 aý üçin degişli forward hümmeti nähili bolar?

3. Siziň forward dollarlaryňyzy bank haýsy hümmet boýunça satyn alar?

## 24.7-nji mesele

Haryt geleşigini amala aşyrýan germaniýaly eksport edijiniň 6 aý geçenden soň tölenmeli 10 000 amerikan dollary möçberinde eksport talaby (almaly puly) bar. Ol birnäçe wagtdan soň dollaryň bahasy pese gaçar diýip çak edýär. Şonuň üçin hem özüniň hümmet töwekgelçiligini ýapmak üçin eksport ediji şu möçberdäki dollary forward boýunça satmakçy bolýar.

Şu gün amerikan dollarynyň hümmeti 0,9654-0,9661gatnaşyga, 6 aý üçin "swop" möçberi 500/478 gatnaşyga deňdir. Amerikan dollarynda depozitler boýunça möçber 8%.

**Kesgitlemeli:**

1. Şu möçberdäki forward dollaryny bank haýsy hümmet boýunça satyn alar?

2. Bank öz gezeginde, şu forward dollarlary bilen baglanyşykly hümmet töwekgelçiliginden nähili sowlup biler?

3. Şu forward amalynyň netijesinde bank peýda alarmy ýa-da ýitgi çekermi, onuň möçberi näçä deň bolar?

## 24.8-nji mesele

Bankyň müşderisi bank bilen 3 aý möhlete ýewronyň ýerine 1 müň dollary satmak barada forward geleşigini baglaşýar.

„Forward“ hümmeti 72/91 - Hasabat ýylynyň 17-nji iýul (iş güni)

„Spot“ hümmeti 0,7995/0,8005 – Hasabat ýylynyň 15-nji aprel (iş güni)

**Kesgitlemi:**

1. Bank hasabat ýylynyň 17-nji iýulynda (iş güni) näçe alar?

2. Hasabat ýylynyň 17-nji iýulynda (iş güni) hümmet 0,7950/0,7960 bolsa, bank tarapyndan satylanda 0,800 bolsa, bank gaýdymlaýyn (tersine) geleşigi amala aşyrmak ýoly bilen, töwekgelçiligi nähili ätiýaçlandyryp biler?

## 24.9-njy mesele

Bankyň açyk orun boýunça töwekgelçiliginiň öňüni alyp, „swop“ müşderi bilen we 24/8 meseläniň şertini peýdalanmak arkaly beýleki bank bilen forward geleşigini ýapyň. Hümmet – 0,800.

Birinji we ikinji geleşikleriň netijelerini, şeýle hem bankyň daşary ýurt pulundaky ornuny kesgitlemek talap edilýär.

## 24.10-njy mesele

Bankyň 10 müň dollar möçberinde daşary ýurt pulundaky uzak orny (pozisiýasy) bar, ol dollary hasabat ýylynyň fewral aýynyň 5-ne (iş güni) spotda 0,8100 hümmet boýunça satyn alypdyr. Emma hümmet peselip başlapdyr we şol günde 0,8010 çenli peselipdir. Bankyň hasabat ýylynyň fewral aýynyň 5-ne daşary ýurt pulundaky orny +10 000 USD – 8 100 EUR.

**Talaplar:**

1. Banky nähili „swop“ geleşikleri bilen daşary ýurt pulundaky açylan ornunyň möhletini uzaldylyp biler?

2. Hasabat ýylynyň 7-nji fewral ýagdaýynda „sell and buy“ geleşigini ýerine ýetiriň.

3. Bank geleşigi amala aşyrypdyr we hasabat ýylynyň 7-nji fewral ýagdaýynda hümmet 0,8150 çenli ýokarlanypdyr diýeliň. „Spot“ geleşigi bilen orny (pozisiýany) ýapmak.

4. Bankyň peýdasynyň möçberini hasaplap çykarmak.

## 25-NJI TEMA. KARZ TÖWEKGELÇILIGINE SELJERME GEÇIRMEK

Temanyň meseleleri karz bukjasyna – jemi karz töwekgelçiligine seljerme geçirmäge bagyşlanýar. Karzlaryň hiline baha bermegiň we karzlar boýunça mümkin bolan ýitgiler üçin ätiýaçlyk goruny döretmegiň Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenen kadalaryny jikme-jik öwrenmäge, şeýle hem ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň tejribesini deňeşdirmäge aýratyn üns berilýär.

25.1-25.3 meseleler Türkmenistanyň Merkezi bankynyň “Karz edaralaryň karzlar boýunça, karz we olara deňeşdirilen bergiler boýunça bolup biljek ýitgilere ätiýaçlyklary döretmegiň tertibi hakynda” düzgünnamasy esasynda aýry-aýry karzlar boýunça töwekgelçilik toparyny kesgitlemegiň usulýeti, karzlaryň hiline baha bermegiň belgileýin we ball usullary bilen tanyşdyrýar. Olary çözmek ykdysady oýlanma endiklerini we kabul edilen çözgütler üçin jogapkärçiligi terbiýeleýär.

25.4-25.6 meseleler karzlar boýunça ýitgileri ýapmak üçin ätiýaçlyk goruny emele getirmegiň, hereketiniň we peýdalanmagyň kadalaryny, şeýle hem Türkmenistanyň Merkezi bankynyň “Türkmenistanyň karz edaralarynda Maliýe hasabatlarynyň halkara standartlaryny ulanmak boýunça Gollanmany tassyklamak barada” buýrugy we “Karz edaralaryň karzlar boýunça, karz we olara deňeşdirilen bergiler boýunça bolup biljek ýitgilere ätiýaçlyklary döretmegiň tertibi hakynda” düzgünnamasyna laýyklykda olary döretmegiň çeşmelerini öwrenmäge mümkinçilik berýär. Olary çözmezden öň talyplar şu amallar boýunça buhgalterçilik hasaba alnyşyny we hasabatlylygyny öwrenmelidirler.

### 25.1-nji mesele

Hasabat senesindäki ýagdaýa görä bankyň karz bukjasy 20 karzdan durýardy. *25.2.1-nji tablisada* karzlaşdyrmagyň şertlerini, üpjün edilişini we her bir karzyň şu ýylyň birinji aprelindäki ýagdaýyny häsiýetlendirýän karzlar arhiwinden göçürmeler getirilýär.

Her bir karzyň hiline baha bermek we olary Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Görkezijisiniň we oňa goşmaçalaryň talaplaryna laýyklykda töwekgelçilik toparlaryna bölmek **talap edilýär.**

### 25.2-nji mesele

Täjirçilik banky hasabat ýylynyň 1-nji aprel (iş güni) ýagdaýa aşakdaky karzlar boýunça karz bukjasynyň hili barada hasabaty düzýär:

1. Harytlary satyn almak üçin (söwda) karz, hasabat ýylynyň maý aýynyň 15-den (iş güni) 100 müň manat möçberde hasabat ýylynyň iýul aýynyň 15-ne (iş güni) çenli berlipdir, ýyllyk göterim möçberi 80%, üpjünçiligi ýok.

Ýuridik şahs A (paýdarlar jemgyýeti) – karz alyjy, ol bankyň hemişelik müşderisi bolup durýar. Maliýe ýagdaýy - gowy, serişdeleriň gelşi - ortaça.

Karzy üzmegiň shemasy – möhletiň ahyrynda bir wagtda göterimleri hasaplap ýazmak bilen, bir gezeklik töleg.

Hasabat ýylynyň 15-nji iýul (iş güni) – karzlaşdyrmagyň şertlerini üýtgetmezden birinji gezek möhleti uzaldylypdyr;

Hasabat ýylynyň 15-nji awgust (iş güni) – karzlaşdyrmagyň şertlerini üýtgetmezden ikinji gezek möhleti uzaldylypdyr;

hasabat ýylynyň 15-nji sentýabr (iş güni) – karz möhleti geçirilen karzlaryň hasabyna geçirilipdir.

2. Töleg dolanyşygyndaky ýetmezçiligi ýapmak üçin karz, hasabat ýylynyň awgust aýynyň 29-dan (iş güni) 200 müň manat möçberde hasabat ýylynyň sentýabr aýynyň 15-ne (iş güni) çenli dahylly bankyň kepillendirmesi bilen berlipdir, ýyllyk göterim möçberi 110%.

„Ýuridik şahs № B (jogapkärçiligi çäklendirilen jemgyýet) – karz alyjy, ol bankyň hemişelik müşderisi bolup durýar. Maliýe ýagdaýy - kanagatlanarly, pul akymy - ortaça.

Karzy üzmegiň shemasy – möhletiň ahyrynda bir wagtda göterimleri hasaplap ýazmak bilen, bir gezeklik töleg.

hasabat ýylynyň 15-nji sentýabr (iş güni) – şertleri üýtgetmezden birinji gezek möhleti uzaldylypdyr.

***25.2.1-nji tablisa***

| T/b | Karzyň möçberi müň manat | Möhleti geçirilen karzyň dowamlylygy, gün | | Üpjünçiligiň görnüşi | Üpjünçiligiň geçginliligi | Üpjünçiligiň pul möçberi, müň manat | Gaýtadan resmileşdirmek we möhleti uzaltmak, sany | | Karzyň görnüşi | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | esasy bergi boýunça | karz üçin göterimler boýunça | | | | şertleri üýtgetmek bilen | şertleri üýtgetmezden | insaýder | ýeňillikli |
| 1 | 300 | - | - | Girew | Geçginli | 400 | 1 | - | - | - |
| 2 | 150 | 60 | - | Girew | Geçginli | 300 | - | - | - | - |
| 3 | 500 | - | 50 | Bankyň kepili | - | 700 | - | 1 | - | - |
| 4 | 800 | 25 | - | Girew | Geçginli | 900 | 2 | - | - | - |
| 5 | 50 | - | - | Ätiýaçlandyrylan | Ätiýaçlandyryjy şübheli Aktiwler | 150 | | 1 | - | - |
| 6 | 20 | - | 35 | Girew | - | 200 | - | 2 | - | - |
| 7 | 1900 | 15 | 5 | Hökümet kepili | Geçginli | 2000 | 1 | - | - | - |
| 8 | 230 | 50 | - | Girew | Geçginli | 150 | 1 | - | - | - |
| 9 | 700 | - | 29 | Girew | - | 700 | | 1 | - | - |
| 10 | 270 | - | - | - | Geçginli | - | - | - | - | + |
| 11 | 300 | - | 15 | Girew | Şübheli | 500 | - | - | + | - |
| 12 | 200 | - | 1 | Girew | Geçginli | 300 | - | 1 | - | - |
| 13 | 170 | - | - | Girew | Geçginli | 100 | 1 | - | - | - |
| 14 | 250 | - | - | Girew | Şübheli | 300 | - | - | - | - |
| 15 | 375 | - | - | DGO | - | 600 | - | - | - | - |
| 16 | 525 | - | - | Müşderä hyzmat edýän bankyň wekseli | Geçginli | 700 | 1 | - | - | - |
| 17 | 185 | - | - | Girew | Geçginli | 300 | - | - | - | - |
| 18 | 900 | - | 20 | Öý | Şübheli | 20 000 | - | 3 | - | - |
| 19 | 600 | - | - | Intellektual eýeçilige hukuk | Şübheli | 800 | - | - | - | - |
| 20 | 100 | - | - | Korporatiw gymmatly kagyzlar | | 200 | - | 1 | - | - |

3. Sehiň durkuny täzelemek üçin karz (azyk senagaty), hasabat ýylynyň awgust aýynyň 1-den (iş güni) 500 müň manat möçberde hasabat ýylynyň awgust aýynyň 1-ne (iş güni) çenli işi durzulan sehiň taýýar önümini (azyk konsentratlary) girew goýmak bilen berlipdir, ýyllyk göterim möçberi 120%. Girewiň pul möçberi 600 müň. manat. Saklanmaly möhleti 1 ýyl, geçginliligi ortaça.

Azyk senagatynyň döwlet kärhanasy – paýdar, hemişelik müşderisi bolup durýar. Maliýe ýagdaýy - gowy, pul akymy – durnukly.

Karzy üzmegiň shemasy – möhletiň ahyrynda bir wagtda göterimleri hasaplap ýazmak bilen, bir gezeklik töleg.

Hasabat ýylynyň awgust aýynyň 1-ne (iş güni) karzyň möhleti 3 aý uzaldylypdyr. Göterimler tölenmändir. Durkuny täzelemek işleri tamamlanmandyr.

4. Daşary ýurtdan çig mal almak üçin karz, hasabat ýylynyň iýun aýynyň 1-den (iş güni) 600 müň manat möçberde hasabat ýylynyň sentýabr aýynyň 1-ne (iş güni) çenli berlipdir, ýyllyk göterim möçberi 110%. Müşderiniň şol bankda 1müň dollar möçberinde depoziti bar.

Döwlet kärhanasy – ýuwujy serişdeler zawody, beýleki bankyň müşderisi. Kärhananyň maliýe ýagdaýy durnukly. Pul akymy – ortaça.

Karzy üzmegiň shemasy – möhletiň ahyrynda bir wagtda göterimleri hasaplap ýazmak bilen, bir gezeklik töleg.

Hasabat ýylynyň 1-nji awgust (iş güni) – birinji gezek möhleti uzaldylypdyr;

Hasabat ýylynyň 1-nji sentýabr (iş güni) – karz möhleti geçirilen karzlaryň hasabyna geçirilipdir; göterimler tölenmändir.

5. Bank wekselleri satyn almak üçin karz, hasabat ýylynyň iýul aýynyň 1-ne (iş güni) 50 müň. manat möçberde bir aý möhlete, karz berýän bankyň paýnamalaryny girew goýmak bilen berlipdir, ýyllyk göterim möçberi 140%. Girew geçginli. Hasabat ýylynyň 1-nji oktýabr (iş güni) ýagdaýyna paýnamalaryň bazar gymmaty 70 müň. manada deňdir.

Kir ýuwujy kärhana – bankyň hemişelik müşderisi bolup durýar, karza ukyplylygy boýunça üçünji derejä degişlidir. Pul akymy – ortaça.

Karzy üzmegiň shemasy – bir wagtda göterimleri hasaplap ýazmak bilen, bir gezeklik töleg.

Hasabat ýylynyň 1-nji sentýabr (iş güni) – karz möhleti geçirilen karzlaryň hasabyna geçirilipdir. Göterimler yzygiderli tölenýär.

6. Azyk önümlerini satyn almak üçin karz, hasabat ýylynyň awgust aýynyň 1-ne (iş güni) 100 müň. manat möçberde 1,5 aý möhlet bilen berlipdir, ýyllyk göterim möçberi 140%. Karz üpjün edilmändir.

Ýuridik şahs №3 – beýleki bankyň müşderisi, karz berýän bankyň paýdary bolup durýar, karza ukyplylygy birinji derejeli. Pul akymy – güýçli, durnukly.

Karzy üzmegiň shemasy – möhletiň ahyrynda bir wagtda göterimleri hasaplap ýazmak bilen, bir gezeklik töleg.

Hasabat ýylynyň 15-nji sentýabr (iş güni) – möhleti uzaldylypdyr. Göterimler tölenipdir.

**Talaplar:**

1. Her bir karzyň hilini kesgitlemek we ony aşakdakylara laýyklykda, töwekgelçilik toparlarynyň birine degişli etmek:

✓ Türkmenistanyň Merkezi bankynyň “Karz edaralaryň karzlar boýunça, karz we olara deňeşdirilen bergiler boýunça bolup biljek ýitgilere ätiýaçlyklary döretmegiň tertibi hakynda” düzgünnamasyna we oňa goşmaçalara laýyklykda;

✓ belgileýin ulgama laýyklykda (nusga *25.2.2-nji tablisada* getirilýär);

✓ ball ulgamyna laýyklykda (nusga *25.2.3-nji tablisada* getirilýär).

2. Alnan netijeleriň tapawutlaryny düşündirmek.

3. Her bir karz we tutuşlygyna ähli karz bukjasy boýunça töwekgelçilik derejesini görkezmek.

***25.2.2-nji tablisa***

**Karzyň hiliniň reýtingi:**
**ABŞ-nyň belgileýin ulgamy**

| Reýting | Klassifikasiýa | Ýagdaýy ýa-da beýany |
|---|---|---|
| 0 | Klassifikasiýa bölünmedik | Karza heniz baha berilmändir, ýagny baha bermek ýa-da gaýtadan baha bermek işi dowam edýär |
| 1 | „Praým“ | Örän ýokary karz reýtingi bolan karz alyjy, bergisine ýokary derejede hyzmat edýändigi bilen bellidir, serişdeleri güýçli derejede gelýär, birinji derejeli girew; karzyň özüne çekiji häsiýetleri (ýagny bellenen maksady, möhleti, üzmegiň shemasy, pudak) |
| 2 | Ýokary hilli | Karz alyjynyň gowy maliýe ýagdaýy, gowy karz taryhy, saldamly girewi bar, karzyň özüne çekijilik häsiýeti |
| 3 | Kanagatlanarly | Kabul ederlikli maliýe ýagdaýy bolan karz alyjy (bu zaýom kähalatda goşmaça üns berilmegini talap edip biler); geçen döwürde bergisini gowy üzüpdir; kabul ederlikli girew |
| 4 | Çäkli | Gowşak karz alyjy; ýeterlik däl ýa-da laýyk bolmadyk girew; karz alyjynyň netto ýagdaýyna garanyňda karz örän köp; kepillendirme; hemişe üns bermeli bolýar |
| 5 | Çäkliden ýaramaz | Berginiň gaýtaryljakdygy şübheli; bergini üzmek baradaky ýörite ylalaşygy talap edýän ýagdaý; bank gözegçiligi geçirilende klassifikasiýa bölünipdir |
| 6 | Ýitgiler | Bergi boýunça hyzmat edilmeýär we töleglere garaşylmaýar |

*25.2.3-nji tablisa*

**Karzlaryň hiline ball arkaly baha bermek**

| Karzyň hiliniň kriterisi | Baha bermek, ball |
|---|---|
| **Berginiň bellenen maksady we pul möçberi** | |
| Bellenen maksady oýlanyşykly we pul möçberi ähli babatlarda doly esaslandyrylýar | 20 |
| Bellenen maksady şübheli, pul möçberi kabul ederlikli | 15 |
| Bellenen maksady ynanarlykly däl, pul möçberi kynçylyk döredýär | 8 |
| **Karz almaga dalaşgäriň maliýe ýagdaýy** | |
| Häzirki we ozalky maliýe ýagdaýy örän gowy, serişdeleriň gelşi güýçli we durnukly | 40 |
| Maliýe ýagdaýy gowy, serişdeleriň gelşi güýçli | 30 |
| Maliýe ýagdaýy kabul ederlikli, serişdeleriň gelşi durnuksyz | 20 |
| Öňki döwürde peýdasy ýokary däl, serişdeleriň gelşi gowşak | 10 |
| Golaýda köp ýitgi çekipdir, serişdeleriň gelşi gowşak | 4 |
| **Girew** | |
| Girew gerek däl ýa-da örän köp girew berilýär | 30 |
| Degerli derejede geçginli girew | 25 |
| Kabul ederlikli geçginliligi bolan ýeterlik girew | 20 |
| Çäkli geçginliligi bolan ýeterlik girew | 15 |
| Hili ýokary bolmadyk ýeterlik däl girew | 8 |
| Kabul ederlikli girew ýok | 2 |
| **Üzülmeli möhleti we shemasy** | |
| Gysga möhletli, öz-özünden üzülýän, gowy ikinji çeşme | 30 |
| Orta möhletli, bölekleýin üzme, serişdeleriň gelmegi | 25 |
| Orta möhletli, bir gezeklik töleg, serişdeler ortaça gelip gowuşýar | 20 |
| Uzak möhletli , bölekler boýunça üzülýär, gelip gowuşmalara ynam ýok | 12 |
| Uzak möhletli, bellenen maksady şübheli, ikinji çeşmeleri ýok | 5 |
| **Karz alyjynyň karz maglumatlary** | |
| Geçen döwürde karz alyjy bilen örän gowy gatnaşyk saklanypdyr | 25 |
| Ygtybarly çeşmelerden karz babatda gowy seslenmeler alnypdyr | 20 |
| Çäkli seslenmeler, ýaramaz maglumat ýok | 15 |
| Seslenme ýok | 9 |
| Ýaramaz seslenmeler | 0 |
| **Karz alyjy bilen özara gatnaşyklar** | |
| Yzygiderli amatly gatnaşykly bar | 10 |
| Aram gatnaşyklar bar ýa-da gatnaşyk ýok | 4 |
| Bank karz alyjy bilen gatnaşyklarda ýitgi çekýär | 2 |

| | |
|---|---|
| **Karzyň bahasy** | 8 |
| Karzyň hili sebäpli adatdakydan ýokary | 5 |
| Karzyň hiline laýyk gelýär | 0 |
| Karzyň hili sebäpli adatdakydan pes | |

**Umumy ballaryň esasynda karzyň reýtingi:**

| | |
|---|---|
| I. Iň gowy | 163-140 |
| II. Ýokary hilli | 139-118 |
| III. Kanagatlanarly | 117-85 |
| IV. Çäkli | 84-65 |
| V. Çäkliden ýaramaz | 64 we ondan pes |

### 25.3-nji mesele

Bank hasabat ýylynyň 1-nji oktýabr (iş güni) ýagdaýa aşakdaky karzlar boýunça karz bukjasynyň hili barada hasabaty düzýär:

1. Bankyň paýdaryna Ýuridik şahs hasabat ýylynyň maý aýynyň 20-ne (iş güni) jaýlary abatlamak üçin 40 müň manat möçberde 3 aý möhlete berlen karz, ýyllyk göterim möçberi 70%. Karz ukyplylygy ikinji derejeli müşderi. Karzyň gaýtarylmazlyk töwekgelçiligi üçin ätiýaçlandyryş polisiniň hasabyna berlen karz. Göterimler möhletinde tölenipdir. Karzyň möhleti ýyllyk 80%-iň hasabyna 2 aý uzaldylypdyr. Üzmegiň shamasy – bir gezeklik töleg.

2. Bankyň paýdaryna – şäheriň söwda maşyn gurluşygy zawodyna akkreditiw açmak üçin hasabat ýylynyň awgust aýynyň 1-ne (iş güni) 15 gün möhlete berlen karz, ýyllyk göterim möçberi 80%. Karz ukyplylygy ikinji derejeli müşderi. Karzyň möhleti ozalky şertlerde 3 gezek uzaldylypdyr. Karz boýunça göterimler tölenmeýär. Üzmegiň shemasy – bir gezeklik töleg.

3. Goranmak senagatynyň kärhanasy konwersiýa geçirýär, şunuň bilen baglylykda, halkyň sarp edýän önümlerini öndürmäge geçmek boýunça harajatlary amala aşyrmak üçin bankdan 180 müň manat möçberde 2 ýyl möhlete karz alypdyr. Bar bolan borçnamalary hasaba almak bilen, karzyň berlen gününde hasaplanyp çykarylan ýapma koeffisienti hasabat ýylynyň ýylyň 1-nji apreli (iş güni) ýagdaýyna 1,1-e deň bolupdyr. Aktiwlerdäki hususy serirşdeleriň paýy 10%-e deň bolupdyr. Düşewüntlilik – 8%.

### Hasabat ýylynyň 1-nji apreli (iş güni) ýagdaýyna aktiwleriň gurluşy, müň manat

| | |
|---|---|
| Esasy serişdeler ................................................... | 140 000 |
| Çig mal we esasy serişdeler ................................. | 128 000 |
| Tamamlanmadyk önümçilik ............................... | 12 000 |
| Taýýar önüm (ýerlemekde kynçylyklar bar) ......... | 15 000 |
| Harytlar üçin hasaplaşyklara degişli debitor bergi ... | 110 000 |

Şol sanda uzaklygy:

| | |
|---|---|
| 30 güne çenli ........................................................ | 55% |
| 31-60 güne çenli ................................................ | 25% |
| 61-90 güne çenli ................................................ | 15% |
| 90 günden ýokary.............................................. | 3% |
| Hasaplaşyk hasaby ................................................ | 90 000 |
| Kassa ...................................................................... | 10 000 |

Karz bankyň paýdary bolan birinji derejeli müşderiniň kepillendirmesi bilen berlipdir, ýyllyk göterim möçberi 130%. Göterimler yzygiderli tölenýär. Karzyň üzülmeli möhleti gelmändir. Üzmegiň shemasy – hasabat ýylynyň 1-nji noýabryndan (iş güni) başlap, her çärýekde deň paýlar bilen tölenýär.

4. Senagat kärhanasy (döwlet kärhanasy) bankyň paýdary, onuň hemişelik müşderisi bolup durýar, gysga möhletli karzlardan yzygiderli peýdalanýar, şunuň bilen baglylykda bank önümçilik materiallarynyň tölegi üçin hasabat ýylynyň I çärýeginde oňa ýyllyk 80 göterim möçberi bilen karz ugryny açypdyr.

**Çärýekler boýunça karz ugrynyň möçberi**

Geçen ýylyň IV çärýegi, müň manat
Şu ýylyň I çärýegi, müň manat
Önümleri ýerlemegiň ösüş depginleri, geçen çärýege garanyňda %-de
geçen ýylyň IV çärýeginde
şu ýylyň I çärýeginde
Düşewünt (peýda/girdeji), %:
geçen ýylyň IV çärýeginde
şu ýylyň I çärýeginde

Şu ýylda aktiwlerde hususy serişdeleriň paýy 30-35% aralykda boldy.

Zawodyň karzlar boýunça möhleti geçirilen bergisi ýok.

Girew – 200 müň manat möçberdäki haryt-maddy gymmatlyklar.

1-nji aprel (iş güni) ýagdaýyna aktiwler 300 müň manada deň boldy.

1-nji aprel (iş güni) ýagdaýyna ýapma koeffisienti (aktiwleriň umumy möçberi, kärhananyň ähli borçnamalary) 2,5 möçberde kesgitlendi.

Göterimleri tölemek we esasy bergini bölekleýin üzmek öz wagtynda geçirilýär.

5. Senagat kärhanasy bankdan gysga möhletli karzlary yzygiderli alýar. Debitor bergi sebäpli ol alnan karzlaryň möhletini birnäçe gezek uzaldypdyr. 1-nji aprel ýagdaýyna ozal alnan karzlar boýunça bergisi ýok. Şonuň üçin hem hasabat ýylynyň aprel aýynyň 1-ne (iş güni) kärhana bölek söwda ulgamynyň dukanlarynyň üstünden satmak üçin niýetlenen halkyň sarp edýän harytlaryny satyn almak üçin 20 müň manat möçberde täze karz alypdyr. Müşderi karza ukyplylygy boýunça ikinji derejä degişlidir. Şu karz tehniki-ykdysady esaslandyrma boýunça iki aýyň dowamynda üzülmeli, karzyň möhleti 2 ýyl, ýyllyk göterim möçberi 85%. Emma hasabat ýylynyň 1-nji oktýabr ýagdaýa görä karz

üzülmändir, karz bolsa iki gezek möhleti uzaldylandan soň möhleti geçirilen karzlar hasabyna geçirilipdir.

Täjirçilik banklary tarapyndan karzlaryň hiline baha bermegiň ball ulgamynyň şertli meseley *25.3-nji tablisada* getirilýär.

***25.3-nji tablisa***

| Karzyň hiliniň kriterisi | Baha bermek, ball |
|---|---|
| **Karzyň bellenen maksady** | |
| Önümçilik maksatlary | 10 |
| Önümçilik däl maksatlar | 8 |
| Bellenen maksady näbelli | 0 |
| **Karzyň görnüşi** | |
| Dolanyşyk aktiwlerini emele getirmek üçin | 45 |
| Ätiýaçlyklary emele getirmek we harajatlar üçin maksatlaýyn karzlar | |
| önümçilik ätiýaçlyklary | 60 |
| taýýar önümler | 50 |
| gündelik önümçilik harajatlary | 40 |
| debitor bergi | 50 |
| harytlar | 50 |
| gaýry maksatlar | 40 |
| Düýpli harajatlar üçin karzlar | |
| gurluşyk we tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak | 30 |
| enjamlary satyn almak | 60 |
| Innowasion karzlar | 20 |
| Blank (üpjün edilmedik) karzlar | 10 |
| **Karz alyjynyň karza ukyplylygy** | |
| 1-nji dereje | 75 |
| 2-nji dereje | 50 |
| 3-nji dereje | 10 |
| Karza ukyplylygy belli däl | 0 |
| Karza ukyply däl | 0 |
| Girew: | |
| geçginli | 30 |
| ortaça geçginli | 20 |
| geçginli däl | 0 |
| giňişleýin | 10 |
| ýeterlik | 5 |
| bölekleýin | 2 |
| **Töwekgelçilik topary:** | |
| 1 | 175-139 |
| 2 | 138-115 |
| 3 | 114-102 |

| | |
|---|---|
| 4<br>5 | 101-43<br>42-10 |

**Talaplar:**

1. Her bir karzyň hilini kesgitlemeli we ball esasynda berilýän baha (25.2-nji meselea seret) ýa-da *25.3-nji tablisada* teklip edilen shema boýunça karzyň hiline ball esasynda berilýän baha laýyklykda töwekgelçilik toparlarynyň birine degişli etmek.

2. Tapawutlary düşündirmek. Dürli ball ulgamlarynyň gowy we ýaramaz taraplaryny bellemek.

## 25.4-nji mesele

Hasabat ýylynyň 1-nji aprelinde (iş güni) döwlet täjirçilik kärhanasyna 3 aý möhlet bilen 60 müň manat karz berlipdir. Karz girew bilen doly üpjün edilipdir we möhletiň ahyrynda bir gezeklik töleg bilen üzülýär. Göterim her aýda ýyllyk 80% derejede hasaplanyp ýazylýar. Möhleti geçirilen bergi üçin bank karz şertnamasy boýunça ýyllyk 100% hasaplap ýazýar. Iýul aýyna çenli göterim tölegleri kärhana tarapyndan banka öz wagtynda geçirilipdir. Müşderiniň hasaplaşyk hasabynda esasy bergini we iýul aýynda hasaplanyp ýazylan göterimi üzmek üçin serişde ýok. Banka bergi diňe 1-nji oktýabrda (iş güni) doly üzülipdir.

Bankyň degişli balans hasaplarynda görnüş boýunça *(25.4-nji tablisa)* aşakdakylary görkezmek **talaplar edilýär:**

karz alyjynyň esasy bergisiniň hereketini;

göterim tölegleriniň hereketini;

karzlar boýunça mümkin bolan ýitgileri ýapmak üçin ätiýaçlyk gorunyň möçberini, Türkmenistanyň Türkmenistanyň Merkezi bankynyň “Karz edaralaryň karzlar boýunça, karz we olara deňeşdirilen bergiler boýunça bolup biljek ýitgilere ätiýaçlyklary döretmegiň tertibi hakynda” düzgünnamasyny peýdalanmak bilen.

***(25.4-nji tablisa)***

<table>
<tr><th rowspan="3">Sene</th><th colspan="2">Karz hasaby</th><th colspan="4">Tölenen göterimler hasaby</th><th colspan="4">Karzlar boýunça töwekgelçilikleri ýapmak üçin ätiýaçlyk gory</th></tr>
<tr><th rowspan="2">D-t</th><th rowspan="2">K-t</th><th colspan="2">möhletli</th><th colspan="2">möhleti geçirilen</th><th colspan="2">möhletli</th><th colspan="2">möhleti geçirilen</th></tr>
<tr><th>D-t</th><th>K-t</th><th>D-t</th><th>K-t</th><th>D-t</th><th>K-t</th><th>D-t</th><th>K-t</th></tr>
<tr><td>01.04<br>01.05<br>01.06<br>01.07</td><td></td><td></td><td></td><td></td><td></td><td></td><td></td><td></td><td></td><td></td></tr>
</table>

| | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 01.08<br>01.09<br>01.10 | | | | | | | | | | |

Hasabyň belgisi, pul möçberini we hasabyň krediti ýa-da debeti boýunça hereketi görkeziň.

### 25.5-nji mesele

Hasabat aýylynyň martynda banka esasy bergi üzülipdir *(25.5-nji tablisa)*

***(25.5-nji tablisa)***

| Karzyň belgisi | Balans hasaby | Karz, müň manat | Töwekgelçilik topary |
|---|---|---|---|
| 1 | 14201 | 520 | III |
| 2 | 14203 | 230 | IV |
| 3 | 14204 | 360 | II |
| 4 | 14206 | 100 | I |
| 5 | 14208 | 50 | V |

Sanalyp geçilen karzlaryň ählisi boýunça hasaplaşyk hasaplary karz beren bankda saklanýar.

Karzlary üzmek we balans hasaplardaky ätiýaçlyk gorunyň üýtgeýşi boýunça amallary we olaryň boýunça pul möçberlerini görkezmek **talap edilýär.**

### 25.6-njy mesele

Karzlar boýunça mümkin bolan ýitgiler üçin ätiýaçlyk gorunyň hasaplama ululygy hasabat ýylynyň 1-nji aprel (iş güni) ýagdaýa 850 müň manada deňdir, hakyky döredilen ätiýaçlyk gory 700 müň manat. Hasabat ýylynyň 1-nji iýul (iş güni) ýagdaýa ätiýaçlyk gorunyň hasaplama ululygy 200 müň manat azaldy.

**Talaplar:**

1. Hasabat ýylynyň 1-nji iýul (iş güni) ýagdaýa degişli balans hasaplarda ätiýaçlyk goruna gaýtadan seretmek boýunça amallary görkezmeli.

2. Hakyky döredilen ätiýaçlyk goruny çeşmeler boýunça ýazyp bellemek: özüne düşýän gymmatyna degişli etmegiň hasabyna näçe möçberde gor döredilipdir, bankyň arassa peýdasynyň hasabyna näçe döredilipdir.

# 26-NJY TEMA. HASAPLAŞYK AMALLARY

*Hasaplaşyk amallary* – bu nagt däl hasaplaşyklar ulgamynyň çäginde ýuridik we fiziki şahslaryň pul talaplary we borçnamalary boýunça banklar tarapyndan ýerine ýetirilýän amallardyr.

Hasaplaşyk amallary aşakdakylary öz içine alýar:

- müşderileriň tabşyryklaryny ýerine ýetirmek,
  - üpjün edijilere harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň bahasyny tölemek,
  - býujete salgytlar boýunça bergini geçirmek,
  - beýleki bergileri tölemek;
- gelip gowuşýan pul serişdelerini müşderileriň hasaplaryna kabul etmek;
- bankyň öz hajalyk işlerini amala aşyrmak boýunça amallary;
- ýurduň içinde we daşary ýurtlar bilen geçirýän bankara hasaplaşyklary.

Müşderileriň arasyndaky nagt däl hasaplaşyk amallary şu görnüşlerde amala aşyrylyp bilner:

✓ töleg tabşyryklary bilen hasaplaşyklar;
✓ akkreditiwler bilen hasaplaşyklar;
✓ çekler bilen hasaplaşyklar;
✓ plastiki karrtlary ulanylyp geçirilýän hasaplaşyklar;
✓ töleg talapnamalary bilen hasaplaşyklar;
✓ inkasso tabşyryklary bilen hasaplaşyklar;
✓ töleg talapnama-tabşyrygy bilen hasaplaşyklar.

Türkmenistanda nagt däl hasaplaşyk amallary "Türkmenistanda nagt däl hasaplaşyklar hakynda Düzgünnama" (Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdirýetiniň başlygynyň 2009-njy ýylyň 19-njy ýanwarynda çykaran №6 buýrugy bilen tassyklanyldy we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2009-njy ýylyň 24-nji fewralynda 483 san belgi bilen bellige alyndy) laýyklykda amala aşyrylýar.

Müşderiler pul serişdelerini täjirçilik banklarynda öz atlaryna açýan hasaplarda saklaýarlar. Şol hasaplar boýunça nagt däl tertipde pul serişdeleri tölenýär we kabul edilýär. Bank edaralarynda müşderileriň adyna degişli hasaplary açmak üçin esas bolup "Bank hasaby hakynda Düzgünnama" (Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan 2006-njy ýylyň 25-nji aprelinde çykaran №18 buýrugy bilen tassyklanyldy we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2006-njy ýylyň 11-nji maýynda 381 san belgi bilen bellige alyndy, soňky üýtgetmeleri we goşulmalary hasaba almak bilen) hyzmat edýär.

Bu temada nagt däl hasaplaşyk amallary bilen baglanyşykly meseleler getirildi.

## 26.1-nji mesele

Ýuridik şahsyň hasaplaşyk hasaby täjirçilik bankynda açylan. Hasabat ýylynyň 16-njy awgustynyň (iş güni) başyna hasapdaky serişdeleriň galyndysy 20545 manatdan ybarat. Şol günüň dowamynda täjirçilik bankyna ýuridik şahsyň

özünden we onuň adyna hasaplaşyk hasabyndan töleg geçirmek üçin şu resminamalar gelip gowuşdy:

a) 4500 manat möçberden ybarat №146 töleg tabşyrygy (hasabat ýylynyň 16-njy awgustynda resmileşdirilen) – №123 hasap-faktura (hasabat ýylynyň 15-nji awgustynda (iş güni) düzülen) esasynda satyn alynjak harytlar üçin deslapky tölegi geçirmek;

b) 2208 manat möçberden ybarat №147 töleg tabşyrygy (hasabat ýylynyň 16-njy awgustynda resmileşdirilen) – goşulan baha üçin salgyt boýunça bergini döwlet býujetine geçirmek;

ç) 12700 manat möçberden ybarat №148 töleg tabşyrygy (hasabat ýylynyň 16-njy awgustynda resmileşdirilen) – hasabat ýylynyň awgust aýy üçin zähmet hakynyň hak ujy tölegini işgärleriň (sanawy goşulýar) şahsy plastiki kart hasaplaryna geçirmek;

d) 1980 manat möçberden ybarat №32 inkasso tabşyrygy (hasabat ýylynyň 11-nji awgustynda resmileşdirilen) – ýuridiki şahsyň adyna başga bir ýuridik şahsyň talapyny kanagatlandyrmak barada kazyýetiň çözgüdi (ýerine ýetiriş haty) esasynda töleg geçirmek.

**Talaplar:**

1. Töleg tabşyrygy bilen geçirilýän hasaplaşyklary gysgaça häsiýetlendirmeli.
2. Pul serişdelerini hasapdan aýyrmaklygyň nobatlylygyny kesgitlemeli.
3. Hasaba bildirilýän ähli talaplary kanagatlandyrmak üçin pul serişdeleriiniň ýeterlik bolmazlygy sebäpli tölenmedik resminamalar bilen bankda geçirilýän işleri düşündirmeli.

## 26.2-nji mesele

Satyn alyjy hususy telekeçiniň hasaplaşyk hasaby Türkmenistanyň “Türkmenistan” Döwlet täjirçilik bankynyň Azatlyk şahamçasynda (Aşgabat ş.) we satyjy ýuridik şahsyň hasaplaşyk hasaby Türkmenistanyň “Daýhanbank” Döwlet täjirçilik bankynyň Baýramaly etrap şahamçasynda (Baýramaly ş.) açylan.

Hasabat ýylynyň 5-nji sentýabryndaky (iş güni) №863 belgili hasap-faktura esasynda alnan harytlaryň tölegini geçirmek üçin şol ýylyň 7-nji sentýabrynda satyn alyjy hususy telekeçi öz bankyna 5790 manat möçberden ybarat №302 töleg tabşyrygyny berdi. Satyn alyjy hususy telekeçiniň hasaplaşyk hasabynda tölegi geçirmek üçin pul serişdeler ýeterlik möçberde bar.

**Talaplar:**

1. Bankyň şahamçasyna berilmeli töleg tabşyrygynyň näçe nusgada resmileşdirilýändigini we her bir nusganyň haýsy maksat üçin ulanylýandygyny düşündirmeli.
2. Hasaplaşygyň geçirilişiniň tertibini häsiýetlendirmeli.

## 26.3-nji mesele

Müşderi şertnama laýyklykda töleg geçirmek maksady bilen hasabat ýylynyň 18-nji oktýabrynda (iş güni) 890 manat möçberden ybarat №519 töleg tabşyrygyny banka tabşyrdy. Müşderiniň hasaplaşyk hasabyndaky pul serişdeleriniň galyndysy 11801 manatdan ybarat. Bankyň günäsi boýunça bu töleg hasabat ýylynyň 20-nji oktýabrynda (iş güni) geçirilýär. Tölegi alyjy müşderiniň hasaplaşyk hasaby başga bankda ýerleşýär.

**Talaplar:**

1. Tölegiň möhletinde tölenmändigi sebäpli müşderiniň öňünde ýüze çykyp biljek bankyň borçlaryny düşündirmeli.
2. Beriljek jogaby esaslandyrmaly.

## 26.4-nji mesele

Hojalyk jemgyýeti görnüşindäki ýuridik şahsyň (satyn alyjy) hasaplaşyk hasaby "A" täjirçilik bankynda we ýapyk tipli paýdarlar jemgyýeti görnüşindäki ýuridik şahsyň (satyjy) hasaplaşyk hasaby "B" täjirçilik bankynda açylan.

Hasabat ýylynyň 22-nji noýabrynda (iş güni) satyn alyjy öz bankyna 7960 manat möçberden ybarat akkreditiwi açmak üçin arzany we şol akkreditiw boýunça serişdeleri satyjynyň bankyna geçirmek üçin №860 töleg tabşyrygyny gowşurdy.

**Talaplar:**

1. Akkreditiwiň haýsy görnüşiniň açylandygyny kesgitlemeli.
2. Satyjy üçin akkreditiwiň haýsy görnüşiniň bähbitlidigini düşündirmeli.

## 26.5-nji mesele

Import ediji özüne hyzmat edýän "A" täjirçilik bankynda 44000 ABŞ-nyň dollary möçberinden ybarat örtüksiz import akkreditiwi "B" täjirçilik bankynyň müşderisi bolan eksport edijiniň adyna açdy.

**Talaplar:**

1. Örtüksiz import akkreditiwi açmak üçin import ediji tarapyndan bank edarasyna haýsy resminamalaryň tabşyrylmalydygy kesgitlemeli.
2. Örtüksiz import akkreditiwi boýunça hasaplaşygyň geçirilişiniň aýratynlygyny düşündirmeli.

## 26.6-njy mesele

Eksport ediji (Aşgabat ş.) we import ediji (Moskwa ş., RF) dokma önümlerini 50000 ABŞ-nyň dollary möçberinde satmak-satyn almak barada halkara şertnamasyny baglaşdy. Şertnamada dokma önümleri tassyklanan yzyna

çagyrylmaýan akkreditiw açylandan soňra ýüklenilip iberilmegi bellenen. Akkdeditiw boýunça hasaplaşyga eksport edijiniň banky (Aşgabat ş.), tassyklaýjy bank (Maýnyň boýundaky Frankfurt ş., Germaniýa) we import edijiniň banky (Moskwa ş., RF) gatnaşýarlar.

**Talaplar:**

1. Tassyklanan yzyna çagyrylmaýan akkreditiw manysyny düşündirmeli.

2. Tassyklanan yzyna çagyrylmaýan akkreditiw boýunça degişli bank edaralarynda ýerine ýetiriýän işleri häsiýetlendirmeli.

3. Eksport ediji tarapyndan akkreditiw boýunça pul serişdelerini almak üçin haýsy resminamalary banka tabşyrylmalydygyny kesgitlemeli.

## 26.7-nji mesele

Hasabat ýylynyň dekabr aýynyň dowamynda ýükleri daşamak boýunça ýerine ýetirilen 2670 manat möçberden ybarat ulag hyzmatlarynyň tölegini geçirmek üçin çek beriji tarapyndan resmileşdirilen çek çek saklaýja gowşuryldy. Çek berijiniň hasaplaşyk hasaby “A” täjirçilik bankynda (Aşgabat ş.) we çek saklaýjynyň hasaplaşyk hasaby “B” täjirçilik bankynda (Aşgabat ş.) açylan.

**Talaplar;**

1. Hasaplaşyk çek kitapçasyny bermekligiň resmileşdirilişini düşündirmeli.

2. Degişli bank edaralarynda çek bilen geçirilýän hasaplaşyklaryň tertibini häsiýetlendirmeli.

## 26.8-nji mesele

Fiziki şahs “Altyn asyr” bank kartyny almak üçin täjirçilik bankyna arza tabşyrdy. Täjirçilik bankynda fiziki şahsyň adyna açylan kart hasabyna 1650 manat möçberde hasabat aýynyň zähmet haky gelip gowuşdy.

Söwda dükanyndan 130 manat möçberde satyn alnan harytlaryň bahasyny tölemegi fiziki şahs “Altyn asyr” bank kartynyň üsti bilen amala aşyrdy.

**Talaplar:**

1. Bank karty bilen geçirilýän nagt däl hasaplaşygyň ähmiýetini düşündirmeli.

2. Bank karty arkaly geçirilen hasaplaşygy ýörite şekiliň üsti blen görkezmeli.

## 26.9-njy mesele

Hasabat ýylynyň 17-nji ýanwarynda (iş güni) üpjün ediji (satyjy) we töleýji (satyn alyjy) öz aralarynda harytlary satmak-satyn almak barasynda şertnama baglaşdylar. Şertnamada ýüklenilip iberilen harytlar üçin hasaplaşyklar töleg talapnamasy bilen geçirmeklik göz öňünde tutulypdyr. Üpjün edijiniň (satyjynyň)

hasaplaşyk hasaby “A” täjirçilik bankynda we töleýjiniň (satyn alyjynyň) hasaplaşyk hasaby “B” täjirçilik bankynda açylan.

Hasabat ýylynyň 19-njy ýanwarynda (iş güni) üpjün ediji (satyjy) şertnama laýyklykda göz öňünde tutulan 4600 manat möçberden ybarat harytlary töleýjiniň (satyn alyjynyň) salgysyna ýük awtoulagyna ýükläp iberdi. Hasabat ýylynyň 20-nji ýanwarynda (iş güni) üpjün ediji (satyjy) №12 belgili töleg talapnamasyny we haryt-ulag resminamalaryny özüne hyzmat “A” täjirçilik bankyna tabşyrdy. Hasabat ýylynyň 23-nji ýanwarynda (iş güni) şol resminamalar töleýjiniň (satyn alyjynyň) hasaplaşyk hasaby açylan “B” täjirçilik bankyna gelip gowuşdy.

Töleg talapnamasy boýunça hasaplaşyk töleýjiniň (satyn alyjynyň) deslapdan akseptlemegi (razylyk bermegi) bilen amala aşyrylýar. Töleg talapnamasy boýunça hasaplaşygyň geçiriljek iş gününde töleýjiniň (satyn alyjynyň) hasaplaşyk hasabyndaky pul serişdeleriniň galyndysy 4200 manatdan ybarat.

**Talaplar:**

1. Töleg talapnamalary bilen hasaplaşyklaryň geçirilişiniň aýratynlyklaryny düşündirmeli.

2. Deslapdan akseptlemek (razylyk bermek) şertinde töleg talapnamasy esasynda hasaplaşygyň geçirilmeli senesini (iş gününi) kesgitlemeli.

3. Töleg talapnamasynyň tölenmedik bölegi bilen geçirilýän işi häsiýetlendirmeli.

## 26.10-njy mesele

Hasabat ýylynyň 8-nji fewralynda (iş güni) töleýjiniň (satyn alyjynyň) hasaplaşyk hasaby açylan täjirçilik bankyna 356 manat möçberde sarp edilen elektrik energiýasy üçin №489 töleg talapnamasy üpjün edijä (satyja) hyzmat edýän täjirçilik bankyndan gelip gowuşdy. Töleg talapnamasy boýunça hasaplaşyk töleýjiniň (satyn alyjynyň) aksepti (razylygy) bolmazdan amala aşyrylýar. Töleg talapnamasynyň tölenjek senesinde töleýjiniň (satyn alyjynyň) hasaplaşyk hasabyndaky pul serişdeleriniň galyndysy 7080 manat möçberden ybarat.

**Talaplar:**

1. Haýsy ýagdaýlarda töleýjiniň (satyn alyjynyň) aksepti (razylygy) bolmazdan töleg talapnamasy boýunça hasaplaşyklaryň geçirilýändigini aýdyp bermeli.

2. Töleg talapnamasy esasynda tölegiň geçirilmeli senesini (iş gününi) kesgitlemeli.

3. Töleýjiniň (satyn alyjynyň) aksepti (razylygy) bolmazdan töleg talapnamasy boýunça hasaplaşyklaryň geçirilişini şekiliň üsti bilen häsiýetlendirmeli.

## 26.11-nji mesele

Hasabat ýylynyň 15-nji martynda töleýjiniň (satyn alyjynyň) adyna gelip gowşan 1000 manat möçberden ybarat №217 töleg talapnamasyny oňa hyzmat edýän täjirçilik banky tarapyndan kabul edildi. Töleg talapnamasy boýunça hasaplaşyk töleýjiniň (satyn alyjynyň) deslapdan akseptlemegi (razylyk bermegi) bilen amala aşyrylýar. Akseptlemek (razylyk bermek) üçin berlen möhletiň tamamlanýan senesinde (iş gününde) töleýji (satyn alyjy) özüne hyzmat edýän täjirçilik bankyna akseptden bölekleýin boýun gaçyrmak barada arzany tabşyrdy. Akseptden bölekleýin boýun gaçyrylýan puluň möçberi 450 manada deň.

**Talaplar:**

1. Töleg talapnamasyny akseptlemekden (razylyk bermekden) boýun gaçyrmagyň görnüşlerini sanamaly.
2. Akseptden bölekleýin boýun gaçyrmagyň sebäplerini düşündirmeli.
3. Ýokardaky ýagdaýy göz öňünde tutup, töleg talapnamasy bilen hasaplaşygy amala aşyrylyşynyň tertibini beýan etmeli.

## 26.12-nji mesele

Üpjün ediji (satyjy) we töleýji (satyn alyjy) öz aralarynda 20000 manat möçberden ybarat taýýar önümleri satmak-satyn almak barada şertnama baglaşdylar. Üpjün edijiniň (satyjynyň) hasaplaşyk hasaby “A” täjirçilik bankynda we töleýjiniň (satyn alyjynyň) hasaplaşyk hasaby “B” täjirçilik bankynda açylan.

Şertnamadan gelip çykýan borçlar:

- üpjün ediji (satyjy) taýýar önümleri ýükläp ibermekden ýüz öwren ýagdaýynda, töleýjiniň (satyn alyjynyň) haýryna ýüklenilip iberilmedik taýýar önümleriň möçberiniň 6% derejesinde jerimeleri tölemeklige borçlanýar;
- töleýji (satyn alyjy) öz adyna gelip gowşan taýýar önümleriň bahasyny möhletinde tölemedik ýagdaýynda, möhletinde üzülmedik berginiň 0,03% derejesinde her gün üçin puşmana tölegi tölemeklige borçlanýar.

Baglaşylan şertnama laýyklykda üpjün ediji (satyjy) 16400 manat möçberde taýýar önümleri töleýjiniň (satyn alyjynyň) salgysyna ýükläp iberdi. Maliýe kynçylygynyň ýüze çykandygyna esaslanyp, üpjün ediji (satyjy) taýýar önümleriň galan bölegini ýükläp ibermekden we ýüklenilip iberilmedik taýýar önümler bilen baglanyşykly jerimeleri tölemekden ýüz öwürýändigi barada töleýjini (satyn alyjyny) habardar etdi. Töleýji (satyn alyjy) bu ýagdaýy özara gepleşikleriň esasynda çözmek barada eden synanyşyklarynyň oňyn netije bermändigi sebäpli şertnamadan gelip çykýan jerimäni almak üçin kazeýet edarasyna ýüz tutdy. Karzyýýet edarasy jerimeleri töleýjiniň (satyn alyjynyň) haýryna üpjün edijiden (satyjydan) jedelsiz tertipde almak barada çözgüt çykardy. Kazyýetiň çözgüdinde üpjün ediji (satyjy) – jerimeleri töleýän tarap we töleýji (satyn alyjy) – jerimeleri töletdirip alýan tarap diýlip görkezilen.

Jerimeleri töletdirip alýan tarap özüne hyzmat edýän täjirçilik bankyna jerimeleri almak üçin inkasso tabşyrygyny we kazyýetiň çözgüdini tabşyrdy.

**Talaplar:**

1. Inkasso tabşyryklary bilen geçýän hasaplaşyklaryň manysyny düşündirmeli.

2. Alynmaga degişli jerimeleriň möçberini hasaplamaly.

3. Ýokardakylaryň esasynda inkasso tabşyrygynyň esasynda geçiriljek hasaplaşygy şekiliň üsti häsiýetlendirmeli.

## 26.13-nji mesele

Potratçy (işleri ýerine ýetiriji) we buýrujy (işleri kabul ediji) öz aralarynda 7950 manat möçberden ybarat ýeňil abatlaýyş işlerini amala aşyrmak barada şertnama baglaşdylar. Potratçynyň (işleri ýerine ýetirijiniň) hasaplaşyk hasaby "A" täjirçilik bankynda we buýrujynyň (işleri kabul edijiniň) hasaplaşyk hasaby "B" täjirçilik bankynda açylan.

Ýeňil abatlaýyş işlerini doly ýerine ýetirenden soňra tölegi almak üçin potratçy (işleri ýerine ýetiriji) 7950 manat möçberden ybarat töleg talapnama – tabşyrygyny we ýeňil abatlaýyş işlerini tabşyrmak-kabul etmek namasyny (akty) resmileşdirip, buýruja (işleri kabul edijä) gowşurdy. Öz tarapyndan buýrujy (işleri kabul ediji) töleg talapnama-tabşyrygyny we ýeňil abatlaýyş işlerini tabşyrmak-kabul etmek namasyny (akty) resmileşdirip, tölegi geçirmek üçin özüne hyzmat edýän täjirçilik bankyna tabşyrdy. Buýrujynyň (işleri kabul edijiniň) hasaplaşyk hasabynda tölegi geçirmek üçin pul serişdeleri ýeterlik möçberde bar.

**Talaplar:**

1. Töleg talapnama-tabşyrygy bilen geçirilýän hasaplaşyklaryň aýratynlygyny düşündirmeli.

2. Ýokardakylara esaslanyp, töleg talapnama-tabşyrygy bilen hasaplaşygyň geçirilişini şekiliň üsti bilen görkezmeli.

## Peýdalanylan edebiýatlar:


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Döwlet adam üçindir. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. Aşgabat, 2010.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyryjysy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. I tom. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyryjysy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. II tom. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Älem içre at gezer. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VII tom. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.
7. Türkmenistanyň Konstitusiýasy (rejelenen görnüşi). 2016.
8. Türkmenistanyň bitewi Kanuny “Salgytlar hakynda”. Aşgabat, 2004.
9. Türkmenistanyň Kanuny “Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda” (täze redaksiýasy). Aşgabat, 2008.
10. Türkmenistanyň Kanuny “Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda”. Aşgabat, 2011.
11. Türkmenistanyň Kanuny “Karz edaralary we bank işi hakynda”. Aşgabat, 2011.
12. Türkmenistanyň Kanuny “Mikromaliýe guramalary we mikromaliýeleşdirmek hakynda”. Aşgabat, 2011.
13. Türkmenistanyň Kanuny “Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda”. Aşgabat, 2011.
14. Türkmenistanyň Kanuny “Karz birleşmeleri hakynda”. Aşgabat, 2011.
15. Türkmenistanyň Kanuny “Innowasiýa işi hakynda”. Aşgabat, 2014.
16. Türkmenistanyň Kanuny “Fiziki şahslaryň goýumlarynyň hökmany kepilligi hakynda”. 2016.
17. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
18. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, säherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki milli Maksatnamasy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.

19. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2018–2024-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda çykaran 395-nji karary bilen tassyklandy.
20. Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011 – 2030-njy ýyllyr üçin Döwlet maksatnamasy. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2011-nji ýylyň 28-nji ýanwarynda çykaran 11498-nji karary bilen tassyklandy.
21. Türkmenistanyň täjirçilik banklarynyň işini düzgünleşdirýän ykdysady kadalaşdyryjylar hakynda Düzgünnama. Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan 1998-nji ýylyň 29-njy maýynda 56 belgi buýrugy bilen tassyklanyldy we Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 1998-nji ýylyň 22-nji sentýabrynda 181 san bilen bellige alyndy.
22. Türkmenistanda nagt däl hasaplaşyklar hakynda Düzgünnama. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygynyň 2009-njy ýylyň 19-njy ýanwarynda çykaran №6 buýrugy bilen tassyklanyldy.
23. Bank hasaby hakynda Düzgünnama. Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan 2006-njy ýylyň 25-nji aprelinde tassyklanyldy (Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan 2011-nji ýylyň 29-njy martyndaky buýrugy esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2011-nji ýylyň 16-njy aprelinde 567 san bilen bellige alnan).
24. Ätiýaçlyk talaplarynyň kadalaşdyryjysyny hasaplamagyň we Türkmenistanyň Merkezi bankynda olary deponirlemegiň tertibi hakynda Gollanma. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň Başlygynyň 2012-nji ýylyň 13-nji awgustyndaky çykaran 219-Ö buýrugy bilen tassyklandy we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2012-nji ýylyň 23-nji awgustynda 662 san bilen bellige alnan (Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň Başlygynyň 2015-nji ýylyň 28-nji ýanwarynda çykaran 33 belgili buýrugy esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2015-nji ýylyň 13-nji fewralynda 835 san bilen bellige alnan).
25. Karz edaralaryň karzlar boýunça, karz we olara deňleşdirilen bergiler boýunça bolup biljek ýitgilere ätiýaçlyklary döretmegiň tertibi hakynda Düzgünnama. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2012-nji ýylyň 17-nji awgustynda çykaran №226-ö buýrugy bilen tassyklanyldy.
26. Karz edaralarynda pulhana amallaryny ýöretmegiň tertibi baradaky Düzgünnama. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň Başlygynyň 2014-nji ýylyň iýulynda çykaran buýrugy bilen tassyklanan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2014-nji ýylyň 4-nji awgustynda bellige alnan.

27. *Babaýew G. we başg.* Bank menejmenti. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.
28. *Eýeberdiýew G., Hajygurbanow H.* Bank işi. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.
29. *Hajygurbanow H., Taýharow B.* Türkmenistanyň pul-karz ulgamy. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.
30. *Hajygurbanow H., Taýharow B.* Halkara walýuta-karz gatnaşyklary. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.
31. *Taýharow B.T., Hajygurbanow H.G.* Pul, karz we banklar. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.
32. *Валенцева Н.И.* и др. Сборник задач по банковскому делу: учебное пособие / кол. авторов; под ред. д-ра экон. наук, проф. Н.И. Валенцевой. - М.: Финансы и статистика, 1999.
33. *Лаврушин О.И., Мамонова И.Д., Валенцева Н.И.* и др. Банковское дело: учебник / под ред. засл. деят. науки РФ, д-ра экон. наук, проф. *Лаврушина О.И.* – 8-е изд., стер. – М.: КНОРУС, 2009.
34. *Лаврушин О.И., Мамонова И.Д., Валенцева Н.И., Ширинская З.Г.* и др. Банковский менеджмент: учебник / коллектив авторов под ред. д-ра экон. наук, проф. *Лаврушина О.И.* – 4-е изд., стер. – М.: КНОРУС, 2011.

## MAZMUNY

Giriş ........................................................................................................ 7

1-nji tema. Täjirçilik bankynyň serişdeleriniň düzümi ................................... 8
2-nji tema. Täjirçilik bankynyň hususy maýasy ............................................ 14
3-nji tema. Bankara karzlary ......................................................................... 20
4-nji tema. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň karzlary ................................ 24
5-nji tema. Türkmenistanyň Merkezi bankynda deponirlenilýän karz edaralarynyň hökmany ätiýaçlyklaryny döretmek boýunça amallar ............... 26
6-njy tema. Çekilen serişdeler boýunça göterim tölegleri .............................. 30
7-nji tema. Täjirçilik bankynyň girdejileri we çykdajylary ............................. 35
8-nji tema. Peýdany emele getirmek we onuň derejesine baha bermek .......... 44
9-njy tema. Göterim maržasy ......................................................................... 51
10-njy tema. Täjirçilik bankynyň likwidliliginiň ykdysady kadalary .............. 57
11-nji tema. Täjirçilik bankynyň aktiwlerini we passiwlerini deň getirmek .... 65
12-nji tema. Karz alyjynyň karza ukyplylygyna maliýe koeffisiýentleri ulgamynyň esasynda baha bermek ............................................................ 71
13-nji tema. Pul akymyny seljermek ............................................................ 82
14-nji tema. Karz ýüz tutmalarynyň seljermesi .............................................. 93
15-nji tema. Owerdraft ................................................................................. 100
16-njy tema. Ipoteka karzy ........................................................................... 105
17-nji tema. Fiziki şahslary karzlaşdyrmak .................................................. 109
18-nji tema. Konsorsial karzlary .................................................................. 113
19-njy tema. Faktoring amallary .................................................................. 116
20-nji tema. Lizing amallary ........................................................................ 120
21-nji tema. Forfeýting amallary .................................................................. 123
22-nji tema. Trast amallary .......................................................................... 126
23-nji tema. Gymmat bahaly metallar bilen amallar ...................................... 130
24-nji tema. Walýuta amallary ..................................................................... 136
25-nji tema. Karz töwekgelçiligine seljerme geçirmek .................................. 140
26-njy tema. Hasaplaşyk amallary ................................................................ 150

Peýdalanylan edebiýatlar ............................................................................. 157

**Gulbeşer Babaýew, Aknabat Möwlamowa, Şöhrat Bäşimow**

# Bank işi boýunça meseleleriň ýygyndysy

ýokary okuw mekdepleri üçin
okuw gollanmasy

Redaktor .........................
Teh.redaktor .........................
Surat redaktory .........................
Neşir üçin jogapkär ..........................
Kompýuter bezegi ..........................

Çap etmäge rugsat edildi ......... Möçberi ..........
Edebi garniturasy ..... Şertli çap listi .....
Çap listi ..... Hasap-neşir listi. Şertli-reňkli offiski .... Sargyt № ... Sany ....

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň
Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G.Gulyýew) köçe, 51/1